2) ýaş türgenlere sport endiklerini öwretmegiň serişdelerini, görnüşlerini we usullaryny bilmek;

3) ýaş türgenler bilen okuw-terbiýeçilik işiniň ulgamy;

4) terbiýelenýänleriň hereketine gözegçilik etmek ulgamy; olaryň bedeniniň ösüş ýagdaýynyň aýratynlyklaryny bilmek, şolar bilen baglylykda türgenleşik we ýaryş döwründe berilýän maşklaryň agramyny dogry paýlamak;

5) şahsy taýýarlygynyň aýratynlyklaryna, ukyplaryna we anyk maşklaryna höwesi, toparda ýerini bilmek ukyby we ş.m.;

6) umumy mugallymçylyk ukyplaryň düzülişiniň ýokary derejeliligi;

7) öz eden hereketlerine ulgamlaýyn derňew geçirmek we ýalňyşlardan netije çykarmak, başgaça aýdanyňda kämilleşmäge tarap işiňi üýtgedip gurmak.

Halypaçylyk ussatlygynyň ölçeglerini kesgitlemek şu aşakdakylara mümkinçilik berýär: birinjiden, tälimçiniň şägirtleriniň hünär ussatlygynyň ýeke-täk ölçegini almak; ikinjiden, tälimçiniň öz zähmetine baha bermek görkezijileri.

"Tälimçi - çaga sport köpçüligi" ulgamynda tälimçiniň ornuny we ýerini, onuň iş hereketiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň şertlerini we ussatlygynyň ölçeglerini kesgitläp, tälimçiniň işine edilýän talaplary aýdyp bolar.

**Öz-özüňi barlamak üçin soraglar:**

1. "Tälimçi-çagalar sport köpçüligi" ulgamynyň kesgitlemesi nähili?
2. Çagalar sport toparynyň aýratynlyklary nämeden ybarat?
3. Mugallymçylyk ulgamynda tälimçiniň işini hereketlendirýän düzüjiler haýsylar?
4. Tälimçileriň we ýaş türgenleriň iş derejeleri nämeden ybarat?
5. Halypaçylyk ussatlygynyň psihologiki ölçegleri nämeden ybarat?
6. Ussatlygyň hereketlendiriji ölçeglerine näme degişli?



**A.Gylyjowa, A.Kemjäýewa, M.Mommyýewa**

# TÄLIMÇINIŇ PEDAGOGIKI USSATLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
„Ylym" neşirýaty
2014

UOK 371: 378
G 95

**Gylyjowa A. we başg.**
G 95 **Tälimçiniň pedagogiki ussatlygy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kıtaby. – A.: Ylym, 2014. – 100 sah.

Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň “Jemgyýeti öwreniş ylymlary” kafedrasynyň dosenti A. Gylyjowa hem-de uly mugallymlary A.Kemjäýewa we M.Mommyýewa tarapyndan taýýarlanan „Tälimçiniň pedagogiki ussatlygy“ dersi boýunça okuw kitaby Hormatly Prezidentimiziň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda sporta we köpçülikleýin bedenterbiýä döwlet derejesinde berilýän ünsden ruhlanan Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň “Sport“ fakultetiniň talyplary üçin okuw kitaby görnüşinde beýan edildi.

Ol ýokary okuw mekdepleriň talyplary, ýöriteleşdirilen çagalar-ýetginjekler sport mekdepleriniň türgenleri, sport hünärmenleri, umuman, sport bilen meşgullanýanlar üçin niýetlenendir.

TDKP № 289, 2014 KBK 74.21 ýa 73

© A. Gylyjowa we başg., 2014
© “Ylym” neşirýaty, 2014

ussat tälimçiniň ähli okuw-terbiýeçilik we usulyýet işleriniň maksadalaýyklygynyň, netijeliliginiň many-mazmuny baýlaşdyrylýar.

Ussat bolmadyk tälimçilerde bitewi, özara baglanyşykly hereketler, usullar duş gelmeýär.

Ýaş türgenler bilen ussatlygyň ýokary derejeleriniň esasynda maksada gönükdirilen, özara baglanyşykly we utgaşdyryjylykly işlerini alyp barylmagynyň astynda bilim we ukyp ulgamlary ýatyr. Bilimli tälimçiniň ussatlygynyň ölçegleri şu aşakdakylar bolup biler:

a) bilimleriň, ukyplaryň, endikleriň hili we ýaş türgenleriň terbiýe derejesi, başgaça aýdanyňda onuň zähmetiniň psihologiki netijeleri;

b) tälimçiniň gowy netijelere getirýän usullary: ýaş türgenleriň terbiýesiniň we işiniň ýokary derejeleri.

Ýaş türgenlerde şu aşakdakylaryň guralyşy mugallymçylyk ussatlygynyň psihologiki ölçegi bolup biler:

1) sport hereketine durnukly höwes;
2) sport ukyplylygy we sporta döredijilikli garaýyş;
3) gowy fiziki taýýarlyk;
4) sportuň anyk görnüşlerinden çuňňur bilimler;
5) aýry-aýry sport maşklarynyň we tilsimleriniň ýerine ýetirilmeginde berk ukyplaryň we endikleriň barlygy;
6) sport işinde kynçylyklardan üstün çykmak;
7) sport işine höwes.

Tälimçiniň ussatlygyna baha bermekde kesgitleýji orun psihologiki ölçeglere hem degişlidir. Şeýlelik bilen, tälimçiniň ussatlygynyň derejesiniň esasy görkezijisi hem kesgitlenmelidir. Ýaş tälimçileriň anyk sporta ukyplarynyň we şahsy ahlak häsiýetleriniň derejesini psihologiki ölçeg hökmünde kabul edip bolar. Bu ölçegde tälimçiniň öwretmeginiň esasy maksadynyň ýeten derejesi görünýär. Sport bilimi we ony iş ýüzünde ulanyp bilşiniň ölçegi öz içine ýene-de birnäçe ýagdaýlary öz içine alýar. Şeýlelikde, psihologiki ölçegler – bu umumy mugallymçylyk ölçeglerdir, özlerem hereketlendiriji ölçeglere garanda, ol has giň umumy häsiýetdedir.

Ussatlygyň hereketlendiriji ölçeglerine şular degişli:

1) anyk sport görnüşiniň esaslaryny bilmek;

işiniň mazmunyny dürs kesgitläp bilmeýärler. Aýry-aýry oglanlar bilen gatnaşyklaryny sazlaşdyryp, özlerine öwrenişdirip bilmeýärler. Sport we mugallymçylyk ukyplarynyň pesligi netijesinde, tälimçiniň ýetik ahlak ynamlary ýeterlik täsir etmeýär. Işlerinde özbaşdaklyk görkezmeýärler diýen ýaly. Olaryň hereketleri gönüden-göni anyk mugallymçylyk psihologik ugurlara eýe däl. Terbiýlenýänleriň öz hereketlerine garaýyşlaryny gowşak duýýarlar, pursatyň üýtgeýşine äwmezlik edýärler, haýal üns berýärler. Köpçülikleýin sport işiniň ýörite görnüşlerini zordan, örän kynçylyk bilen ulanýarlar.

Ýaş türgenler gürrüňsiz egmeklige tabyn bolmak bilen öz işeňňirliklerini we hususy jogapkärçiliklerini görkezip bilmeýärler. Şeýle ýagdaýlarda zorluk çärelerini ulanmaklyk, buýruk arkaly dolandyrmak, pes ýagdaýda gurnalan düşündiriş işleriniň agdyklyk etmegi aralykda uly orny tutýan halatlary seýrek bolmaýar. Netijede, ýaş türgen ýa-ha gowy, ýöne höwessiz, köpçüligiň talabyny ýerine ýetirýänçä, taýýar pikirleri erksiz ulanýança, başga biriniň täsirine düşüp biljek adama öwrülýär ýa-da tälimçiler bilen dartgynly ýagdaýa düşüp, topardan gidýär.

Tälimçileriň ussatlygynyň dürli derejelerini deňeşdirenimizde şeýle netijä geldik: mugallymçylyk ukybyny iş ýüzünde amala aşyrmak kämil ussatlarda we entek ussatlyk derejesine ýetmediklerde dürli-dürli boldy.

Bitewiligi gazanyp bilmek diňe ussat tälimçilere mahsusdyr. Onuň işiniň umumy manysy şeýle: terbiýelemegiň we okatmagyň döwlet möçberindäki meselelerine düşünip, olary çagalar sport köpçüliginiň öňündäki meseleleri bilen gabat getirmek; çagalar sport toparynyň işi baradaky başlangyç maglumaty şeýle ugurdan syn etmek; anyk çagalar sport köpçüliginiň maksatlaryny we meselelerini düzmek, mugallymçylyk-täsirlilik usullaryny guramak, ýaş türgenler bilen gatnaşyklaryň çäkleri; niýetlenen maksatlary we wezipeleri ýerine ýetirmekligi meýilleşdirmek; çözgüdi kabul etmek; işi anyk ýerine ýetirmegi guramak; toparda özara gatnaşyklary sazlaşykly düzgünleşdirmek; ýetilen netijelere baha bermek, okuw-terbiýeçilik işiniň indiki döwrüne täze maksatnamalary işläp düzmek. Şeýlelikde,





**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**

amatly paýlasalaram, köplenç, ynamsyz, gowşak hereket edýärler. Ýaş türgenleriň hereketini gowulandyrmak üçin täze usullary gözlemekde kynçylyk çekýärler. Mugallymçylyk ýagdaýy dogry häsiýetlendirýärler, toparda köp işleriň başlangyjyny başlaýarlar. Ýetginjeklerde özbaşdaklygy we öňbaşçylygy ösdürmek üçin mugallymçylyk usullaryny resmi taýdan ulanýarlar.

Käbir tälimçilerde özüni uly tutmak häsiýeti ösen bolýar. Bu häsiýet onuň işini alyp barşynda bildirýär: köpçülikde üstünliklerini görkezmäge çalyşýarlar, şowsuzlyklar, kynçylyklar, ýetmezçilikler barada welin aýtmaýarlar. Şeýle tälimçiler netijesi hemmelere görünjek işine höwes bilen ýapyşyp, kähalatlarda gündelik işini ünsden düşürýärler. Olar çagalaryň özüni alyp barşyna täsir etmeýän netijeleri hem owadanlap, bezäp, hemmä ýetirip bilýärler. Şeýle äheňdäki terbiýeçilik işi ýaş türgenleri terbiýelemäge has erbet täsir edýär.

Ussatlygynyň pes derejesindäki tälimçilerde ýaş türgenler bilen alyp barylmaly iş dürs kesgitlenilenok. Olaryň işiniň esasynda diňe häzirki wagt taktiki meseleler dur. Olar ne terbiýelenýänleriň, ne-de özüniň öňünde uzak wagtlap ýerine ýetirilmeli maksatlary goýýarlar. Olaryň işi köp halatda golaý we aralyk maksatlardan ybarat bolýar, kähalatlarda-da şol maksatlar özleri üçin hem garaşylmadyk zat bolýar. Şonuň üçin hem şeýle tälimçileriň işiniň netijeleri birnäçe tötänliklere bagly bolýar.

Türgenleşikleri alyp barmak üçin usuly görkezmelere we okuw gollanmalara ynamsyzlyk bilen garaýarlar. Ýaş türgenlerde borç we jogapkärçilik häsiýetleriniň terbiýelenmegine gerekli derejede üns bermeýärler. Terbiýelenýänler kämahal tälimçini halamaýandyklaryny gizläp duranoklar, oňa kinaýaly sözlerini hem aýdýarlar. Ýaş türgenleriň arasyndaky has gowy guramaçylar öz toparyndan daşky sport-köpçülikleýin işine gatnaşanlaryny gowy görýärler. Toparyň guramaçylykly tarapy kagyz ýüzünde hereket edýär.

Tälimçiler goýlan meseleleri çözmek üçin kän wagt we güýç sarp edip, ynamsyzlyk bilen hereket edýärler. Okuw-türgenleşik we terbiýeçilik işiniň usullaryny gowşak bilýärler. Öz mugallymçylyk

Şeýle tälimçileri anyk pedagogiki ýagdaýlary ökdelik bilen hasaba alyp, täsir edýän has maksadalaýyk usullary saýlaýarlar, oglanlarda ýoldaşlyk duýgyny, ýaryşyň kyn şertlerinde ýeňiş gazanmakda sportda gazanylanlara daýanyp, bar bolan tejribelerden ussatlyk bilen peýdalanmagy başarmaly. Toparyň içinde asudalyk döredýärler, ýetginjekleriň özbaşdaklygyny we başlangyçlaryny ösdürmäge ýardam edýärler.

Birinjiden: ýetginjeklere öz toparynyň işini tapmagyny we ony meýilleşdirmegi, durmuşa geçirmegi we syn etmegi öwredýärler. Bu ýaş türgenlerde işi özbaşdak gurnamaga tejribe toplamaga ýardam berýär.

Ikinjiden: has işeňňir ukyply höwesjeňleriň üsti bilen iş geçirýärler we olar bilen bilelikde ýetginjekleriň arasynda abraýly bolar ýaly özbaşdak guramalaryň ulgamlaýyn işlemegini gazanýarlar.

Üçünjiden: her terbiýelenýäne köpçülikleýin sport işlerini özbaşdak ýerine ýetirmegi buýurmak arkaly onuň ukybyny ösdürýärler. Öz işini gurnanlarynda ýetginjege ýönekeý tabşyryklardan çylşyrymly işi ýerine ýetirmegi gönükdirip, döredijilikli şahsy ukyplaryny we guramaçylyk endiklerini görkezmäge talap edýän işlere geçer ýaly ýagdaý döredýärler.

Ussatlygyň orta derejesindäki tälimçä ýaş türgenler bilen sport-köpçülikleýin işe ýykgynlyk etmek häsiýetlidir. Olar öz wezipelerine düşünýärler, emma iş ýüzünde çözjek bolanlarynda kynçylyk çekýärler. Olara okuw terbiýeçilik işiň netijesi däl-de öz-özüne has ýakymly bolýar. Öz hereketleriniň zerurlygyna, olaryň yzygiderliligini gazanmalydyklaryna kämahal özlerem düşünenoklar. Olar çagalar bilen wagtyny geçirmäge, gündeki işiň dartgynlygyna höwes edýärler. Olaryň okuw-terbiýeçilik işine garaýyşlarynyň esasynda işe höwes ýatyr. Olar işiň ýerine ýetirip biljek, gowy görýän görnüşlerine hezil edip ýapyşýarlar, emma işe zerur bolan gyzykly bolmadyk tarapyna üns hem berenoklar.

Toparyň işini meýilleşdirenlerinde döredijilikli çemeleşselerde, olaryň hereketleri şahsy häsiýetli bolup galýar. Toparyň diňe has işeňňir agzalaryny işe çekýärler. Meseläni çözmek üçin berlen wagty





**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

oýlanyşykly, gowy mugallymçylyk ukyplary bilen tapawutlanýarlar. Köpçülikleýin sport işini gurnanlarynda ýaş türgenleriň ol ýa-da beýleki bir işde gatnaşyklarynyň zerurlygyny esaslandyryp, türgenleşik wagtynda güýçli, gowşak we orta derejeli türgenler bilen işini utgaşdyrýarlar, maşklary aýdyňlaşdyrmakda döredijilikli başlangyç görkezýärler, maşklaryň täze görnüşlerini işläp düzýärler. Tälimçiler öz işleriniň netijelerine tankydy nukdaýnazardan baha berýärler, her çäräniň terbiýeçilik zerurlygy barada alada edýärler. Gözegçilik etmegi, terbiýelenýänlere wagtynda düzediş berip, höweslendirmegi, işde ýüz görmän baha bermegi, şowsuzlyklardan soň umytlaryny ýitirmän, ýeňişlerde we şowlulyk wagtynda özüni ýitirmezligi başarýarlar. Olar mydama bedenterbiýe we sportuň nazaryýetindäki we usulyýetindäki, psihologiýadaky, mugallymçylykdaky täze gözlegleriň ugrunda, toparda okuw we terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmek ugrundaky teklipleri höwes bilen kabul edýärler. Ýaş türgenleriň işiniň ýörite görnüşleri we usullary bilen aňsat hereket edýärler. Bu tälimçiler ene-atalar we jemgyýetçilik bilen ysnyşykly gatnaşykda bolup, terbiýelenýänleriň maşgala ýagdaýy barada, olaryň höwesleri, zerurlyklary we talaplary barada bilýärler.

Bu topara degişli tälimçileriň ahlak ynamlarynyň görnüşleri hil-hil bolýar. Käbir tälimçiler toparda bolýan wakalaryň hemmesine duýgur, ünsli garaýar (ýaş türgenler bilen gatnaşyk ulgamynyň hemme taraplarynda). Şunuň bilen birlikde ol ýaş tälimçilere täsirini ýetirip, olaryň özlerini alyp barmagyň ugruny mese-mälim üýtgedip bilýär. Başga bir tälimçä bolsa özbaşdak pikirlenmek, tankytlylyk mahsusdyr. Üçünji birine-tejribelilik, işine başarnykly ýapyşmak mahsusdyr.

Şeýle tälimçileriň işe ýapyşyşlary aýdyň, öz içki erkiň işjeňligine we okgunlylygyna baýdyr. Olarda guramaçylyk ukyplary aýdyň görünýär. Olar özüne we ýaş türgenlere bolan ýokary talapkärçilik bilen tapawutlanýarlar, terbiýelenýänleri okuwyň, zähmetiň, dynç alşyň, ukynyň, iýmitlenmäniň dogry düzgünlerini öwredýärler; sanitar-gigiýena talaplaryny ýerine ýetirmäge gönükdirýärler. Olar ahlak täsirlerini ilki bilen öz şahsy mysaly bilen amala aşyrýarlar.

görýärler. Olar ony kämilleşdirýärler, terbiýeçilik işiniň iň netijeli görnüşlerini, usullaryny, çemeleşmeleri saýlaýarlar; giňişleýin maglumatlara baý bolýarlar. Tälimçileriň ýene-de bir toparyna mugallymçylyk esaslaryndan doly başyny çykaryp bilmeýänler, okuw-terbiýeçilik işinde ýolbaşçylyk edip bilmeýänler girýär.

Şeýlelikde, ýaş türgenler bilen iş alyp barmakda tälimçileriň ussatlygynyň üç derejesini görkezip bolýar: ýokary, aralyk we pes. Şonuň bilen bilelikde tälimçiniň işini şu aşakdakylar bilen häsiýetlendirip bolýar:

1) umumy sporta we mugallymçylyk işe garaýyşlary we ýaş türgenler bilen alyp barýan işiniň aýratynlyklary boýunça;

2) ýaş türgenler bilen alyp barýan işiniň mazmunyny kesgitlemegiň häsiýeti boýunça;

3) ýaş türgenler bilen alyp barýan işinde okuw terbiýeçilik pursatlarynyň kanunalaýyklyklaryny bilmegi boýunça.

Işine bolan jogapkärçilikli garaýyş, işe bolan höwesi, işinde belli bir ulgamlylyk ýokary derejeli ussat tälimçileriň iş hereketine mahsusdyr. Olar sagaldyş, sowat beriji, terbiýeçilik meselelerine dürs düşünýärler, ol meseleleriň çözgüdini tapyp, işiň soňky netijesini görýärler. Ýetginjekleriň ýaş, jyns, fiziki ösüşiniň we fiziki taýýarlygynyň aýratynlyklaryny nazara alýarlar. Öz sport görnüşini gowy bilýärler. Çagalarda sporta bolan uly höwesi üstünlikli döredýärler. Yzygiderli okuw-türgenleşik sapaklarynyň netijesini anyk we gyzykly düşündirmegi başarýarlar, ýaş türgenler bilen geçirýän türgenleşigine häzirkizaman sportuň tehniki we taktiki taýýarlygynyň ýörelgelerini ornaşdyrmagy başarýarlar. Meseläni çözmäge berlen wagty oýlanyşykly ulanmagy başaryp, ynamly we dürs hereket edýärler.

Tälimçiler ýetginjekleriň jemgyýetçilik işeňňirligini gurnap, olarda kesgitlenen jemgyýet we ahlak düşünjelerini döredip, şol pikirleriň ýaş türgenleriň özüni alyp barşynyň we hereketiniň esasy bolmagyny gazanýarlar.

Ýaş türgenler bilen jemgyýetçilik-syýasy işini alyp barmak bu tälimçileriň ünsünden düşenok. Olar oýlap tapmalara baýlygy,



# GIRIŞ

Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň “Jemgyýeti öwreniş ylymlary” kafedrasynyň dosenti A. Gylyjowa hem-de uly mugallymlary A. Kemjäýewa we M. Mommyýewa tarapyndan taýýarlanan „Tälimçiniň pedagogiki ussatlygy“ dersi boýunça okuw kitaby Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sporta we köpçülikleýin bedenterbiýä döwlet derejesinde berilýän ünsden ruhlanan Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň „Sport“ fakultetiniň talyplary üçin okuw kitaby görnüşinde beýan edildi.

Bu okuw kitabyny ýazmak bilen ýazarlar Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň döwrebap bedenterbiýesiniň nazaryýeti we usulyýeti ulgamynda ýetilen sepgitleri, gazanylan täze üstünlikleri şöhlelendirmekligi, Hormatly Prezidentimiziň halkymyzyň saglygyny berkitmeklik hem-de geljekde ýurdumyzda beden sagdynlygyny we sporty ösdürmek baradaky kabul eden Permanlaryny we Kararlaryny göz öňünde tutup, bu ugurdan edilen işleri beýan etmekligi öz öňlerinde maksat edip goýdular. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda soňky ýyllarda sporta üns bermeklik milli häsiýete eýe boldy. Garaşsyzlyk ýyllarymyzyň ilkinji günlerinden başlap sporty ösdürmäge şertleriň döredilmegi, dünýä ülňülerine laýyk sport meýdançalarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi sportuň, onda-da milli sport ýaryşlaryň giň gerim almagyna getirdi. Ýurdumyzdaky kabul edilen “Saglyk” maksatnamasyna, “Açyk gapylar” syýasatymyzyň gitdikçe rowaçlanmagyna laýyklykda, sporta, sport ýaryşlarynyň ähmiýetine garaýyş düýpgöter üýtgedi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bilim ulgamyna özgertmeler girizip, ýörite bedenterbiýe dersini başlangyç synplardan başlap okatmak baradaky Karary sportuň ýene-de mundan beýläk-de ösmegine goltgy berdi.

Çagalaryň, ýaş ýetginjekleriň sagdyn, ruhubelent ösüp-ýetişmekleri baradaky döwlet derejesindäki aladalar öz miwesini berip başlady. Bu kitap hem şol aladalara utgaşykly gollanma bolar diýip tama edýäris.

## USSATLYGYŇ AÇARY

Çagalar sportunyň ösdürilmegine hemişe-de aýratyn üns berilýär. Sportuň dürli görnüşleri boýunça çagalaryň arasynda geçirilýän ululy-kiçili sport ýaryşlarydyr, ýeňil atletikanyň birnäçe görnüşleri bilen baglanyşykly bäsleşiklere, ýaryşlara mekdep okuwçylarynyň müňlerçesi gatnaşýar.

Köpçülikleýin sporty ösdürmegiň derejesine hemişe-de üns berlip gelindi we üns berlip gelinýär. Şoňa görä-de, çagalar sport mekdepleriniň ýolbaşçylarynyň şahsy ussatlyk derejeleriniň ýokarlandyrylmagyna güýçli talap bildirilýär. Tälimçi mugallymyň ussatlygy sportuň mugallymçylygynyň nazaryýetinde we usulyýetinde esasy meseleleriň biri bolup durýar. Diýmek, bu mesele häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda, tälimçi mugallymyň ussatlygy mugallymçylygyň dünýäsinde zerurlyga öwrülýär.

Çagalar sport mekdepleriniň tälimçi mugallymlarynyň ussatlaşmagy, kämilleşmekleri babatda edilen işler şu güne çenli ýeterlik däl. Soňky 19 ýylyň dowamynda çagalar bilen işleşýän tälimçi mugallymlaryň tejribeleri aýry-aýry ugurlar boýunça ýörite barlanyp, belli bir netijä gelindi.

Şol bir wagtyň özünde-de tälimçi mugallymyň şahsy ukybynyň we ussatlygynyň kemala gelşini ylmy taýdan esaslandyrylýan nazaryýet arkaly esaslandyrmak mümkindir. Bu meseleleri çözmek üçin tälimçileriň işi ilkinji günlerden başlap, saýlap alan hünärini hakykatdan hem özüniňkidigini duýmagy gerek.

Tälimçiniň iş tejribesinde hakykata laýyk gelýän we gelmeýän birnäçe ýetmezçiliklere duş gelinýär. Köp ýagdaýlarda jemgyýetçilik başlangyçlarynda işleýän tälimçiler ýörite taýýarlanylmazdan işe başlaýarlar. Az möhletli kurslaryň we seminar okuwlaryň mazmuny bolsa, diňe iş tejribäniň talabyna bagly. Jemgyýetçilik başlangyjyndaky tälimçileriň öz üstünde işlemekleri ýörite okuw-usulyýet gollanmalarynyň ýetmezçilik etmegi usulyýetçiniň hünär derejesiniň pes bolmagy, bularyň ählisi sport mekdebiniň terbiýeçileriniň we tälimçiler toparynyň işiniň netijeliligini pese



Tälimçiniň işiniň netijeliliginiň möhüm şertleriniň biri sportuň anyk görnüşinde meýilnama laýyklykda, sapagyň maksatlaryny döredijilikli kesgitlemek ukybydyr. Emma biziň gözleglerimize görä tälimçileriň bir topary sapagyň maksatlaryny kesgitlände terbiýeçilik mümkinçililerini ulanyp bilmeýärler. Olar türgenleşýän ýaşlar bilen doly ysnyşmagy başarman, sport bilimlerine has köp üns berýärler we ýaş türgenleriň arasynda terbiýeçilik işini dogry gurap bilmeýärler.

Tälimçiniň işiniň netijeliligini ösdürmeginiň şertleri ikä bölünýär: şahsy (düýpli) we bolup duran ýagdaýa görä (prosesual). Şahsy (düýplülere) hem şu aşakdakylar degişli: tälimçiniň şahsyýetiniň gowy taraplary (ýaş türgenler bilen alyp barýan işine bolan durnukly höwesi, edýän işine jogapkärçilikli garaýşy we ş.m.); mugallymçylyk işiniň talaplaryna kybapdaş gelýän hyjuwyň bolmagy; häsiýetiniň ýakymly aýratynlyklary (ýagşyniýetlilik, edeplilik, duýgurlyk, talapkärçilik, adalatlylyk, agraslyk, ünslülik, tutanýerlilik, ugurtapyjylyk, hyjuwlylyk); mugallymçylyk we guramaçylykly ukyplary. Hemmetaraplaýyn ösen şahsyýete tälimçilik işinde ýokary derejeleri gazanmak ýenil bolýar.

Bolup duran ýagdaýa görä döreýän şertlere şu aşakdakylar degişli: özüniň we ýäş türgenleriň öňünde duran meselelere aýdyň düşünmegi; ýeterlik derejede maksada ýetmäge itergi berýän, güýçli waka görä sebäpler; biri-birine meňzeş bilim öwrediş psihiki prosesler; steniki psihiki ýagdaýlar. Situatiw esaslar sapaga taýýarlanyş döwründe we ýüze çykýan meselelere düşünmeklgiň netijesinde emele gelýär.

Tälimçiniň iş hereketiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň şertleriniň döremegi onuň sowatlylygyna, medeniýetine, pedagogiki ussatlygynyň derejesine we fiziki taýýarlygyna baglydyr.

Ýetginjekler bilen alyp barmaly sport işiniň wezipelerini tälimçiler dürlü-dürli kesgitleýärler. Käbir tälimçiler ýetginjekleriň özleri köpçülikleýin sport işiniň döredijileri bolmaly diýip hasap edýärler. Şol maksat bilen olar ýetginjekleriň şahsyýetini terbiýelemekde jemgyýet toparlaýyn ugruna ýykgyn edýärler, olaryň sport ukyplarynyň dogry ösüşine ýardam berýärler. Beýleki tälimçiler öz wezipesini okuw-terbiýeçilik işini has doly, gyzykly gurnamakda

durmuş garaýşyny döretmegi bilen tapawutlanýar; 4) mugallymçylyk ulgamynyň iň ýokary maksatlaryny amala aşyrmak üçin çagalara terbiýe berýän we okuwdan daşary köpçülikleýin sport çärelerini geçirmäge degişli adamlaryň hemmesiniň agzybir, sazlaşykly işi gerekdir.

Emma tälimçiniň şahsy-psihologiki aýratynlyklary we işe bolan ukybynyň derejesini bilmek onuň ussatlygynyň derejesini bilmek üçin ýeterlik däldir. Tälimçiniň işiniň netijeliligini ösdürmegiň şertlerini we ussatlyga baha bermegiň ölçeglerini bilmek hem zerurdyr.

## MUGALLYMÇYLYK USSATLYGYNYŇ ÖLÇEGLERI WE TÄLIMÇINIŇ IŞINIŇ NETIJELILIGINI ÖSDÜRMEGIŇ ŞERTLERI

Tälimçi mugallymçylyk ulgamyndaky wezipäni diňe hünär bilimlerine, ukyplaryna, endiklere şahsyýetiň käbir aýratynlyklaryna eýe bolanda amala aşyryp biler.

Dürli hünärlerde işe ökdeligiň umumy alamatlary şulardyr: 1) zähmetiň maksady, mazmuny, serişdeleri barada ýörite bilimlere eýe bolmak; 2) iş pursatyny ýerine ýetirmegiň hemme döwürlerinde: taýýarlyk, ýerine ýetiriliş we jemleýji – ýörite hünär ukyplaryna eýe bolmak; 3) işi ýerine ýetirmäge we gözlenilýän netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýän şahsyýetiň we häsiýetiň ýörite alamatlary.

Tälimçiniň işiniň netijeliligi köp ýagdaýlara baglydyr: ykdysady, durmuşy, ylmy, gurmaçylyk we beýlekiler. Tälimçiniň işiniň netijeliliginiň görkezijisi – serişdeleri we güýji oýlanyşykly ulanyp maksada ýetmekdir. Başgaça aýdanyňda, netijelilik tälimçiniň psihikasynyň düzüminiň işiniň düzümine we ösüşine laýyklygyny göz öňüne getirýär.

Tälimçiniň iş netijeliligine onuň şahsy aýratynlyklary, dünýägaraýşy, ukyplary, häsiýeti, hyjuwy, psihiki ýagdaýy uly täsir edýär.



gaçyrýar. Bularyň hemmesi tälimçi mugallymyň öňünde nazaryýet we tejribe taýdan düýpli çözülmeli mesele bolup durýar.

Tälimçiniň pedagogiki ussatlygy bu mugallymyň öňünde durýan wezipelerini talabalaýyk çözmek üçin möhüm bolan ukybyň, başarjaňlygyň toplumydyr. Mugallymyň başarjaňlygy – bu bilimleriň, endikleriň, borçlaryň netijeleriniň jemine bil baglaýan hereketleriň görnüşidir hem tälimçi hökmünde-de borjuny aňly-düşünjeli durmuşa ornaşdyrmasydyr. Şeýle hem onuň mugallym hökmündäki ukybynyň ösüş, kämilleşiş derejesi bolup durýar. Tälimçiniň ussatlygy logiki taýdan biri-birine bagly bolup durýan mugallymçylyk wezipeleriniň ençemesini çözmekde hökmany bolan çylşyrymly häsiýete eýedir. Mugallymçylygyň öňünde durýan wezipe tälimçiniň ahyrky netijede öz işiniň maksadyna düşünmegini aňladýar hem-de okuw we okuwdan daşary ýagdaýlarda özara taktika we gyssagly wezipelerini baglanyşdyryp, onuň çözmäge bolan ukybyna syrygýar. Wezipelere hötde gelmekde, ony dogry çözmekde tälimçiniň işiniň ähli ugurlary şöhlelenýär.

Bu gollanmada işjeňlik esasy mesele bolup durýar. Biz barlaglarda we synaglarda mugallymyň işiniň gurluşyny açyp görkezmek üçin onuň şahsyýetine laýyklykda, umumy nazaryýetiň netijelerini aýdyňlaşdyrýan rus alymy N.W.Kuzminanyň görkezmelerine salgylandyk. Çagalar sport mekdebiniň tälimçisiniň işiniň özboluşlylygyny öwrenmekde biz terbiýäniň we özleşdirmekligiň ýollaryny aýdyňlaşdyrmakda, ýetginjekleriň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde, psihologiki we pedagogiki ugurlary saýlamakda belli bedenterbiýeçi mugallymlaryň, psihologlaryň we beýlekileriň nazaryýetlerinden peýdalandyk.

Biziň barlaglarymyz şu usullara: tälimçiniň mugallymçylyk we kemala gelýän ýaş türgenleriň işleriniň gurluşyny seljermäge dürli ussatlyk derejesindäki tälimçileriň işlerini biri-biri bilen deňeşdirmek arkaly seljermäge; mugallymçylygyň psihologiki gurluşynyň halypaçylyk däbini we endiklerini, şeýle hem has wajyp hususy, şahsy gatnaşyklaryny jikme-jik seljermäge esaslandy.

Talabalaýyk, ýokary derejeli mugallymçylyk usullaryny beýan edýän işleri öwrenmek hem tälimçiniň bilim derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Onuň işiniň dowamynda tälimçiniň şahsyýetiniň mugallymçylyk başarnygynyň we psihologiki sypatlarynyň ussatlarça ähmiýeti ýüze çykarylyp, toparlara bölünýär. Sporta we mugallymçylyga degişli wezipeleri onuň çözülmeginiň aýratynlyklary kesgitlenýär. Şeýle hem, ýaş türgenleri terbiýelemek we öwretmek pursatlarynyň ýekebara usuly işlenip taýýarlanýar hem-de şonuň esasynda ýetginjekler üçin bilimler ulgamy taýýarlanylýar.

Tälimçiniň ussatlygynyň derejesi, onuň işiniň dürli ugurlaryna esaslanýar. Şonuň üçin öz işiniň dürli taraplarynda nähili kynçylyklary başdan geçirýändigini anyklamaly we ony ýeňip geçmegiň ýollaryny bellemeli hem-de tejribeli tälimçileriň işleri bilen tejribesiz tälimçileriň işlerini deňeşdirmeli. Şonda şu aşakdaky soraglara jogap bermek hökmany hasaplanylýar: dürli derejedäki mugallymlaryň wezipelere ussatlyk bilen hötde gelşiniň aýratynlygyny tapawutlandyrmaly.

Öňde goýlan islendik wezipeleriň ähmiýetliligi we zerurlygy taýdan-da, hil görnüşleri taýdan-da birmeňzeş bolmaýandygyny tejribe görkezdi. Diýmek, çözgüt öňde goýlan maksady üpjün edýän anyk ýagdaýdaky wezipäni ýüze çykarýar. Netijede, tälimçi terbiýelemegiň, öwretmegiň täsirli bolmagy üçin özara baglanyşygyň dogry gurluşyny, usulyny we tärini, taktikasyny işläp düzýär.

Mugallymçylygyň wezipeleriniň neneňsi derejede çözülýändigini hut şol bir wezipäni kesgitleýän we oňa hötde gelýän ýa-da gelip bilmeýän tälimçiniň işi deňeşdirip alnan oňaýly usuly peýdalanylýar. Olar hem birnäçe tapgyrda amala aşyrylýar. Meselem:

1. Netijeli çözgütleriň derejesi edebiýatlarda kesgitlenilen wezipelere laýyk aýdyňlaşdyrylýar.

2. Talaba görä ukyply tälimçileriň wezipeleri ussatlyk bilen çozüp bilýän topary anyklaşdyrylýar.

3. Wezipeleriň häsiýeti bilen baglanyşykly tälim bermegiň ulgamlarynda alnyp barylýan işler özara deňeşdirilip, barlaglar geçirilýär.



maşklaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça iş ulgamyny modelirlemäni hem başarýar. “Tälimçi – maksat”, “tälimçi – ýaş türgen” ulgamynyň elementleriniň arasynda durnukly göni arabaglanyşyklar döreýär. Emma şol elementleriň arasynda yzyna gaýdýan durnukly arabaglanyşyklar ýok: tälimçi entek “maksat – serişdeler – netije” arabaglanyşygy üpjün edip bilenok. Şeýle tälimçiler kämahal özlerini ussat hasap edýärler. Ýaş türgenleriň az toparyndan netijeliligi gazanyp, çaga sport toparynyň galan agzalaryny “orta derejelileriň” sanyna geçirýärler we olaryň ukyplaryny işeňňir ösdürmäge synanyşmaýarlar. Şeýle tälimçileriň okuw-türgenleşik işiniň derejesi pes hasaplanýar.

Bilimler ulgamy – modelirleýän derejede sportuň öz görnüşi boýunça taýýarlyk ulgamynyň maksatlaryny çylşyrymlaşdyrmak, hemme elementleriň arasyndaky göni we yzyna gaýdýan arabaglanyşyklylar “tälimçi – maglumat – ýaş türgen” bilen amala aşyrylýar. Sport - köpçülikleýin işiniň iň soňky maksady diňe sport bilimleri, başarjaňlyklary, ukyplary, sport görnüşine garaýşyny öwretmek bilen çäklenmän, ýaş türgenlerde, ýetginjeklerde ýokary ahlak sypatlary terbiýelemegi hem içine alýar. Bu maksady diňe bäşinji derejäniň talaplaryny ýerine ýetirmegiň kömegi bilen amala aşyryp bolar. Bu ulgamlaýyn – modelirlenen dereje çagalaryň terbiýesine, mekdepden daşary sport köpçülikleýin işini gurnamagyna gatnaşýan adamlaryň bileleşen, maksada gönükdirilen agzybir işine baglydyr.

Tälimçiniň mugallymçylyk işiniň derejeleriniň we ulgamy döredýän arabaglanyşygyň ösüşiniň derňewi şu aşakdakylary görkezýär:

1) tälimçiniň reproduktiw, adaptiw we lokal modelirlenen iş hereketiniň derejeleri mugallymçylyk ulgamyň maksatlarynyň, serişdeleriniň we netijeleriniň bütewiligini üpjün edip bilenok. Netijede, mugallymçylyk ulgamynyň ahyrky maksadynyň amala aşyrylmagyna ululy-kiçili zyýan ýetýär; 2) mugallymçylyk ulgamynda arabaglanyşygyň durnuklylygynyň esasy şerti tälimçiniň ulgam – modelirleýän iş hereketiniň derejesi; 3) dördünji we bäşinji ýa-da mugallymçylyk ussatlyk, derejeleri hereketi ýaş türgenlerde işjeň

Tälimçileriň az göterimi lokal – modelleşdirilen dereje bilen häsiýetlendirilýär. Ulgam – modelleşdirilen dereje tälimçileriň has az sanyna degişli. Bular çaga sport toparlarynda öz tejribelik işini gözleg işi bilen utgaşdyrýarlar.

Toparlarda mugallymçylyk we psihologiýa boýunça berilýän maslahatlar netijeli ulanylanda, tälimçiler sport işinde çalt ýokary derejelere galýarlar. Şeýle toparlarda ýetginjekleriň bilimleri we ukyplary, guramaçylyklary we tertip-düzgünleri has ýokarlanýar.

Reproduktiw derejede mugallymçylyk ulgamynyň elementleriniň arasynda – “maksat – tälimçi”, “maksat – maglumat – ýaş tälimçi” – durnukly içki baglanyşyklar ýokdur. Okuw – türgenleşik pursaty pes derejede geçýär. Tälimçi başda ýaş türgenleri sport hereketiniň ýerine ýetirilişi baradaky gyzykly gürrüň bilen höweslendirse-de, tälimçiniň hereketinde şol bir zat gaýtalanyp dursa, türgenleriň ýüregi gysyp, tälimçini diňlemegi bes edýärler. Eger-de tälimçi ýaş türgenlere täsir edýän täze usullary gözläp tapyp durmagy, täze has ýokary derejä galmagy başarmasa, ol öz işiniň pes netije bermegini ýetginjekleriň sporta höwesleriniň ýoklugy bilen düşündirjek bolar.

Adaptiw derejede mugallymçylyk maksatlaryň çylşyrymlaşdyrylmagy (ýaş türgenlere maglumatyň düşnükliligini üpjün etmek) “tälimçi – maglumat” baglanyşygy bilen üpjün edilýär. Tälimçi ýetginjeklere görkezýän maşklarynyň ulgamyny düşündirse-de, köp halatlarda tälimçi bilen şägirdiň arasynda berk arabaglanyşyk bolmaýar. Sebäbi tälimçi okuwça täsir edýän ukyplaryň ulgamyny bilenok, ýaş türgenleriň hereketini modelleşdirmegi oňaranok. Mugallymçylyk maksatlar doly ýerine ýetirilenok, onuň hem esasy sebäbi – bu maksatlary tälimçiniň işinde diňe maglumatlara laýyk düşnükli bolar ýaly hereketi bilen gabat getirmegindedir.

Şeýlelikde, adaptiw derejedäki türgenleşiklerde diňe göze görünýän tertip saklanýar, emma ýaş türgenleriň bilimleri dolulygyna bir bitewi maksada gönükdirilmeýär.

Lokal – modelirlenen derejede “tälimçi – maglumat – ýaş türgen” ulgamynyň elementleriniň arasynda durnukly arabaglanyşyklar (göni we yzyna gaýdýan) döreýär. Tälimçi maglumaty düşnükli edip,



4. Tälimçiniň ussatlyk derejesine garamazdan, olaryň her biriniň işine mahsus aýratynlyklar aýdyňlaşdyrylyp bellenilýär.

5. Şeýle häsiýetdäki wezipeleriň netijeli çözülmegini üpjün edýän çäreler kesgitlenilýär. Ýüze çykarylan ölçegler tälimçiniň ussatlygy özboluşlylyga we özüne mahsus nusgasy bolup galýar.

Tälimçiniň ussatlygynyň derejesi we aýratynlygy onun ýaş türgeniň şahsyýetini kemala getirmekdäki ukybynda jemlenýär. Şahsyýetiň kemala gelmeginde tälimçiniň göreldesi we abraýy nusga bolup hyzmat edýär. Galyberse-de, daşky gurşawyň täsiri, ýetginjegiň hut öz ýagdaýy ýaly çylşyrymly gatnaşyklar täsir edýär. Şonuň üçin hem ukyply tälimçi şahsyýetiň kemala gelmegini gazanmak üçin birnäçe sazlaşykly gatnaşyklary, ýagny ýetginjegiň ýaşaýyş-durmuş derejesini hasaba alyp, onuň ýagdaýyny giňişleýin, töwerekleýin öwrenmeli we aýratynlyklaryny ýüze çykarmaly. Soňra-da oňa täsir etmegiň anyk tärlerini, usullaryny, görnüşlerini kesgitlemeli.

Tälimçiniň işe bolan ukybynyň kadalarynyň we hakyky ugurlarynyň özara gatnaşygy maksadalaýyk seljerilende, birnäçe kanuny utgaşdyrmalar ýüze çykýar. Mugallym tälimçiniň ussatlygynyň ýokarlanmagynyň şerti hökmünde, onuň bilimini we ukybyny hem-de nazaryýetini iş ýüzünde tejribesinde ulanyp bilşini seljermeli. Bu bedenterbiýäniň nazaryýetini we usulyýetini mugallymçylyk psihologiki bilimini çuň we hemmetaraplaýyn ele almaklygy, anyk sportuň bir görnüşinden nazaryýet bilimlerini berkitmegi we şolaryň esasynda tejribe toplamagyň şertlerini işläp düzmegi, özbaşdak iş başarjaňlygyny barlamagy, öz bilimini artdyrmak arkaly ukybyny bir makasada gönükdirip, mundan beýläk hem kämilleşmegi aňladýar.

Sporta höwesli ýaşlary okatmak we terbiýelemek tälimçi mugallymyň ussatlygyna, bilimine, ukybyna we endiklerine bagly bolup durýar. Eger-de tälimçiniň mugallymçylyk işiniň gurluşynda haýsydyr bir görnüş ýeterlik derejede ösmedik bolsa, onda onuň zähmetiniň ýerine düşmändigini aňladýar.

Dikligine bolan seljerme tälimçiniň ussatlygynyň derejesiniň kem-kemden giňelmegini we sport hem-de mugallymçylyk ukybynyň

çuňlaşmagyny görkezýär. Şonuň üçin tälimçiniň ýaş sportçyny taýýarlamakda we oňa öwretmekde ähli ugurlar boýunça her bir täri, usuly jikme-jik işläp düzmegi hökmandyr, wezipelere hötde gelmegiň netijeli ugurlaryny kesgitlemelidir, maksadalaýyk görkezijileri döretmelidir, şahsy ukybyny, başarjaňlygyny nusgalyk derejesine ýetirmelidir, köptaraplaýyn bilimli, sowatly bolup, hemişe bilimlerini berkitmelidir we tejribede iş ýüzüne geçirmekde ähli başarjaňlygyny peýdalanmalydyr.

Biziň maksadymyz hem tälimçi mugallymyň ussatlygyny açyp görkezýän pursatlaryny yzygiderli we köptaraplaýyn beýan etmekden ybaratdyr.

## MUGALLYMÇYLYK ULGAMYNDA DÖWREBAP TÄLIMÇI

Şahsyýeti kemala getirmekde sportuň adamsyny taýýarlamakda her döwrüň bir özüne mahsus talaplary bolupdy.

Iň gadymy döwürde sport maşklarynyň üsti bilen, esasan, awçylar, maldarlar, ekerançylar, esgerler zähmete we ýaşaýyş üçin göreşe taýýarlanan bolsalar, häzirki döwürde sport fiziki taýýarlygy gowulandyrmak, saglygy berkitmek, zähmete we harby herekete taýýarlyk, wagtyňy hoş geçirmek maksady bilen giňden ýaýrady.

Ýöne gadymy döwürde-de, häzirem çaganyň beden saglygy, onuň on iki süňňüniň düzüwligi, çeýeligi, çalasynlygy, ugurtapyjylygy, çylşyrymly pursatlardan baş çykarmagy başarmagy terbiýäniň ahlak, zähmet, estetiki, akyl ýaly görnüşleri bilen içgin baglanyşdyrylýar. Bu baglanyşyk barada Ruhnama kitabynda atabegler mekdebi barada şeýle diýýär: ***“Patyşalygyň ýanyndaky ýörite mekdeplerde çagalara bilim, terbiýe berýän terbiýeçilere, mugallymlara atalar, atalyklar, atabegler diýlipdir… Atabegler çagalara dünýä dillerini, aýratyn hem söweş we serkerderlik tilsimatlaryny öwredipdirler… Atabegler öz okuwçylaryna dünýäniň ähli ylymlaryny öwredipdirler...”***[1].

1 Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. 116-117 sah.



2. Adaptiw (pes). Tälimçi bilýänini düşündirmekden başga, öz habaryny ýetginjekleriň ýaş we şahsy aýratynlyklaryna gabatlap düşündirip bilýär. Düzgün bolşy ýaly, adaptiw dereje tälimçiniň özbaşdak işiniň dowamynda, ýaş türgenlere öwredýärkä we olara syn edýärkä kemala gelýär. Bu derejede tälimçi ýetginjekleriň ol ýa-da başga sport usulyny gowy özleşdirmeýändigini bilýär, emma olara öwredip bilmeýär. Başgaça aýdanyňda, ol has gowy öwretmekligiň mugallymçylyk meselesini görýär, emma ony netijeli çözüp bilmeýär.

3. Lokal – modelirlenen (ortaça). Tälimçi öz bilýänini öwredip, türgenleriň aýratynlyklaryna görä ýumuşlary bermegi başarmakdan daşary, ol bilimleriň we ukyplaryň ulgamyny ýetginjeklere aýry-aýry temalar boýunça ýetirip, ýaş türgenlerde sport maşklaryny ýerine ýetirmeklige höwes döredýär. Ýöne bu tutuş maksatnama däl-de, türgenleşigiň aýry böleklerine degişlidir.

4. Ulgam – modelirleşdirilen bilimleri (ýokary). Tälimçi ýaş türgenleriň edýän işleriniň ulgamyny saýlan sport görnüşinden doly bilimleri alar ýaly modelirleýär. Okuwynyň maksatnamasyny ýaş türgeniň işiniň kesgitlenen ölçeglerine görä gurnaýär.

5. Hereketiň we özüňi alyp barmagyň ulgamyny modelirleýän (iň ýokary). Tälimçi ýetginjeklerde ýokary ahlak häsiýetlerini terbiýeleýän ulgamy modelirlemäni oňarýar.

Bu toparlara bölünmeleriň esasynda, bilimleri we gönükdirmeleri saýgarma durandyr. Hereketiň (işiň) her bir täze derejesi öňki derejäni öz içine alýar we tälimçiniň bilimleriniň we ukyplarynyň ulgamynda düýpli özgertmeler bilen häsiýetlendirilýär.

Hereketiň derejesi ugrukdyrýan iş ulgamynyň algoritmleriniň derejesine baglydyr. Maglumaty almak, ony özleşdirmek we şonuň esasynda özüňi alyp barşyňy üýtgetmek, täze çözgütleri kabul etmek. Eger-de bu algoritmler stereotip ulgamyna (örän berk we konserwatiw düzgünler) öwrülse, tälimçi ussatlyga, işiniň has ýokary derejesine ýetip bilmeýär.

Taýýarlyksyz tälimçileriň köpüsi adaptiw derejesinden ýokary galanoklar.

Şol ukyplaryň esasynda degişli mugallymçylyk başarnyklar, endikler emele gelýär;

- umumy başarnyklarda (akylyň hilinde: yzygiderliligi, takyklygy, tankytlylygy, ünslüligi, döredijiligi; sözleýiş medeniýetini: ynandyryjylygy, logiki gurluşy; göz öňüne getirmekligiiň hilini: okuwça düşünmek ukybyny, onuň bilen pikirdeş bolmaklygy);

- beýleki ýörite ukyplara (sport, artist, sazçylyk, tehniki we başgalar) mugallymyň işiniň gurluşyna girýär we mugallymçylyk döredijiligine hut özüniň mugallymçylyk ukyby, başarnygy we gönükdirmeler bar bolan ýagdaýynda girýär.

5) häsiýetiniň alamatlary: öz işine yhlasly bolmak, talap edijilik, adalatlylyk, her bir okuwça üns bermeklik, özüňi parahat alyp barmak we başgalar;

6) hyjuwlylygyň käbir häsiýetleri, olaryň arasynda özboluşlylyk, duýgurlyk, durnuklylyk aýratyn orna eýedir.

Islendik iş azda-kände üstünlikli we özbaşdak amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, ýaş türgenler öz işinde pes derejeden ýokary derejä sporta anyk başarnygy bilen ýetýär, muny şeýle görkezmek bolar:

1. Reproduktiw (iň azy). Ýaş türgen tälimçiniň hereketlerini gaýtalamagy öwrenýär.

2. Adaptiw, ýada salmak, (pes). Ýaş türgen ýumşa çemeleşip ony ýerine ýetirmegiň özbaşdak ýoluny gözleýär.

3. Lokal – modelirlenen, çäkli modellenen, (ortaça). Ýaş türgen käbir maşklary, ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirýär.

4. Ulgamlaýyn – modelleşdirilen bilim, (ýokary). Ýaş türgen ýumuşlary tutuş maksatnama boýunça ýerine ýetirýär, ýöne okuw pursatynda we tälimçiniň ýolbaşçylygynda.

5. Ulgamlaýyn – modelleşdyrilýän iş, (ýokary). Ýaş türgen, ýumuşlary tutuş maksatnama boýunça sport işiniň şertlerinde özbaşdak ýerine ýetirýär.

Tälimçiniň işinde hem bäş derejäni belläp bolýar.

1. Reproduktiw (iň az). Bu derejede tälimçi mysallaryň üsti bilen maşklary nädip ýerine ýetirmelidigini görkezip, öz bilýänini bilşine görä düşündirmegi başarýar.



Atabegler mekdebiniň bir görnüşem ýurdumyzyň çagalar sport mekdepleridir. Bu mekdeplerde işleýän tälimçiler hem şol atabegleriň ornuny tutmaly adamlardyr.

Olaryň hem pedagogik ulgamynda döwrebap tälimçi bolmagyny durmuşyň özi talap edýär.

Düzgün bolşy ýaly, köp halatlarda tälimçiniň işine örän çäkli garalýar, onuň işiniň diňe göze görünýän tarapyna – türgenleşige ýolbaşçylyk edişine baha bermek bilen çäklenilýär. Emma tälimçiniň işi köptaraplaýyn mugallymçylyk häsiýete eýedir we ol düýpli mugallymçylyk ulgamynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

Mugallymçylyk ulgamy bu öz göz öňünde tutýan maksatlaryna tabyn bolan, düzüm we ýörite işjeň gurluşly birleşmesidir. Onuň esasy maksady, okuwyň many-mazmunynyň, mugallymçylyk gatnaşyklarynyň serişdeleri ýaş türgenleriň we tälimçiniň iş düzüminiň aýrylmaz bölegidir. Mugallymçylyk ulgamyň döreýşini, ösüşini, kämilleşişini şertlendirýän hereketlendiriş düzümine akyl ýetiriş, taslamalaýyn, ýörite gurluşly, guramaçylyk we aragatnaşyk düzüjiler degişlidir.

## MUGALLYMÇYLYK ULGAMY, TÄLIMÇI – ÇAGALAR SPORT TOPARY

Islendik mugallymçylyk ulgamynyň maksady mugallymçylyk işiniň dowamynda durmuşa ornaşdyrylýar. Sebäbi mugallymçylyk işiniň barşy, bir tarapdan, gatnaşýanlaryň islegine bagly bolman, öz-özünden döräp hereket etse, beýleki bir tarapdan, mugallymçylyk meseleleriň-maksatnamalaryň ençemesiniň çözülmegi bilen ugrukdyrylýan hadysadyr. Ugrukdyrylýan mugallymçylyk iş hünärmen tälimçiniň halypaçylyk meseleleriniň ençemesiniň nähili çözýänligi bilen kesgitlenilýär.

Tälimçi mugallymçylyk ulgamynyň bir bölegi boljak bolsa, ylmy, bilimi, hünäri, başarnygy bilen tapawutlanmalydyr.

Mugallymçylyk ulgamy bu işde terbiýeçini (subýekt) we terbiýelenýäni (obýekt) göz öňünde tutýar, munda ýolbaşçy we gönükdiriji orun halypa – terbiýeçä degişlidir.

Mugallymçylyk pursatynyň iki taraplylygy onuň aýratynlygy bilen kesgitlenilýär, sebäbi çaga edilýän täsiri ýöne kabul etmän, eýsem özem işjeň gatnaşýar.

Her bir ýaş türgen dürli toparlaryň agzasy bolmak bilen, olardaky dürli terbiýeçilik täsirleri kabul edýär. Şeýle şertlerde ýaş türgenler bilen işleýän tälimçiler iş guranda, ýaş ýetginjekler bilen olaryň arasyndaky gatnaşyklar dogry ýola goýulmalydyr. Sportuň we mugallymçylyk işiniň netijesini öňünden maglumat bermäge, kesgitlemäge mümkinçiligi bar. Bu bosla emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykmaga, netijede, terbiýeçiden işiň häsiýetini we düýp manysyny gysga möhletde üýtgetmegini talap edýär.

Tälimçiniň mugallymçylyk işinde ýaş turgeni ösdürmekde onuň ýaş we şahsy aýratynlyklaryna baglylykda, toparlaýyn ýa-da şahsy täsir etmekde, emelleriň, usullaryň dürli görnüşlerini ulanmagy talap edilýär.

Bulardan daşary jemgyýetçilik başlangyçlarynyň esasynda işleýän tälimçiniň pedagogiki işiniň öz aýratynlyklary bar.

Birinjiden, düzgün bolşy ýaly, bu işi jemgyýetçilik başlangyçlarynyň esaslarynda dürli ýaşdaky, dürli hünärli, çagalar bilen işlemäge ýörite taýýarlygy ýok adamlar amala aşyrýar. Olaryň bu işe ýykgyn etmekleriniň esasy sebäbi – çagalara bolan söýgi we çagalary beden, ahlak tarapdan sagdyn taýýarlamakda özleriniň zerurlygyny duýmak.

Ikinjiden, jemgyýetçilik başlangyçlarynyň esasynda işleýän tälimçiniň iş wagty hakyny alýan tälimçiniňki bilen deňeşdirilse, wagty boýunça kesgitli däl, bu bolsa döredijilikli işe uly mümkinçilik döredýär.

Mugallymçylyk ulgamynyň “Tälimçi hem çaga” diýlip atlandyrylýan sport toparynyň maksady adamy aňly-düşünjeli, sagdyn, hemmetaraplaýyn ösen edip ýetişdirmek.



Ulgamyň aslynda amala aşyrylýan hereketi we ýerine ýetirilýän iş we ukyplylyk ýatýar. Psihologlaryň köpüsi ukyp diýip, ýerine ýetirilýän işiň ulgamlaryny ele almak, haýsy hem bolsa anyk bir işiň maksadyna we şertine görä, ony netijeli berjaý edilmeginiň täri, usuly we käbul etmeklige berilýän mümkinçilikler diýip düşünýärler. Başarjaňlyk elmydama-da berlen maglumatlary laýyk ýerine ýetirilýän işde bilimiňi ýerlikli ulanmaklygy aňladýar. Başarjaňlygyňy, ukybyň amala aşmaga-da edinen endikleriň ýardam berýär.

Iş meselelerini öwrenmek, bir tarapdan, adamyň psihikasynyň kämilleşmegini we onuň ösmegindäki ornuny görkezse, beýleki tarapdan, iş ýüzünde, hakykatdan hem düýpli meseleleriň netijeli çözülmegine ýardam berýär.

Adam üçin hünäriň aýratynlygy we talaby bar. Eger adam şol talaba hötde gelip bilýän bolsa ýa-da şoňa laýyk ukyby bar bolsa, ol işiň üstünlikli bolmagyny üpjün edýär. Mugallymçylykda şu aşakdaky hünär ähmiýetli bolan işiň aýratynlyklaryna we şahsyýetiň psihologiki häsiýetnamalaryna üns berilýär:

1) Mugallymçylyk ulgamynyň esasyny düzýän bilim derejesiniň bolmagy;

2) Ýeterlik ýokary derejede mugallymyň hünärine başarnygynyň we edinen özüne mahsus endikleriniň özara baglanyşygy bolmaly;

3) Maksada okgunlylygyň bolmagy we baha berip bilmegiň, kesgitläp bilmegiň özara baglanyşykly ulgamyny özünde jemlemegi adamyň işde ýüze çykýan kynçylygy ýeňip geçmegini we ussatlygy ele almagyny üpjün edýär. Maksada okgunly bolmagyň esasy ölçegleri: barlyk, aýratynlyk, kanagatlanarlylyk we başgalar. Mugallymçylyk ugrukdyrmalar beýleki görnüşler ýaly, maksady, sebäbi, işe bolan duýgulary oýarmaga bolan joşgunlygy, kanagatlylygy, höwesli gatnaşyklary öz içine alýar.

4) Mesemälim ýüze çykýan umumy zehinlilik:

- ýörite mugallymçylyk ukypda: obýekte we mugallymçylygyň täsir ediş serişdelerini ulanyp bilmegine bolan duýgurlygy. Mugallymçylyk işiň gurluşy şu aşakdaky komponentleri öz içine alýar: gnostik, proýektirlemek, konstruktiw, guramaçylyk, kommunikatiw.

Eger şol düzümleriň haýsydyr biri düzgüni bozaýsa, onda ol bütin ulgamyň işiniň bozulmagyna getirýär.

Öz gurluşy we wezipeleriň ýerine ýetirijilişi boýunça mugallymçylyk ulgamlary obýektiw hakykatdyr. Ol hakykat hiç bir tälimçä we ýaş türgene bagly däldir, gaýtam olaryň borçlaryny, ýerine ýetirijiliklerini, hukuk ýagdaýlaryny, ulgamyň görkezijilerini şertlendirýär. Tälimçi we ýaş türgenler öz wezipe borjuny ýerine ýetiren halatynda ulgamyň bölegi bolup bilerler. Işiň hili hem öz gezeginde ýetilen sepgitler bilen kesgitlenilýär. Tälimçiniň gazanan netijesini derňemeklik, onuň işjeňliginiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

## IŞIŇ DEREJELERI BARADA DÜŞÜNJE

Adamyň işi özüniň tebigy ýagdaýyna görä durmuşy hadysadyr. Adam özüniň hereketi bilen töweregini gurşap alýan dünýä öz isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen işjeň täsir edýär. Adamyň zähmetiniň jemgyýetçilik häsiýeti, ony amala aşyrmagyň maksadyny we mazmunyny kesgitleýär.

Işiň sebäpliligi, maksada ugrukdyryjy bolmagy örän möhümdir. Işiň görnüşleri: tejribe işi, ýörite zähmet işi, nazaryýet işi, ýörite öwrenijilik işi-özara tapawutlanýar, şeýle hem olar işiň birligini emele getirýärler. Işiň iň ýönekeý görnüşini şeýle göz öňüne getirip bolýar: maksat, sebäp, hereket we netije.

Işiň umumy akymy adamyň durmuşyny aňladýar we emele getirýär hem-de onuň iň ýokary psihiki serişdeleri bilen täsir etmeginde ýüze çykýar. Barlagda şulary bellemek bolar, birinjiden, aýratyn (üýtgeşik) işler - olar mejbur ediji sebäp ölçegleriň esasynda bellenilýär. Soňra hereketler-aň-düşünjeli maksatlara tabyn hadysalardyr. Başgaça aýdanyňda, ýetilmeli netije barada düşünje. Galyberse-de, anyk maksada ýetilmegiň şertlerine gös-göni bagly hadysalar. Ine, şular adamyň işiniň birlikleri bolup, onuň mikrogurluşyny emele getirýär.



Çagalaryň sport topary bu wagtlaýyn çagalar köpçüligidir we çagalar guramasynyň esaslary we öňde goýlan wezipeleri boýunça hereket edýär. Çagalar guramasynyň işi jemgyýetde döwrebap şahsyýetiň emele gelmegine kömek edýär; maşgalada we mekdeplerde, okuwçylary halkara raýdaşlyk, durmuşda ynsanperwer ruhunda terbiýeleýär we okuwçylarda ýaşaýyş-durmuş işjeňligini, başarjaňlygyny, watansöýüjiligi ösdürýär. Çagalaryň nowça topary tarapyndan ykdysady we syýasy meseleler olaryň we ýetginjekleriň ýaş we akyl aýratynlyklarynyň esasynda çözülýär.

Mugallymçylyk ulgamynyň "Çagalar sport topary" öz-özünden ösýän, öz-özüni dolandyrýan bir bütewi ulgamdyr we ulgamyň hemme alamatlaryny eýeleýän obýektdir. Ol özüniň işinde öz-özüni dolandyrmagyň ähli baş pikirlerini amala aşyrýar. Ýaş türgenleriň başarjaňlygyny, işjeňligini, olaryň dürli jemgyýetçilik guramalar bilen özara baglanyşygyny köpçüligiň işinde meýilnamanyň maksadalaýyk ýörelgelerini, ýaş türgenler bilen işjeň toparyň özara baglanyşygynyň zerurlygynyň habar beriş ýörelgesi, işde kiçi gulluk wezipesindäkileriň özlerinden uly wezipedäkilere berk we gyşarnyksyz boýun boluş ulgamy we ulgamyň gurluşynyň amatly ýörelgesi, olaryň topara meýletin girmegini we amala aşyrylmagyny kesgitleýär.

Çagalar sport toparynyň aýratynlygy mugallymçylyk ulgamyň "tälimçi – çagalar sport topary" işinde ýüze çykýar. Ony şeýle bellemek bolar.

Bu ulgamyň ýüze çykmagy bilen ösüp gelýän ýaş nesli döwrebap ruhda terbiýelemekde sportuň ähmiýeti açylyp görkezilýär.

1. Bu ulgam bilimiň, iş tejribesiniň toplanan şertlerinde ýüze çykýar.

2. Ulgam ýetginjekler bilen özara baglanyşygyň usullarynyň işlenilip düzülen wagtynda ýüze çykýar.

3. Ýaş türgenler ulgamyň zerur düzüjileridir. Çagalaryň sport toparlarynyň san taýdan ösmegi bu ulgamyň uly mümkinçiliklerine şaýatlyk edýär.

4. Bu ulgamyň ýüze çykmagynda: okuw, terbiýeçilik işleriniň maksadyna düşünýän, nowça sport toparynyň işinde özboluşlylygyna

düşünýän, ýörite okuw we terbiýeçilik işlerinden habarly, mugallymçylyk aladalaryň täsir etmeginiň usullaryny, görnüşlerini ulanmagy başarýan tälimçiniň ukyplylygy bu ulgamyň işleriniň dowam etmeginiň zerur şertidir.

Netijede, "tälimçi – ýaş sport topary" mugallymçylyk ulgamynyň hemme talaplaryna laýyk gelýär. Ýagny guramalaryň durnuklylygy we berkligi, gurluş we hereketleniş düzümleriniň özara baglanyşygy, olaryň ýokary derejede düzgünleşdirilmegi we ugrukdyrylmagy ulgamyň işini üpjün edýär. Emma bu ulgam beýleki mugallymçylyk ulgamlardan özüniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

Şu mugallymçylyk ulgamynyň işlemegi tutuş okuw-tälimçilik pursatynyň adaty amala aşmagyny ýaş türgenleriň okuw-terbiýeçilik işleriniň hemme toplumynyň işjeň özara baglanyşygynyň netijesinde üpjün edilmelidir. Ulgamyň ýene bir aýratynlygy çagalar sport köpçüliginiň hem terbiýe, hem-de terbiýelenýänler hökmünde hereket edýänligi bilen düşündirilýär. Diýmek, mugallymçylyk ulgamynyň "tälimçi - sport toparynyň" işiniň netijeli amala aşmagy, tälimçileriň ýaş türgenler bilen maksadalaýyk işlemegi döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň ony dolandyrmakdaky geçirýän çärelerine baglydyr.

Ýaş ýetginjekleriň sporta gönükdirilmegi mugallymçylyk ulgamynyň esasy düzümleriniň ýörite özara gatnaşygyna baglydyr. Olar: ýaş türgeniň şahsyýetine edilýan talabyň maksady; okuw maksatnamasynda göz öňünde tutulan maglumatyň mazmuny; ýaş türgeniň maksatnamany ýerine ýetirmeginde mugallymçylyk taýdan täsir edýän serişdeler; ýaş türgeniň işi; ulgamy dolandyrmagy amala aşyrýan tälimçiniň hereketi we ş.m. Munuň özi mugallymçylyk ulgamynyň gurluşyny her bir düzümiň gurluşynda görkezilýär. Diýmek, tälimçiniň we ýaş türgeniň işiniň gurluşynda görünýär, ol hem öz gezeginde tälimçiniň işiniň gurluşyny olaryň şahsy gurluşy bilen baglanyşykly görkezilýär.

Ulgamyň maksadynyň amala aşmagyny ýaş ýetginjekleriň şahsyýet hökmünde psihiki taýdan özgermeginde görüp bolar. Döwletiň mugallymçylyk ulgamynyň öňünde goýýan maksady ýaş tälimçileriň şahsyýet hökmünde emele gelmeginde hereketlendiriji



güýje öwrülmegindedir. Şol maksatlar tälimçileriň aňynda bolup, ony pedagogiki maksada öwürmek zerurdyr. Oňa ýaş ýetginjekleriň özleriniň düşünmegi we tälimçileriň mugallym halypa hökmünde maksadynyň ýaş türgenleriň hem kabul etmekdäki maksadyna öwrülmegine zerurdyr.

"Tälimçi – çagalar sport toparynyň" – mugallymçylyk ulgamynyň özboluşly aýratynlygy tälimçiniň işinde ýüze çykýar.

Tälimçiniň işiniň gurluşyndaky aýratynlygy onuň bilim derejesinde şöhlelenýär, ýerine ýetirijiligi bolsa, onuň başarjaňlygynda ýüze çykýar.

Şonuň bilen bilelikde, tälimçiniň işiniň netijeliligi onuň ýerine ýetirijilik derejesi bilen esaslandyrylýar. Olara şular degişli:

1) Gnostik (ylmy taýdan akyl ýetirmek) – umumylaşdyrmak we ulgamlaşdyrmak bilen hemişelik bagly bolan ylym-bilim baglanyşygy. Olaryň jemlenmegi we giňelmegi, okuw bilimlerine öwrülmegi, mugallymçylyk ulgamynyň ösüşinde umumy kanunalaýyklygyny öwrenmegi, mugallymçylyk ylmynyň işini derňemegi – ulgamyň ösüşiniň esasy şertidir.

2) Taslamalaşdyrmak (meýilleşdirmek, niýetlenmek) – mugallymçylyk ulgamda maksatnama bilen bagly bolan, ýetginjekleri okuw we terbiýeçilik işlerine toplumlaýyn çemeleşmegiň talaplary boýunça ösdürmekdir: ylmy usullarda derňemek bolsa, mugallymçylyk ulgamyň işiniň mazmunly bolmagyny üpjün edýän görkezijidir.

3) Konstruktiw (düzüji, dörediji) – ýaş türgenler we tälimçiler üçin okuw, usuly gollanmalaryny düzmek, mugallymçylyk ulgamynyň işiniň netijeliligini derňeýän gollanmalary taýýarlamak bilen baglydyr.

4) Guramaçylyk ulgamlaryň işiniň öz-özüňi dolandyryş guramalarynda sazlaşykly ýola goýulmagyny döretmek bilen baglanyşykly tertip-düzgünli guramak;

5) Kommunikatiw, ulgam bilen dolandyryş guramalarynyň arasynda; administrasiýa bilen tälimçileriň arasynda; tälimçiler bilen ýetginjekleriň arasynda sazlaşykly tertip-düzgüni ýola goýmakdan ybarat.

## MUGALLYMYŇ DÖREDIJILIGI

Mugallymyň döredijiligi näme? Tälimçiniň mugallymçylyk döredijiligi ýaş türgenlere täsir etmegiň täze görnüşlerini işläp taýýarlamak ukybynda ýüze çykýar.

Okuwyň we terbiýäniň dowamynda mugallymçylyk wezipelerini çözmekligiň täze görnüşleri tapylýar, ýetginjekleriň psihologiýasy we hususy işiň seljermesi öwrenilýär, okuw pursatynda ýaş türgende nähili kynçylyklaryň dörejekdigi bilinýär.

Mugallymçylyk pursatynda öwrenýänleriň mugallymçylyk wezipelerini çözmeklige täze çemeleşmeleriň işlenilip düzülmegi üçin döredijilik öwrenýänleriň we öwredijileriň işjeň hereketine öwrülýär.

Edebiýatda şol bir manyny berýän „mugallymyň döredijiligi“ diýen adalga derek „mugallymçylyk sungaty“ adalgasy ulanylýar.

Bu düsünjeleri garyşdyrmaly däldir. Türkmen diliniň sözlüginde döredijilik „döretmek, düzmek, tapmak“. Sungat „bilimi, ukyby, ösen endikleri ýa-da okuwy“ aňladýar. Bu adalgalar garaşsyzlyk zamanasynda has anyk tapawutlandyrylýar. „Döredijilik – bu manysy boýunça täze medeni we material gymmatlyklary döretmek“. „Sungat – işiňi ussatlarça başarmak we bilmek“. Şeýlelikde, mugallymçylyk döredijilige mugallymçylygyň öňünde durýan wezipeleri çözmekligiň täze görnüşlerini döretmek, mugallymçylyk sungatyna – bu wezipeleri döredijiliksiz çözüp bolmaýan ukybyň we bilimiň bahasy diýlip düşünilýär.

Şeýlelikde, mugallymyň döredijiligi häsiýetiň ýüze çykmagynyň şerti bolan mugallymçylyk sungatynyň alamatlary hökmandyr.

Mugallymyň döredijiliginiň dowamynda tälimçiniň taglymaty onuň işini baýlaşdyrýar we beýleki bir tarapdan onuň gymmatyny artdyrýar.

Mugallymçylygyň täsirliligini gazanmak, talimçiniň döredijiliginde ýokary talaby ýüze çykarýar. Tälimçiler düzgün boýunça täsir edijilerini ýeterlik derejede çuň öwrenýärler, ýöne öz döredijilik tebigatynyň aýratynlygyna doly düşünip bilmeýärler (daş sypaty, mimikasy, aýdyňlaşdyryş mümkinçiligi we ş.m.).



## TÄLIMÇINIŇ IŞINE TALAPLAR

Häzirki döwrebap hünärmen – bu ýokary medeniýetli, çuň bilimli, hakyky aňly-düşünjeli adamdyr. Ol döwletiň syýasatyna, durmuşyna doly düşünýän we ony durmuşa geçirmäge çalyşýan hünärmen. Ol ýaş nesli watansöýüji, erkin, berk häsiýetli, kynçylyklardan üstünlikli geçip bilýän, nogsanlyklar bilen göreşip bilýän ruhda terbiýeleýän hünärmen.

Tälimçiniň iş salyşýan ýetginjekleri ylmy-tehnikanyň ösen asyrynda, mydama ösüp we üýtgäp duran maglumatlaryň arasynda ýaşaýar. Emma ýetginjeklere elýeter maglumat köp halatlarda olar tarapyndan dogry düşünilmeýär. Ýalňyş düşünilen maglumata baha bermeklik ýaramaz hadysalary döredip biler. Tälimçi öz işinde bu zatlary hasaba almalydyr.

## TÄLIMÇINIŇ MUGALLYMÇYLYK IŞINE BILDIRILÝÄN TALAPLAR

Wagyz-nesihat işlerinde zerur bolan tapawutlandyrylan çemeleşme çagalaryň arasynda has uly ähmiýete eýe bolýar. Ýaşuly bolan ýetginjekler bilen alnyp barylýan iş hasam çylşyrymlydyr. Özbaşdaklyga ymtylmagy, dünýäniň umumy görnüşini göz öňüne getirmegi, özüni bilmek, öz düşünjelerini we garaýyşlaryny bir ulgama gönükdirmek bolup durýar. Edil şol wagt ýetginjekleriň köpüsinde jemgyýetçilik-syýasy gyzyklanmalar we duýgular döreýär.

Seljerme maglumatlary okuwçylary olaryň durmuş-syýasy bilimleriniň derejelerine we jemgyýetçilik işeňňirligine görä üç topara bölüp bolýar.

Birinji toparyň tapawutlary: dünýägaraýyşlaryň durnuklylygy, durmuş-syýasy ýagdaýlaryň we düşünjeleriň adat edinmegi, öz nukdaýnazaryny aýdyp goramagy başarmak, jemgyýetçilik durmuşyň hadysalaryna we taryhy hadysalaryna baha bermek. Bu toparyň ýetginjekleri düzgün bolşy ýaly, tabşyrygy yhlas bilen ýerine ýetirýän gowy guramaçylardyr. Olarda köpçülik duýgulary, jemgyýetçilik

borjy ösen, syýasy durmuşa höwesli, olar diňlemäni başaryp, tekliplere dessine seslenýärler, soraglary çynlakaý we ýerlikli berýärler.

Ikinji topara degişli ýetginjekler durmuş syýasy ýagdaýlary we düşünjeleri okuw maksatnamanyň çäklerinde gowy öwrenenler we jemgyýetçilik durmuşyň wakalaryndan ýeterlik habarly bolup, oňa höwes bildirýänler. Şol wagtyň özünde-de olar taryhy faktlara we jemgyýet hadysalara baha bermekde kynçylyk çekýärler, olar guramaçylyk endiklerini ele almakda doly kämil däldirler we esasan, gowy ýerine ýetirijilerdir. Olar kynçylyklary hemişe ýeňip bilmeýärler şahsy sebäpler olarda kämahal jemgyýetçilik sebäplerden üstün çykýar.

Üçünji toparyň ýetginjeklerinde ýeterlik berk syýasy düşünjeler we dünýägaraýyşlar entäk ýok. Olar jemgyýetçilik işlerini diňe ulularyň zor salmagy bilen ýerine ýetirýärler, syýasy-jemgyýetçilik durmuşa aýratyn höwes bildirmeýärler, diňe özlerini geň galdyrýan wakalary aýdyp bilýär. Durmuş-syýasy düşünjeleri we gözýetimleri pes. Öz nukdaýnazaryny gorap bilmeýärler, ol ýa-da beýleki hadysalara baha bermegi başarmaýarlar.

Eger-de tälimçi dürli ýaşly diňleýjileriň öňünde çykyş edýän bolsa, olar hem taýýarlygy boýunça deň däldigi bes-belli bolsa, ol jemgyýet-syýasy adalgalary ykjam saýlap almalydyr. Öz çykyşynda ol adalgalaram beter kän ulanylmaly däl. Dürs, hemmä golaý düşünjeler ýerlikli mysallar bilen tassyklanylsa, tälimçä ýetginjekleriň aňyna ol ýa-da beýleki wakany doly ýetirmekden başga-da, çuňňur gyzyklanma döretmek hem başardar. Özem her täze durmuş-syýasy düşünjäni kesgitlenen ugur bilen – ýönekeýden çylşyrymla – ýetirilmelidir.

Tälimçiniň wagyz-nesihat işiniň netijeliligi ýetginjekleriň onuň umumy okuwlaryna, söhbetdeşliklerine garaýyşlaryndan bildirýär. Ýetginjekler wagyz-nesihat edilen zatlara (maglumatlara) çemeleşip aňlaryna salýarlar, haçan-da olaryň özleri ol ýa-da beýleki jemgyýet hadysanyň sebäpleriniň düşündirilmegine gatnaşsalar, olaryň kanunalaýyk ýa-da tötänleýinlik häsiýetlerini belleýärler, wakalary kesgitleýärler, özbaşdak syýasy netijeleri çykarýarlar. Ýa-da başgaça



Psihologiýada şahsyýetiň beýleki häsiýetleriniň kemala gelmeginde esasy ornuň ugrukmaga degişlidigi ykrar edilendir.

Belli bir iş görnüşine ugrukdyrylmasyz doly möçberdäki ukyp hem bolmaýar. Tälimçiniň şahsyýetiniň ussatlarça ugrukdyrylmagynyň durnukly görnüşi onuň mugallymçylyk ussatlygyny kesgitleýär.

Ugrukdyrmak we erk, şahsyyetiň çylşyrymly mazmunly bilimi hökmünde häsiýetiň gurluşynyň esasyny düzýär, ol hem ukyp bilen berk baglanyşyklydyr.

Diýmek, tälimçilik işiniň üstünligini bilimi we ukyby kesgitleýär, onuň derejesi bolsa uly möçberde tälimçiniň şahsy sypatlaryny şertlendirýär. Şahsyýet, ilkinji nobatda, öz hereketiniň mazmunynda kemala gelýär. Öz hereketiniň ussatlyk ähmiýeti tälimçiniň sporta we bedenterbiýä gyzyklanmasy, bu pudakdaky mugallymçylyk zähmete ýykgynçylygy, olary elmydama kämilleşdirmäge bolan ymtylyş, çagalara bolan söýgi, ýetginjekler we çagalar üçin sport sapaklaryna bolan wajyp jemgyýetçilik ähmiýetine çuň ynamy, borjuňy duýmak we öz işiň hiline jogapkärçilik bolup durýar.

Bu mazmunlaryň jemi işeňňirleşýär we şahsyýetiň pedagogiki başarnyklarynyň kemala gelmegine gönükdirýär, bu bolsa tälimçiniň şahsyýeti, häsiýeti we ussatlygy bilen baglydyr. Halypaçylyk ussatlygynyň özüni-de şahsyýetiň gurluşy hökmünde seretmek mümkin.

Mugallymçylyk başarnyklaryň ýüze çykmagynda we ösmeginde tälimçiniň işine bolan gatnaşygy esasy orny tutýar. Özüňe bolan talap, öz-özüňe tankyt tälimçini içki mümkinçiliklerini peýdalanmaga mejbur edýär. Ol täze görnüşleri gözleýär, öndürijilikli işde hökmany bolan sypatlary we ukybyny barlap, kemala getirýär.

Ukybyň ýüze çykmagynda we kemala gelmeginde şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegi uly ähmiýete eýedir. Ol tälimçä öz mümkinçiliklerini dogry bahalandyrmaga we şoňa laýyklykda, öz esasy maksadyny we wezipesini kesgitlemäge şert döredýär. Hemmetaraplaýyn ösüş işiň dürli görnüşlerini jemleriň ýokary netije berýän ähli ukyplylygyny açyp görkezmekligi üpjün edýär.

işeňňir özleşdirýän we öz hususy şahsyýetini terbiýeleýän içki gurşaw döreýär.

Ynandyrmalaryň täsiri netijesinde, hünärmende mazmunyň ýokary derejesi-ideal kemala gelýär. Ol ussatlyk ymtylyşlary maksady bilen hyzmat edýär we öz üstünde işeňňir işlän pursatyňda ornaşýar.

Mazmunlar şahsyýetiň işiniň maksady bilen berk baglanyşyklydyr. Mazmuny we maksady tapawutlandyrmaly. Mazmun maksatdan tapawutlylykda gönükdirilen işiň amala aşyrylmagydyr. Işiň mazmuny başlangyç hasaplanýar, maksady ahyrky hasaplanýar. Maksatsyz mazmun netijesizdir we ol şeýle ýagdaýda işiň taýýarlyk görnüşi bolmagynda galýar.

Mazmun bilen maksat diňe başda gabat gelmeýär. Soňra adamyň gyzyklanmalaryny ýerlikli gozgasa, maksat mazmun bolup bilýär we has ähmiýete eýe bolýar. Öz borçlaryny ýerine ýetirmeklige başlamak bilen tälimçi, ilkinji nobatda, sporta bolan gyzyklanmasyny öňde goýýar. Soňky işiniň dowamynda ol öz işiniň jemgyýetçilik ähmiýetine düşünýär we netijeli zähmetini dowam etdirýär, öz-özüniň bilimini artdyryp başlaýar. Yzygiderlilikde durmuşyň mazmuny maksada düşünilip terbiýelenilýär, bu tälimçi üçin şahsyýetiň jemgyýetçilik wajyplylygy we bu işe onuň islegini oýarmak üçin edilýär.

Beýleki psihiki pursatlar bilenem ysnyşykly aragatnaşyk saklanylýar, ilkinji nobatda, tälimçiniň akyl ýetiriş işi bilen (kabul etmek, ýat, pikirlenmek). Erklilik sypatlary beýleki ýetmeýän sypatlaryň öwezini dolup bilýär. Erk bilen adamyň äheňiniň gatnaşygy aýdyňdyr: güýçli erk edinmek bilen ymtylyşy amala aşyrmak mümkin. Gyzyklanma we durnuklylyk äheňiň we erkiň ýüze çykmagynyň anyk görnüşi hökmünde tälimçiniň esasy nämeden başlamalydygyny salgy berýär. Tälimçiniň şahsyýetiniň dikelmeginde aýgytlaýjy ähmiýet kynçylyklary ýeňip geçmekligiň erkine berilýär.

Beýan edilenlerden belli bolşy ýaly, mazmuna mahsus ähli görnüşler (gyzyklanmalar, ynandyrmalar, maksatlar, erk) ukybyň kemala gelmeginiň wajyp görnüşleridir. Mazmun şahsyyetiň beýleki bilimleriniň gurluşyna-da degişlidir: gönükmek we häsiýet.



aýdanyňda ýöne diňlemän, tälimçiniň meselelerini özleşdirip, işläp, hemişe synap geçýärler.

Tälimçiniň wagyz-nesihat işiniň esasy netijesi – bilimleri we ynamlary ýaş türgeniň endiklerine, olaryň özlerini alyp baryş kadalaryna, ahlak sypatlaryna öwrülmegidir.

Tälimçileriň edýän işiniň öwrenilmegi, gürrüň edilýän jemgyýetçilik-syýasy işde ukyplylygyň düzümini kesgitlemek başartdy. Tälimçi mugallyma, halypa mahsus: sportuň taryhyny bilmek, bolup duran sport wakalaryny bilmek we şol bilimleri öz şägirtlerine öwretmek ukyby; mekdebiň we ýaşlaryň jemgyýetçilik guramalarynyň işleriniň aýratynlyklaryny bilmek, olary işde ulanmak; medeniýetli geplemegiň endiklerini we başarnyklaryny ulanmak, ýaş türgenlerde watançylyk terbiýesi, jemgyýet ähmiýetli wakalara ýagşy garaýyşlary terbiýelemek.

Tälimçiniň ýaş türgenler bilen alyp barýan jemgyýetçilik-syýasy işiniň mugallymçylyk ussatlygynyň möhüm ölçegi şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Öz döwletiniň we beýleki ýurtlaryň syýasy durmuşyna we özüniň syýasy taýýarlygyna höwes bildirmek;

2. Duýgurlyk, deň-duşlaryň we ulularyň kömege mätäçligini görmek endigini, ulularyň haýyşyna ýa-da görkezmesine garaşman hereket etmek;

3. Hemme kişiniň peýdasyna edilen zähmeti rowaçlandyrmak;

4. Toparyň köpçülikleýin işinde guramaçylyk we ýerine ýetirijilik ukyplary;

5. Öz üstünlikli işini bütin sport köpçüliginiň jemgyýetçilik işleriniň bir bölegi hökmünde görmäge çalyşmaklygy;

6. Gujurlylyk bilen gowy netijäni gazanmak ukyby we köpçülikdäki sport köpçülikleýin işine jogapkärçilikli garamak duýgusy;

7. Toparyň işine düşünjeli garamak, töweregine, özüne we ýetginjeklere gowy täsir etmek.

Tälimçi ýaş türgenleri syýasy bilimler bilen ýaraglandyrmaly, olarda jemgyýetçilik işeňňirligini terbiýelemeli. Işini beýle guramakda

tälimçiden wagyz-nesihatçy, guramaçy, syýasy ýolbaşçylyk häsiýetleriniň bolmagy talap edilýär.

Häzirkizaman tälimçileri-bu ýokary ahlak sypatly, duýgur we mylakatly adamlardyr. Ýetginjeklerde terbiýelejek bolunýan häsiýetler tälimçiniň özünde-de bolmalydyr.

Ýokary ahlak sypatly tälimçi ýaş türgenleri arassa wyždany bilen ýokary talaplar edip biler we öz hereketleri bilen bu talaplary olaryň düşünjesinde we özlerini alyp baryşlarynda berkidip biler.

Sport işi özüniň aýratynlygynyň esasynda gatnaşygyň ýörite görnüşlerini döredýär: raýdaşlyk, köpçülikleýin we şahsy jogapkärçilik, sylanyşyk, bir-biriňe kömek, edeplilik we ş.m. Duýgularyň galgyn şertlerinde, güýçleriň dartylan wagtynda ýaş türgen öz hereketlerine berk jogapkärçilikli garamalydyr, edep kadalaryny ýerine ýetirmelidir. Özüne şeýle gözegçilik diňe durnukly ahlak esaslaryň bar ýerinde bolýar.

Tälimçi örän düşnükli dilde düşündiriş ýaş türgenlere ahlak taýdan özüňi alyp barmagyň, sport edebiniň, Watana, jemgyýete, köpçülige, sportda kämilleşmegiň gidişini, sport ýaryşlarynyň ähmiýetleri we ş.m. kadalaryny nygtamalydyr.

Türgenleriň özlerini ahlak taýdan alyp baryşlarynyň gowy mysallaryny görkezmek terbiýeçilik işinde giňden ulanmalydyr. Sebäbi ahlak sypatlaryny terbiýelemekde tertiplilik, görelde bolmaga çalyşmak esasy ugur bolup durýar. Sportuň baý tejribesinden alnan gyzykly mysallary ulanyp, tälimçi ýaş türgenlerde hakyky adamy we biziň Watanymyzyň hakyky raýatyny ýetişdirip biler.

Tälimçi çagalar sport mekdebinde ozüňi alyp barmagyň kadalarynyň we düzgünleriniň bozulmagynyň hiçisini ünsden düşürmeli däldir. Olara şol mahal baha berilmelidir. Ol çilim çekmäge, paýyş sözlemäge, geýinmekde elemtaslyga garşy iş geçirmelidir. Toparda bir-birini bolan hormat salyhatly, mährem bolmagyň we jogapkärçilikli bolmagyň şertlerini döredýär.

Türgenleriň hukuk terbiýesi tälimçiniň ünsünden düşmeli däldir. Sport köpçüliginiň, tälimçiniň terbiýeçilik täsirleri ilkinji nobatda



Öz gezeginde ukyp hem höwesi gyzyklanmalary ugrukdyryp biler. Olar biri-birine hemaýat berýär we ahyrky netijeleri güýçlendirýärler.

Durnukly arzuw-ukyp, höwes organiki birligi we hünärine söýgi hem-de bu pudakdaky işe bolan ösen başarjaňlyk şahsy höwesiň mazmunyny kesgitleýär. Mugallymçylyk söýgüsi tälimçiniň mugallymçylyga höwesiniň ýokary derejesi, özüne çekijiligi hökmünde häsiýetlendirilýär.

Mugallymçylyk hünäre söýginiň esasynda baglylyk duýgusy, soňra çagalara bolan aňly-düşünjeli söýgi durýar.

Mugallymçylyk söýgüsi uly kanagatlylykda we tälimçiniň has seresaplylygynda, çagalaryň üstünliklerine hakyky aladalanmalarynda, çagalara ýüregiňi bermek ýaly borçly hukuklarynda ýüze çykýar. Görnükli rus alymy W. A. Suhomlinskiniň belleýşi ýaly, çagalara söýgi iň bir wajyp pedagogiki ukypdyr, başgaça aýdanyňda çagalary söýmekligi hiç bir ýokary okuw mekdebinde, hiç bir kitapdan öwrenip bolmaýar.

Mazmun baýlygy şahsyýetiň diňe şu sanalan işjeň görnüşlerine – gyzyklanmalara, içginlige, yglan edilmelere, sporta, çagalara bolan soýgä bagly däldir. Adamyň özüni alyp barşy köp mazmunda şertlendirilendir. Olaryň öňde baryjylary beýlekileriň ählisini özüne boýun edýär we adamyň ähli mazmun giňişligini häsiýetlendirýär.

Şahsyýetiň mazmun ulgamyndaky iň umumy we esasy bölek dünýägaraýyşdyr. Ol adamynyň daş-töwerekdäki hakykata bolan garaýşynyň ulgamy hökmünde beýleki ähli mazmunlary özüne birleşdirýär, özüňi alyp barmagyň ýokary derejedäki sazlaýjyşy bolup çykyş edýär. Eger dünýägaraýyş äheňi hasratly bölümlerden we tejribe işlerinde esaslandyrylan bolsa, onda adamyň öz durmuşyndaky çuň we esasly ynamynyň tassyklanylmagyna ýol açylýar. Tassyklanmanyň hökmany gurluş bölegi erkdir we ol bulary dünýägaraýyşdan tapawutlandyrýar. Ýöne tassyklanmalaryň hut özü-de dünýägaraýyşly işiň esasy alamatlary hökmünde seredilip bilner. Garaýyşlar we ynandyrmalar şahsyyetiň ahlak gymmatlyklarynyň ulgamyny döretmek bilen adamynyň beýleki ähli ynamyny kesgitleýän aýgytlaýjy güýje kem-kemden öwrülýär. Adamynyň daşky gurşawy

kemala gelmegine ýardam berýär. Ähli tälimçileriň mugallymçylyk ukybynyň birmeňzeş ösmändigini tejribe görkezdi. Tälimçiniň ussatlygyny haýsydyr bir iki-üç sypatyň kesgitleýändigi seýrek däldir. Ýetmeýän sypatlary ýa ösdürmeli ýa-da onuň üsti ýetirilmeli.

Adam bedeniniň tejribedäki çäklendirilmedik ayratynlyklarynyň üstüni ýetirmek mümkinçilikleri we tälimçiniň şahsyýetindäki tas dolulygyna diýen ýaly üsti ýetirilmeýän sypatlar ussatlygyň diňe zehinli adamlar üçin mahsus däldigi we onuň mugallymyň başarjaňlygyny kemala getirmekligiň hem-de kämilleşdirmekligiň netijesinde ýetirilýändigine esas döredýär.

Tälimçiniň başarjaňlygyny kemala getirmeklige iş tabşyryklarynyň we ugurlarynyň arabaglanyşygy hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Biziň eýýäm ýokarda belleýşimiz ýaly, tabşyryklar anatomo-fiziologiki ukybyň jemini, ýokary nerw işiniň gurluşyny aňladýar, şonuň bilen adam ýagty jahana inýär we ol ýa-da beýleki bir zada bolan ukybyň ösüşini ýeňilleşdirýär. Ukybyň kemala gelmeginiň işjeň tarapy hökmünde her bir işe bolan şahsy gatnaşyklaryň ugurlary çykyş edýär. Şeýlelikde, şahsyyete we tälimçiniň mugallymçylyk işine düşünmegiň açary onuň ugrugan tarapy bolup durýar.

Mazmun şahsyýetiň ol ýa-da beýleki işe bolan işjeň ýapyşmagyny aňladýar. Onuň ýüze çykmagynyň anyk görnüşleri bolup hem berlen işe bolan gyzyklanmasy çykyş edýär. Käwagt gyzyklanma isleglere görä bolýar we olary çagyrýar. Mysal üçin, tälimçiniň topar bilen sapak geçmeklige bolan höwesi öz sport ussatlygyny kämilleşdirmek üçin durnukly islegi ödäp biler. Şeýle islege tälimçiniň aňyna şahsy ukyp-arzuwy hökmünde garanyňda has netijeli täsir edýär.

Tälimçini hünärmen hökmünde ösdürmegiň hökmany şerti daş-töwereginiň gurşawyna höwesiniň gyzyklanmalaryň giňligidir. Kem-kemden onuň gyzyklanmalarynyň köp görnüşliligi ussatlarça gyzyklanmalara öwrülýär. Ol çagalar bilen baglanyşykly tälimçiniň işiniň durnukly saýlan ugurlaryny kesgitleýär. Çagalaryň beden terbiýesine bolan durnukly gyzyklanmasy – tälimçiniň mugallymçylyk başarnygynyň kemala gelmeginiň esasy hasaplanýar.



çagalar inspeksiýasynyň sanawynda duran, kämillik ýaşyna ýetmedik, terbiýesi pes ýetginjeklere gönükdirilmelidir.

Gowy sport netijeleri gazanyp, rekord görkezmegi öwretmekden başga-da ýaş türgene, ilkinji nobatda, sport işinde yzygiderli zähmete söýgüni döretmek endigini, onuň ahlak we erkinlik häsiýetlerini ösdürip berkitmekden ybaratdyr.

Ýaş türgeniň özüni alyp barşynyň hereketlendiriji sebäpleriniň arasynda şöhratparazlyk hem iň soňky ýerde däldigini tälimçi ýatdan çykarmaly däldir. Onda garşydaşy bilen göreşde özüniň artykmaçlygynyň düşünjesi bilen gapma-garşylykly birligi, her zat edip ýeňmegiň islegi we şol göreşi berk düzgünleriň çarçuwasynyň içinde dogruçyl başlangyçlarynda alyp barmak goýlandyr.

Ýaş türgende gowy ahlak terbiýe türgenleşikleriň, ýaryşlaryň, köpçülikleýin işiniň, topar ýoldaşlary, tälimçiler, eminler bilen gatnaşygyň dowamynda toplanýar. Ýaş tälimçiniň ahlak häsiýetleriniň barlygy, köplenç, onuň öz üstünliginiň hasabyna ýoldaşlaryna kömek bermekden bildirýär.

Tälimçi terbiýeleýänlerine aljyramazlygy, alňasamazlygy özlerini ele almagy (özüne erk etmegi) öwretmelidir.

Men-menlige ýol bermezligiň böwedi – tutanýerli häsiýetine – erk etmekde we özüňi ýitirmezlikdedir.

Hakykat yüzünde çykýan ahlak häsiýetleriň korrelasion analizi sport işine gatnaşmagyny, sportda ýokary netijeleri görkezmek maksady bilen baglanyşýan bolsa, bu biri-biri bilen baglanyşyklar birnäçe halatlarda ýaramaz häsiýetde-de bolup biler.

Başgaça aýdanyňda tälimçiniň işi diňe ýokary sport netijäni gazanmaga gönükdirilse, sport hereketiniň durmuşy mugallymçylyk taraplary bilen baglanyşykly bolmasa, ýaş türgeniň şahsyýetiniň ahlak ösüşinde ýaramaz täsirlere eltip biler. Ýetginjekler ýokary sport netijelere okgunlylygyny tälimçä ilkibaşda olary ynsanperwer gymmatlyklar bilen ysnyşmaga, ulanmaga gönükdirmelidir. Eger şonuň ýaly bolmasa, ýokary sport görkezijileri gazanmaga jan etmek ýaramaz ahlaklylyga eltip biler; onuň ilkinji alamaty: öz şahsy bähbitlerine köpçüligiň bähbitlerine tabyn bolmakdan boýun

gaçyrmak; tankyda gulak asmazlyk, özüňe tankydy nukdaýnazardan seretmezlik; hereketlerinde wyždansyzlygyň we pespälligiň görünmeginiň mümkinçilikleri.

Häzirkizaman tälimçisi, umuman alanyňda, köp zatdan baş çykarýan ýokary medeniýetli adamdyr. Ýetginjekleri yzyňa tirkejek bolsaň, olary özüňe çekmeli, olaryň pikirleri we höwesleri bilen ýaşamaly. Bu bolsa öz üstünde irginsiz işleýän medeni derejesini mydama ösdürýän tälimçilere mahsusdyr.

Tälimçiniň ýokary medeniýeti-täzäni duýgurlykda, başlangyçda, ylmy we tehniki ösüşiň hemme mümkinçiliklerini ulanmagyny başarmagynda jemlenip, sport toparynyň terbiýeçilik pursatyny kämilleşdirmegiň esasyny düzýär.

Tälimçiniň paýhaslylygy, onuň mugallymçylyk işini netijeli gurmagy bilen, işleriň hakyky ýagdaýyna ýüz görmän, baha bermegi, goýlan meseleleri çözmegiň ýollaryny oýlanyşykly tapyp bilýänligi bilen kesgitlenilýär.

Ýokary medeniýetli tälimçi mugallymçylygyň psihologiýa, bedenterbiýäniň nazaryýetiniň we tejribeliliginiň täze maglumatlaryndan ugur alyp, pedagogiki işini talabalaýyk öňde goýlan wezipeleri mümkinçiliklere görä alyp barmagy başarýar.

Tälimçi ýaş türgenlerinde orta bilimli bolmalydygynyň – raýat borjudygyny we her bir ýaş adamyň durmuşda zerurlygy bolup durandygyny terbiýelemäge borçludyr. Tälimçi topar bilen işlände döredijilikli we höwesjeňlik bilim almagyny gazanmaly; okuwlaryna ýetişmeýän, sapaklaryny goýberýän, bidüzgünçilik edýän türgenlere gaýra goýman çäre görmeli. Ýaş türgenlerde bilimlerini artdyrmakda, okuw zähmetini guramakda höweslerinde özbaşdaklygyny terbiýelemeli.

Häzirkizaman tälimçisi – bu ýaş türgenleriň terbiýeçiligini başarnykly gurnaýan adam. Terbiýeçilik pursatynda we okuw sport işinde ol täsir etmegiň dürli serişdelerini ulanýar.

Okatmakda we terbiýelemekde tälimçiniň esasy mugallymçylyk serişdeleriniň täsiri onuň sözündedir. Sada we medeniýetli sözlemek mugallymçylygyň usullaryny utgaşdyryp ulanyp bilşinde ýüze çykýar.



işinde has aýdyň ýüze çykýar. Ýaş türgenler bilen we olaryň arasyndaky dawalardan daşlaşmak muňa mysaldyr. Aragatnaşygyň başarjaňlygynda empatiýa uly orun tutýar, ýagny beýleki adamlaryň gaýgy-aladalaryna wagtynda seslenmek. Bu başarjaňlyk diňe bir ýaş türgenler bilen däl-de, çagalar sport toparynyň işine kim çekilen bolsa şolar bilen gatnaşykda-da ýüze çykýar.

**Guramaçylyk başarjaňlygy** tälimçide ýaş türgenleriň ýaşaýşyny we durmuşyny, olaryň okuwyny, zähmetini, dynç alşyny gurnamakda ähli mümkinçilikleri bolan çäreleri geçirmekdäki işeňňirligi, toparyň içindäki işjeň gatnaşyklary dikeltmekde ýüze çykýar. Ýagdaýa baha bermek, netije çykarmak, olary ýerine ýetirmek hem muňa degişlidir. Guramaçylyk başarnygy tälimçiniň şahsy sypatlarynyň uly toplumyna baglydyr (pikiriň çaltlygy we çeýeligi, çözgütlilik, saklanmak, durnuklylyk, talabedijilik, jogapkärçiligi duýmak, ýetginjegiň terbiýesindäki şu we beýlekiler).

**Akademiki başarjaňlyk** (ylmy barlaglara bolan başarjaňlyk, öz tejribäňi baýlaşdyrmak) psihologiýada we mugallymçylykda elmydama kämilleşmek üçin, öz işiňe ylmy-barlag usullaryny ornaşdyrmak tälimçä hökmanydyr.

**Ýörite hünäre görä başarjaňlyk** tälimçiniň mugallymçylyk işiniň hemmetaraplaýyn kämilleşmegi şol ýa-da beýleki sporta bolan ukybynyň ösüşi bilen baglanyşyklydyr. Eger tälimçide, şeýle-de, suratçylyga, saza, tehnika bolan başarjaňlyk hem bar bolsa, onda olary öz işine goşup, ony has baýlaşdyrýar, ýaş türgeni täsirli terbiýelemekligiň çägini has-da giňeldýär. Zehinli tälimçiler birnäçe ýörite başarjaňlygy ele alýarlar, ýagny olaryň umumy we ýörite zehini we mugallymçylyk ukyby ýeke-täk bir maksady düzýär.

## UKYBYŇ KEMALA GELMEGI WE ÖWEZINI DOLMAK

Mugallymçylyk ukybynyň köp görnüşliligi we olaryň beýleki başarnyklar bilen baglanyşyklylygy ýetmeýän sypatlaryň öwezini dolmaga mümkinçilik berýär we tälimçiniň şahsy iş görnüşiniň

zatlary toplamaga, ýetginjegiň her bir synanyşygynda we hereketinde mugallymçylyk ýagdaýy görmäge hem olary içgin seljermegi talap etmäge ýardam berýär. Paýlanylan üns topary we umuman, her şägirdi aýry-aýrylykda gözden salmazlygy talap edýär, munda umumy iş şahsy iş bilen gezekleşdirilýär.

**Konstruktiw (gurluş) başarjaňlyk** ýaş türgenler şahsyýetiniň we toparynyň üstünlikli taslanmagyna hem-de kemala gelmegine şert döredýär. Şolaryň esasynda tälimçi öz işiniň netijesini görüp bilýär, pedagogiki yagdaýlarda şägirdiniň tertibini anyklap bilýär. Muňa mugallymçylyga gönükdirilen duýgular we halypaçylyk taýdan ýygnanan akyl ýardam berýär. Konstruktiw başarjaňlyk tälimçä mugallymçylyk ýagdaýy seljermäge we şahsyýete hem topara islendik ýagdaýda dogry täsir edýän ýeke-täk ynamly serişdäni saýlamaga kömek edýär.

**Didaktiki başarjaňlyk** hödürlenilýän zatlary has ýeterlik derejede bermäge, şägirtleriň şahsyýet aýratynlyklarynyň uýgunlaşmagyna, olaryň özbaşdak pikirleriniň kadalaşmagyna, ünsi gönükdirmäge, gowşaklygy ýeňip geçmäge ýardam berýär. Bu başarjaňlyk tälimçä elmydama ýaş türgene bilim bermekligiň usulyny kämilleşdirmäge kömek edýär, sapaklary döredijilikli geçirmäge ýardam berýär.

**Labyzlylyk başarnyklar** has netijeli mugallymçylyk nukdaýnazardan öz pikirlerini, bilimlerini, ynamlaryny, söz duýgularyny, ýüzüniň keşbi we meňzemeklik hereketleri arkaly ýüze çykýar. Tälimçiniň sözi elmydama içki güýji we ynamlylygy bilen tapawutlanmalydyr. Sözüň medeniýetliligi, oňat äheňi, sözlemleriň açykdan aýdyň düzülişi, stilistiki we grammatiki ýetmezçilikleriň bolmazlygy, dessine we pert gürlemek başarnygy uly ähmiýete eýedir, Öýkünmeklik we meňzemeklik söhbeti has janlandyrýar, ony has keşpli edýär. Tälimçi degişme, ýomak, mähirli oýunlar bilen öz sözüni dürlüçe bezemegi başarmalydyr.

**Aragatnaşyk başarjaňlygy** tälimçä öz şagirtleri bilen has göwnejaý gatnaşyklary ýola goýmaga kömek edýär. Tälimçiniň aragatnaşygy dogry ýola goýmagy başarmagy onuň mugallymçylyk



Ýaş türgenlere täsir etmekde tälimçiniň şahsy häsiýetleri, ylaýta-da onuň syýasy we ahlak taýýarlygy, içki we daşky medeniýeti özüni alyp barşy möhüm serişde bolup durýar.

Tälimçiniň „zähmet gurallaryna” diňe söz, bilim, häsiýet girmän, eýsem onuň işiniň hili, görnüşleri hem oňa degişlidir. Şonuň üçin ýaş türgenleri wagtynda işiň takyk görnüşine çekmek, olara tabşyrylan işi ýerine ýetirmäge höwes, yhlas, zähmetsöýerlik, döredijilik we başlangyçlary guramak möhümdir. Göz öňünde şeýle bir zady tutmak gerek, ýagny şol birmeňzeş mugallymçylyk serişdeleri birmeňzeş şertlerde-de ýaş türgenlere dürli-dürli täsir edip biler: birine gowy, başga birine parhsyz, üçünji birine ýaramaz täsir edip biler. Mugallymçylyk zähmetiniň üstünligi, tälimçiniň ussatlygyna täsir edýän hemme serişdeleri ýetginjekleriň aýratynlyklaryny, hasaba alnan ýagdaýynda, mugallymçylyk işiň geçýän şertlerini nazara alnan wagtynda aýdyň belli bolýar.

Häzirkizaman tälimçisi – bu sporta ýürekden berlen, maksadyna okgunly, täzeliklere we batyrgaý gözleglere ýykgyn edýän ruhubelentligi görkezýän, çalasyn we uzakdan görüji adamdyr.

Tälimçi öňi bilen özünde ukyplylyk, sabyrlylyk, topar bilen uzak wagtyň dowamynda irginsiz işläp, okuwçylarda zähmetsöýerlik endigini terbiýelemegi başarmalydyr.

Çagalar tälimçisi olaryň her maşky ýerine ýetiren işlerini iňňän duýgurlyk bilen synlap, talap edijilikli bolmalydyr. Başgaça aýdanyňda, ol öz hereketleri, bilimi sport ussatlygy bilen ýaş türgenlere nusga bolmalydyrlar. Şeýle talaplary özünde jemläp bilýän tälimçi öz işinde hemişe üstünliklere eýe bolýar.

Tälimçi ýaryşlarda topary elinde saklamagy (dolandyrmagy) başarmalydyr: oýny alyp barmaga görkezme bermek we oýundan soň oňa derňew etmek; taým-autda, arakesmede topara ýolbaşçylyk etmek; ýaryşdan öň we soň hökman her türgen bilen aýratynlykda söhbetdeş bolmak ýaly gatnaşyklar onuň aýrylmaz borjuna öwrülmelidir. Mugallymlaryň, ene-atalaryň, jemgyýetçiligiň kömegi bilen ýetginjeklere täsir etmegi başarmak onuň üçin örän möhümdir. Dürli ýagdaýlarda tälimçi öz şägirtleri barada, olaryň durmuşy,

mümkinçilikleri, hyjuwlary, gyzyklanýan zatlary barada habarly bolmalydyr.

Ýaş türgenleri, sport gözükdirijilerini, jemgyýetçiligi, ene-atalary öňde goýlan maksada okgunly, işeňňir gatnaşmaklaryny gazanmaga ugrukdyrmagy başarmak, olaryň hereketlerine yzygiderli gözegçilik etmek, gerekli kömegi wagtynda bermek gowy tälimçini tapawutlandyrýan görkezijileriň biridir.

Terbiýelemekde we okatmakda üstünlik, gazanmaga hemişe ymtylmak, işjeň tälimçileriň hemrasydygyny ýatdan çykarmaly däldir. Işjeň tälimçi gerekli görkezmäni berip, ony ýerine ýetirmegiň möhletini bellemegi başaryp hem-de nähili hereket etmegini, kemçilikleri bada-bat görkezip, olary düzetmäge kömek bermegi, ahyr netijede köptaraplaýyn ulanylýan sport ulgamlarynyň ýokary üstünliklere ýetirmegini gazanmalydyr.

Häzirkizaman tälimçisi mugallymçylyk işiniň netijelerini yzygiderli hasaba alýan, tejribesinde mugallymçylyk taglymatlary we usuly maslahatlary ulanýan, ýaş türgenlere alan bilimlerini tejribe toplaýan döwründe ulanmagy öwredýän, mugallymçylygyň gazananlaryny hemişe üns merkezinde saklap, derňäp bilýän we ýaş türgenlere täsir edýän iň oňaýly serişdeleri saýlap alýan adamdyr.

Okuw-terbiýeçilik pursatyna täsir edýän sebäpleriň köpgörnüşliligi, tälimçiniň öz şahsy garaýşy, ýaş türgenleriň hereketleri, tälimçiniň işiniň çäksiz çylşyrymlygy, hemişe ýokary netijeli bolaýmaýar. Has hem ýaş tälimçileriň terbiýesinde ähli zady anyk hem hemmetaraplaýyn hasaba almak başartmaýar. Kämahal geçirilen okuw-terbiýeçilik işleriň möçberi mugallymçylyk taýdan çemeleşmeleriň hiline we netijeliligine gabat gelmeýär.

Tälimçiniň mugallymçylyk işiniň hili onuň sportuň anyk görnüşinden taýýarlygynyň derejesi, ýaş türgen baradaky ýerlikli aladalary, mugallymçylyk bilimleri, her türgenleşige ýa-da terbiýeçilik çärä taýýarlygy bilen kesgitlenýär.

Tälimçiniň mugallymçylyk işine nyrh kesmek ýaş türgeniň alan sport endiklerine we başarnyklaryna berlen bahadan, onuň öz



Mugallymçylyk ukyp näme? Tälimçiniň ýokary mugallymçylyk ussatlygy mugallymçylyk ukybyň ösüşine bil baglaýar, ýagny ol mugallymçylyk işiň üstünlikli başlangyjy bolan şahsyýetiň psihiki gurluşynyň jemine baglydyr. Mugallymçylyk ukyp diňe mugallymçylyk bilime, başarnyga we endige däl-de, eýsem tälimçiniň mugallymçylyk tejribesine-de mahsusdyr. Başlaýjy tälimçi ukyply terbiýeçi bolup  biler, ýöne ol heniz öz işiniň ussady däldir. Şol bir wagtda mugallymçylyk ukyby, edil beýleki başarnyklar ýaly, diňe endiklerde we ukyplarda ýüze çykyp biler. Tälimçi näçe başarjaň bolsa, şonça-da onuň mugallymçylyk işinde endikler we ukyplar çalt özleşdirilýär, şonça-da çalt ol öz işiniň ussady bolýar. Şonuň üçin tejribeli tälimçi köp ýyl işlän däl-de, ussatlygyň ýüze çykmagy, kemala gelmegi üçin öz işini aňrybaş peýdalanmagy başarýan kişidir.

Ukyp ýokary ussatlyga ýetmek üçin başlangyçdyr, olar diňe işiň gidişinde kemala gelýär we netijeli ösýär. Şeýlelikde, ukyply mugallymçylyk işi ele almaklygy ýeňilleşdirýär, bu iş bilen meşgullanmak bolsa mugallymçylyk ukyby ösdürýär. Mugallymçylyk ukyp umumy başarnyklaryň esasynda kemala gelýär, emma umumy başarnyklarda tälimçiniň işinde ýaş sportçynyň şahsyýetine özboluşly pedagogiki garaýyş şöhlelendirilýär.

## MUGALLYMÇYLYK UKYBYNYŇ GÖRNÜŞLERI

Mugallymçylyk ukybyna şu aşakdakylar girýär:

**Duýgurlylyk başarjaňlyk** şägirdiň içki dünýäsine aralaşdyrýan, onuň gaýgylaryna we ýagdaýyna düşünýän, onuň şahsyýetiniň akymynyň üýtgeýşini görýän, oňat sypatlaryny belleýän we olary terbiýeçilik işinde ýerlikli ulanyp bilýän, onuň isleglerini we ymtylyşlaryny ýüze çykarýan, onuň nusga hökmünde görýän, has abraýly hasaplaýan adamlaryny bilmek we mugallymçylyk işinde olaryň täsirinden peýdalanyp, mugallymçylyk nukdaýnazaryndan garap bilýän adamdyr. Mugallymçylyk nukdaýnazaryndan gönükdirilen üns ýaş türgen bilen işleşeňde, gerekli bolan möhüm

çykarmakdyr. Pikiriň çaltlygy onuň takyklygyna we çeýeligine baglydyr.

Käbir alymlar pikiriň tebigylygyny we soň ele alnandygyny tapawutlandyrypdyrlar. Tebigylyk adamyň tebigy hakdan içenligini, soňra ele alnany bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklar bilen baglydygy bilen düşündirilýär. Başgaça aýdylanda, şahsyýet jemgyýetçilik gatnaşyksyz ýaşamaýar, şeýle hem onsuz adam ukyby-da bolmaýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklary üýtgände adamyň ukyby, başarnygy-da üýtgeýär.

Ukyp bu diňe bilimler, başarnyklar we endikler däldir, bu ol ýa-da beýleki işde çalt hem üstünlikli ýokary netijelere ýetmekligiň amatly başlangyjydyr.

Ukyp diňe iş pursatlarynda ýüze çykarylýar. Ukyp we onuň ösüş derejesi durmuş ýagdaýa-da baglydyr. Olar adamynyň ähli ömrüniň dowamynda ösýär we ýagdaýlar bilen şertlendirilýär, gowulanýar, terbiýelenýär. Şol bir wagtda olaryň ösüşi bedeniň gurluşynyň aýratynlyklaryna bagly däldir diýlen tassyklama eýerilse ýalňyş bolardy. Ukybyň birnäçesi adamyň anatomo-fiziologiki gurluşy bilen baglanyşyklydyr, ýagny ol ýa-da beýleki başarnyklaryň ösüşini ýeňilleşdirmeklik bilen paýhasly ukybyň ösmegi üçin beýniniň işiniň funksional aýratynlyklary uly ähmiýete eýedir: oýaryjylyk, nerw hereketleri, nerw baglanyşyklarynyň çaltlaşan duýgulary. Akyl işinde nerw pursatlarynyň hereketi juda ýitilikde ýüze çykyp biler.

Emma eger durmuşyň we terbiýäniň şertleri amatsyz bolsa başarjaňlyk ukyba öwrülmeýär. Şonuň bilen bir wagtda ukyplylygyň birmeňzeş däldigini göz öňüne tutmaly, başarnyklaryň kemala gelmegi adamyň ýaşaýan şertlerine, onuň alyp barýan işlerine-de baglydyr.

Anyk bir adama degişli bolan we onuň işini aýratyn üstünlikli ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän zehinlilik has gowy ukyp hasaplanylýar. Ýokary derejede ösen we zähmetsöýerliligi bilen berkidilen zehinlilik talant diýlip atlandyrylýar. Jemgyýetçilik durmuşy üçin taryhy ähmiýeti bolan ylmy açyşlar mysalyndaky zehinliligiň ýokary derejesi geniallyk diýlip atlandyrylýar.



toparynda tutýan ornundan we tälimçiniň taýýarlygynyň bahasyndan jemlenýändir.

Öz işiniň netijesine baha bermek tälimçä kynrakdyr, sebäbi edilen ädimler, duýgular, bilimler syn edilýär, olar welin sebäpler, garaýyşlar, ynandyrmalar bilen şertleşilendir. Başgaça aýdanyňda, baha bermek ýaş türgeniň daşky hereketlerini, mümkin boldugyça, içki dünýäsini hem görkezmelidir.

Tälimçiniň işiniň netijelerini hasaba almak meselesi okuw-terbiýeçilik işiniň soňky netijeleriň we bahalandyrmagyň ölçegleriniň kesgitlemesi bilen baglydyr. Bu görkezijiler ýaş türgenleriň özlerine amatly çäreleriň gyýtaklaýyn maglumatlaryny öz içine alýar. Ýöne bu çäräniň özi, çagalar sport köpçüliginiň ýetişigi, ýaş türgenleriň ösüşi, olaryň alan sport endiklerine ýa-da ahlak gatnaşyklaryna, toplan tejribesine şaýatlyk edýän däldir.

Hemme zat bu çäräniň taýýarlanylyşyna we geçirilişine baglydyr, bu çäräniň pedagogiki medeniýetiniň beýikligine kollektiwiň ahlak durmuşyna, ulanylan usulyýetine baglydyr.

Terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly gürrüň başlananda, ilki bilen çagalar sport köpçüliginiň ösüş derejesi, türgeniň şahsyýeti, onuň (sport we ahlak) ösüşi öňe geçýär. Ýetginjekler bilen sport köpçülikleýin işiniň netijeliligi şu aşkdakylar bilen kesgitlenilýär:

*1. Sport köpçüliginiň ýetişenliginiň derejesi:*

a) sport we jemgyýete haýyr getirjek işlerini ýerine ýetirmegiň taýýarlygy;

b) köpçüligiň işjeňligi, guramaçylygy we kynçylyklardan çykmak ukyplylygy;

ç) köpçüligiň her bir agzasy barada alada, köpçüligiň her bir agzasynyň jogapkärçilikli garaýşy;

*2. Ýaş türgeniň edep derejesi:*

a) çagalar köpçüliginiň işine jogap berýän ol we onuň ýoldaşlarynyň sport toparyna degişlilik duýgusy: okuwda, işde, durmuşda;

b) sport köpçülikleýin çärelerde üstünlikli gatnaşygyna, olaryň geçiriş hiline;

ç) sport köpçülikleýin we jemgyýete haýyr getirjek işlerini, oýunlaryny geçirmekde belli bir endiklere we bilimlere eýe bolmak. Guramaçylyk we sport endikleri has wajypdyr.

d) ýaş türgeniň zähmete, sporta, öz borçlaryna, mähriban Watanyna, tebigata ahlak garaýşynyň tejribesi – terbiýeçilik işiniň esasy derejesidir. Ýaş türgenler bilen alnyp barylýan köpçülikleýin işiň ählisi ýokary ruhy-ahlak derejesiniň ýokarlanmagyna gönükdirilendir.

Öňdebaryjy mugallymçylyk tejribäniň derňewi ylmy gözlegleriň wajyp esasydyr. Ony ulanmak üçin tälimçi birnäçe meseläni çözmelidir. Birinjiden, öňdebaryjy tejribäni tapmaly. Onuň üçin umumy alamatlary bilmek azlyk edýär – ony köplügiň tejribesinden tapawutlandyrmagy başarmaly, şu tejribäniň öňdebaryjydygy barada anyk subutnamalar bolmalydyr. Ikinjiden, öňdebaryjy tejribäni öwrenmek zerurdyr, onuň esasy çar-çuwallaryny kesgitlemeli. Üçünjiden, islendik hadysa, eger-de ony başga hadysalardan üzňe baglanyşyksyz alsalar dogry öwrenilip bilinmez. Diňe „bitewi tejribe" karara gelmäge esas bolup biler. Şeýle bütewilige diňe öňdebaryjy tejribeligi öwrenilende, toplumlaýyn çemeleşilende gelnip bilner.

Häzirkizaman tälimçisi – ýaş türgenlerde başlangyçlygy we özbaşdaklygy ösdürýän, kynçylyklary ýeňmegi öwredýän, sportuň dürli görnüşinden ýaş kömekçileri taýýarlaýan adamdyr.

Şunuň bilen birlikde tälimçi şägirtleriniň şu aşakdakylary ýerine ýetirip bilmeklerine ymtylýar: öz sport işiniň maksadyny kesgitlemek; hereketleriniň meýilnamasyny düzmek; sport toparynda şol meýilnamanyň ara alnyp maslahatlaşylmagyny guramak; türgenleşik we ýaryş geçiriljek ýerlerini enjamlaşdyrmak; sport enjamlaryny taýýarlamak; dürli tabşyryklary ýerine ýetirmek üçin ýoldaşlaryny ýerli-ýerinde goýup, olaryň wezipelerini paýlamak; geljekki türgenleşikler we ýaryşlar bilen ýoldaşlaryny höweslendirmek; toparda tehnikanyň esaslaryny ulanmaga, dürli maşklary has gowy ýerine ýetirmek boýunça özara ýaryş gurnamak; täze başlaýanlara we yza galýanlara kömek bermegi ýola goýmak; olimpiýa oýunlaryna dünýä we Ýewropa çempionatlaryna bagyşlanylan çäreleri geçirmek; öz ýoldaşlarynyň agzybirligini gazanmak; garaşylmadyk ýagdaýdan



# TÄLIMÇINIŇ USSATLYGYNYŇ KEMALA GELMEGINIŇ BAŞLANGYÇ ŞERTLERI

## Mugallymçylyk ukyby

*Ukybyň umumy häsiýetnamasy*. Ukyp bu işiň bir ýa-da birnäçe görnüşini üstünlikli ele almak we olary ýerine ýetirmek üçin adama mahsus bolan başlangyç bardyr.

Ukyp, mysal üçin, tälimçiniň mugallymçylyk işinde uly ähmiýeti bolan synçylyk, görmek we duýgurlyk arkaly emele gelýän ýiti ýatkeşlik, hakyky sportçy hökmünde joşgunly tehniki taraplary aýyl-saýyl göz öňune getirmekdir. Ukyba akylyň hem köp görnüşi, ýagny mysal üçin, tankyt, ýagny pikirleriň işine berk baha bermek başarnygy, ähli netijeleri kanagatlanarly we kanagatlanarsyz ölçermek, hemmetaraplaýyn barlamak degişlidir. Tankydy akyl bu adalatly hem talaply akyldyr. Iş wagtynda tälimçi duýgulary güýçli ösen ýaş sportçular bilen duşuşmaly bolýar. Bu ýetginjekler aýratyn ünsi talap edýär, olaryň terbiýesine tankydy nukdaýnazardan seredilýär. Bu baý duýgularyň berk we adalatly pikirler bilen birleşende, döreýän döredijilik işinde has-da zerurdyr. Tersine, duýgular, adalatsyz, tankytsyz akyl adamy durmuşa bap gelmeýän taslamalar esasynda ýaşaýan we ýerine ýetirip bolmajak meýilnamasyz oýlap tapyja öwürýär.

Wajyp başarnyk pikir azatlygy diýlip düşünilýän akyl çeýeligidir, wezipäniň ýagdaýy we şerti üýtgände ukyp öz çözgüdini tapýar. Akylyň çeýeligi şol birmeňzeş emelleriň täsiri arkaly ýüze çykman, eýsem emelleri dürlüçe üýtgedip, çözgüdiň täze görnüşlerini tapýar.

Ähli hadysalary tutuşlygyna ele almak ukybynda anyk pikir möhüm orun tutýar.

Pikirlenişiň çaltlygy ýokarda agzalan akyl sypatlarynyň ýokary ösüşiniň netijesi hökmünde, gerek wagtynda akylyň ähli güýjüni kadalaşdyrmak başarnygydyr we pikiriň ýokary işjeňligini ýüze

Mugallymyň güýçli erkine, berk häsiýetine edebiýatda uly ähmiýet berilýär. Tejribeli tälimçileriň aýdyşyna görä öz toparyňa gelen täze türgenler bilen iş geçireňde, zerur häsiýetler şulardyr: ýaş türgeniň mertebesini saklamak, onuň bilen uly adam bilen gürleşen ýaly gürleşmegi başarmak, edeplilik, mähirlilik, üns berijilik. Täze gelenler bilen şeýle gatnaşyk bolsa olarda tälimçini sylamak, ynam, ýagşy niýetlilik döredýär.

Täze gelenler, ilki bilen tälimçini sportuň anyk görnüşinde hünärment hökmünde bahalandyrýarlar – ol sporty bilýärmikä, ol ýa-da beýleki hereketi görkezip bilýärmikä, şägirdi gyzyklandyryp, öwredip bilýärmikä diýen soraga jogap gözleýär.

Täze gelenlere başda tälimçiniň bilimine, ukybyna dogry baha bermek kyn bolýar. Şol sebäpden türgenler öz garaýşyny tälimçiniň gyzykly okatmagyna, türgenleşdirmegi oňaryp geçirişine görä sylaýarlar.

Ýaş türgenler tälimçide dogumlylyga uly üns berýärler. Tälimçi türgenleriň psihologiýasyna, edepliligine, ýagşy niýetliligine, sabyrlylygyna düşünmelidir.

Ýaş türgenler tälimçiniň daş sypatyna, gürleýşine, edebine, eşigine-de ähmiýet bermelidir.

**Öz-özüňi barlamak üçin soraglar:**

1. Tälimçiniň işine esasy edilýän talaplar haýsydyr?
2. Tälimçiniň wagyz-nesihat işiniň netijeliligi nämeden ybarat?
3. Ýetginjekler bilen alnyp barylýan sport-köpçülikleýin işiniň netijeliligi näme bilen ölçenilýär?
4. Tälimçi öz işinde nähili esasy meseleleri çözmeli?
5. Tälimçiniň şahsy häsiýetleriniň düzümi we olaryň onuň alyp barýan işine edýän täsiri?
6. Tälimçiniň abraýy nämelerden emele gelýär?



baş alyp çykmak; sport tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek; netijeleri jemlemek; bedenterbiýe sapagyny geçirmekde mugallyma kömek bermegi guramak.

Häzirkizaman tälimçisi sportuň dürli görnüşleriniň instruktorlarynyň şu aşakdakylara okgunlygyna aýratyn üns bermelidirler: ýaş türgenlerde sporta söýgini döretmek; öz deň-duşlaryna açyk ýürekli we sypaýy bolmak; olary diňläp, netije çykarmagy we ugur salgy bermek, ýetmezçiligi düzmegi başarmak; çagalaryň kömegi bilen yza galýanlara kömek guramak; aýdylanlaryň adalatlydygyny hemmesiniň düşünmegini gazanmak; öz yhlasyň bilen oglanlara täsir etmek, üstünlige ynamly bolmak; öz tabşyryklaryňy çürt-kesik ýerine ýetirilmegini diňe seýrek duş gelýän ýagdaýlarda talap edip ylalaşykly bolmak; tabşyryklary diňe ökdelere berip çäklenmezlik; tabşyrygy bereňde onuň oňaýly ýerine ýetirmegine we pikir etmegine mümkinçilik bermek; tabşyryklary paýlanyňda ýoldaşlaryň isleglerini göz öňünde tutmak; öz bilimiňi artdyrmak üçin edebiýatlary okap, gollanmalar edinmek; sport täzeliklerine tomaşa edip, okap öwrenip, öz türgenleşişiňde ulanmak; ertirki üstünlik barada pikir etmek; türgenleşige mydama şähdaçyk, şadyýan, ruhubelent gatnaşmak; gazanylýan sport üstünliklerini öz adyňa geçirmezlik. Oglanlaryň özleriniň duýmaklaryny, buýsanmaklaryny gazanmak, ýadawlyklaryny garşydaşlaryna bildirmezlik ukybyny toplamak; toparda täsirli görkezme esbaplaryny döretmek we dürli-dürli çäreleri geçirmek; düzgün bozujylara çäre görmegi başarmak; türgenleşýänlaryň özüniň we ýoldaşlarynyň ene-atasyny türgenleşige çagyryp gyzyklandyrmak; ukyply, emma ynjyk ýoldaşyňa ynananyňdan, erkli ýoldaşyňa ynanmagy öwretmek; işden gaçman çydamlylygy gazanmak we ş.m.-ler gözlemeli.

Häzirkizaman tälimçisiniň işinde esasy orun sport görnüşleri boýunça gözükdirijiniň özbaşdak tabşyryklarynyň ulgamyna uly orun berilýär. Mysal üçin, tabşyryk şeýle bolup biler:

| Ýerine ýetirýär | | Maslahat berilýär |
|---|---|---|
| 1. | Öz işiňi meýilnamalaşdyr. | Onda türgenleşikleriň, ýaryşlaryň, duşuşyklaryň, syýahatlaryň ýerini belle. |
| 2. | Türgenleşik okuwynyň geçirilimeginiň meýilnamasyny düz. | Bu meselede saňa bedenterbiýe mugallymy, tejribeli türgen, tälimçi kömek berer. |
| 3. | Öz toparyňda her gün ertirlik maşklary ýerine ýerililmegini gurna. | Ertirki maşklar 20-30 minut dowamlygynda geçirilýär we öz düzüminde ylgaw, gimnastika we güýç maşklary alýar. |
| 4. | Sport edebiýatlarynyň kitaphanajygyny toplamaga başla. | Köpçülikleýin okamany gurna. Sport we şahsyýet bilen baglanyşykly kitaplara aýratyn üns ber. |

Gözükdirijiler esasynda okadanda, tälimçi olaryň deň-duşlary bilen geçirýän türgenleşikleri gyzykly we topar üçin netijeli bolmagyna ymtylmalydyr. Tälimçiler gözükdirijilere köpräk ýokary derejeli türgenleriň telewideniýedäki çykyşlaryny görmegi, soň hem derňemegini, „sport" gazetlerindäki hasabatlary okamagy, sport hünärmenleriň makalalary bilen tanyşmagy maslahat bermelidir. Gözükdirijileriň şy aşakdakylara ukyply bolmagyna aýartyn üns berilmelidir: maşklary, tehnikanyň we taktikanyň esaslaryny görkezmäge; depderde öz tejribesini ýazmaga (çepde -üstünlikler, sagda - şowsuzlyklar); öz işini derňemek; türgenleşigi has gowy geçirmegini ýa-da ýaryşda çykyşyny ýoldaşlary bilen maslahatlaşmagy; toparda düzgüni tertipleşdirýär (5-10 minut öňünden nobatçy türgenleşige çykmalydygy barada bildiriş edýär. Gözükdiriji birinji çykýar. Türgenleşikden soň ol sport meýdançasynda galýar we gerekli türgenleri alyp galýar, olar bile gürrüňleşip, jedelleşmäge ýoldaşlaryna tertip öwretmek (hemmesi bilýändir sabyny, enjamlary ýygnaýar hem bejerýär); türgenleşigiň ýazgy beýanyny düzmek; ýoldaşlaryna öz pikirini aýtmaga mümkinçikleri döretmek. Ýoldaşlaryny diňlemegi oňarmak; gowulardan görelde almak. Emelsizleri köpçüligiň özi terbiýeleýän ýagdaýyny döretmek.



onuň tarapdary bolmaly, onuň ene-atalary bilen habarlaşmaly, öziňi alyp barmak duýgularyny ösdürmeli; oýna düşünmeli, dartgynly ýagdaýy aýyrmaly; ownuk ýalňyşlara geçirimlilik etmek, hiç haçan sesiňi gataltmazlyk. Bular tälimçä has oňaýly täsir getirer, türgene dartgynly ýagdaýda-da özüni edepli alyp barmak endigini öwreder. Ýoldaşlaryň ýanynda ýaş türgeniň ýüzüni almakdan saklanmaly. Ýalňyşlyk goýberiläýen bolsa ony boýun alyp, günäkär bolsaň ötünç soramagy öwretmeli. Öz ýalňyşyňy boýun almak, tälimçiniň abraýyny şägirtleriň öňünde artdyrýar we dogruçyllyga, özüňe taňkydy nukdaýnazardan seretmäge esas bolýar.

Çagalar sport toparynda tälimçiniň abraýy uly pedagogiki ähmiýetlidir. Tälimçiniň abraýy näçe uly bolsa, şonça-da onuň öz şägirtlerine täsiri uludyr. Sportda özüni tapan çagalaryň köpüsi üçin abraýly, sylanýan tälimçi, aňyrbaşy adam bolup durýar, şoňa-da olar durmuşda meňzäsleri gelýär.

Ýaş türgenlerde fiziki, ruhy ösüşinde sport bilen meşgullanyp başlan döwründe özüne, öz şahsy durmuşyna gyzyklanmalaryň artyp başlaýandygyny tälimçi hökman bilmelidir. Olar özüni kämilleşdirmek maksatlaryna eýe bolýarlar. Has gowy owadan hem güýçli bolaslary gelýär. Şol sebäpli tälimçiniň esasy ünsi ýaş türgeniň şahsy häsiýetlerine çekilmelidir.

Şeýlelikde, tälimçi bilen ýaş türgeniň arasyndaky gatnaşyklarda esasy orun tälimçä berilýär. Tälimçiniň gowy şahsy häsiýetli ýaş türgenler bilen arasyny kadalaşdyrjak şertleriň biridir. Bar zadyň, ebedi abraýyň ýokdugyny takyklamaga esas bardyr diýip alymlar aýdýarlar. Tälimçiniň abraýy onuň hakyky artykmaçlyklaryndan we kemçiliklerinden düzülýär. Onuň azda-kände kemçilikleri bar bolsa-da, onuň öwezini dolýan gowy tarapy, artykmaçlygy bilen tälimçiler abraýly hasaplanyp bilner. Öwezini dolmagyň iki görnüşi bar – düşünmän we doly düşünip.

Düşünmän öwezini dolmak tälimçiniň erkine bagly bolman geçýändir. Ýok ýa-da ýeterlik derejä ýetmedik şahsy häsiýetler ýüzüniň ugruna gowy häsiýetler bilen öwezi doldurylýar.

## TÄLIMÇINIŇ ŞAHSY HÄSIÝETLERI WE ABRAÝY

**Tälimçiniň şahsy häsiýetleri.** Tälimçiniň häsiýeti onuň mugallymçylyk işinde has-da aýdyň bolýar.

Birinjiden, tälimçiniň ruhy baýlygy, syýasy gatnaşygy we ahlak häsiýetleri girýär. Tälimçi mugallymçylyk işde ýetginjeklere öz sport tejribesini öwretmegi maksat edinýär. Öz gezeginde ýetginjeklerde hem tälimçi halypasyna meňzemek islegi döreýär.

Ikinjiden, goşmaça gurluşa tälimçiniň şu aşakdaky häsiýetleri girýär: terbiýelenýänleriň okuwyny we dynç alşyny guramak ukyby; hünär häsiýetleri; endikler we däpler. Tälimçiniň işjeň häsiýetlerine degişli: sportuň bir görnüşini bilmek, anyk sport ukyplaryna eýe bolmak; okadyşyň hili; guramaçylyk ukyby, işe garaýşy, talapkärçilik, agraslyk, öz diýenlilik, tutanýerlilik.

Üçünji, goşmaça gurluşa psihologiki taýdan şahsy aýratynlyklar öňe çykýar: okamyşlyk, akyl, huş, pikirlenme. Duýgy erk häsiýetlere girýär: özüňe erk etmek, sabyrlylyk, dogumlylyk, şähdaçyklyk.

Dördünji, goşmaça gurluşa tälimçiniň şahsyýetiniň dinamiki aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär: ýaşy, jynsy, hyjuwlylygy we ş.m.

## TÄLIMÇINIŇ IŞINIŇ TÄSIRLILIGI WE NETIJELILIGI

Tälimçiniň abraýy onuň dünýägaraýyşlarynyň we ynamlarynyň esasynda emele gelýär. Edýän hereketleriniň, diýýän sözleri bilen çapraz gelmegi şahsy abraýa uly täsir edýär. Tälimçiniň şahsy abraýy ene-atalar, jemgyýet, kärdeşler, şägirtler bilen takyklanan dogry gatnaşyklary guramak ukybyna-da baglydyr.

Terbiýelenýänlere täsiriň netijeliligi, tälimçiniň abraýyndan gelip çykýar. Abraýly tälimçiniň sözi kanundyr. Tälimçiniň abraýy şu aşakdakylara esaslanýar: terbiýelenýäni gowy görüp düşünmeli,



Gözükdirijiler bilen alyp barýan işinde, tälimçi olarda sportuň dürli görnüşleriniň işeňňir guramaçysy bolar ýaly häsiýetleri terbiýelemek üçin birnäçe usullary ulanyp biler: tabşyryklar, maslahatlar, ýaş tälimçiniň şahsyýetine ýüzlenme. Mysal üçin, gözükdirijä tabşyryk şeýleräk bolup biler:

„Seniň wezipäň – ýoldaşlaryňy, kiçi we orta ýaşly okuwçylary sport bilen meşgullanmaga ruhlandyrmak”

Üstünlik, esasan, saňa bagly bolar. Saňa ýoldaşlaryň ynanarmyka? Yzyňdan giderlermikä?

Mümkin saňa sport ýolbaşçysy bolmaga häsiýetiň ýaramaz endikleri päsgel berer.

Öz hereketleriňe, özüňi alyp barşyňa üns ber!

Öz-özüňe baha ber: öz üstünlikleriňe, ýalňyşlaryňa nähili garaýarsyň?

Özüňi terbiýele – özüňe syn etmegiň we baha bermegiň kömegi bilen soraga jogap ber: „ Men nähili bolasym gelýär?”.

Sport gözükdirijisi bolmagyň höwesine eýe bolaňsoň, garaşylmadyk päsgelçiliklerden geçmäge taýýar bolmagy öwren”.

Tälimçiniň işiniň şeýle çylşyrymly taraplarynyň bolýandygyna onuň aýratyn wezipe borçlaryna göz aýlamagyň zerurlygyna aýratyn talap bildirilýär.

## TÄLIMÇINIŇ BORÇLARY

Tälimçi dürli meseleleri çözmeli bolýar: guramaçylyk, mugallymçylyk, hojalyk-üpjünçilik, önümçilik, dolandyryş we başgalar. Şonuň bilen bir wagtda önümçilik meselesi hem, mugallymçylyk hem, guramaçylyk hem, ykdysadyýete degişli bolup biler. Dolandyryş meselesiniň çözgüdi bir wagtda hem çagalar sport köpçüligine, hem aýratyn terbiýelenýäne täsir ediji serişde bolup biler. Şol sebäpden hem tälimçi öz işiniň baş maksadyny, ýagny

sazlaşykly ösen şahsyýeti terbiýelemekligi kämahal gözden salýar, ünsden düşürýär.

Tälimçiniň işi mugallymçylyk işiniň bir görnüşi bolansoň, ol umumy mugallymyň wezipelerini ýerine ýetirýär, emma soňabaka çagalar sport köpçüliginiň özüne mahsus bolan terbiýeçilik mümkinçilikleri tälimçiden birnäçe özboluşly wezipeleri ýerine ýetirmegi talap edýär.

Tälimçiniň iş ulgamynyň kesgitleýji esasy sport topary bilen okuw-terbiýeçilik maksatlarydyr. Tälimçä diňe mugallymçylyk derejesinde ruhy, syýasy meseleleri üstunlikli çözmek başardar.

**Tälimçiniň baş wezipesi** jemgyýetçilik ösüşiniň zerurlyklaryny mugallymçylyk meselelerinde ýerine ýetirýär. Bu wezipe ilkibaşda uzakdaky maksady bellemegiň ukyplylygyny, göz öňünde tutýar. Bulardan başga-da bütin sport topary üçin, ol ýa-da beýleki ýaş türgenleriň toparlaryna we aýartyn şägirtlere degişlilikde gysga möhlete mugallymçylyk meselelerini anyk aýtmak mahsusdyr.

**Tälimçiniň ikinji wezipesi** köpçüligi iş hereketiniň eýesi (subýekti) ýerine goýmakdyr. Bu ýaş türgenlerde başlangyjyň, we özbaşdaklygyň ösdürilmeginiň, öz-özüňi terbiýelemekligiň açarydyr. Tälimçi mugallymçylyk meselelerini çagalar köpçüliginiň meselelerine öwürmegi başarmalydyr. Diňe şu şertde terbiýäniň obýekti sport köpçüligi terbiýäniň subýekti bolup durýar. Bu iş we ýagdaý ynandyrmak usulyny ulanylmaklygy göz öňünde tutýar; terbiýelenýänleriň aňyna täsir edip, hereketiň we alyp barmagyň sebäplerini düzýär, köpçüligiň we şahsyýetiň işini guramak hem-de höweslendirmek usulyny ulanmagy göz öňünde tutýar.

Ýaş türgenleriň ömür mazmuny sport köpçüliginiň, tälimçiniň edinen mugallymçylyk biliminiň täsirli usullaryndan, olaryň hereketleriniň görnüşlerinden aýrylmasyzdyr.

Terbiýelemekde toplumlaýyn çemeleşme birnäçe esaslar bilen häsiýetlendirilýär. Birinjiden, häzirki döwürde jemgyýetçilik durmuşyň ykdysady, durmuş, ideologiki faktorlaryny hasaba alman, çagalar sport köpçüliginde ýokary netijeleri gazanmak mümkindir. Ikinjiden, sport toparynyň we maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetçilik



Tälimçä ýörite bilimler, ýagny bedenterbiýe we sportuň nazaryýeti hem-de usulyýeti zerurdyr. Sport ulgamyndaky açyşlar häzirki döwür ylymlaryň hemmesiniň biri-biri bilen kesişýän nokatlarynda döreýändirler diýen pikirler bar.

**Tälimçi-psiholog.** Ökde tälimçiler ýaş türgeniň ahlak nusgasyny, modelini işläp düzýärler. Modele ahlak sypatlardan başga-da ýörite sypatlar we häsiýetler girýändir. Mysal üçin sport abraýy, özüni alyp barşynyň durnuklylygy, sport göreşiniň çylşyrymly ýagdaýlaryndaky çydamlylyk… Şol modeliň kömegi bilen tälimçi öz şägirtleriniň psihologiki aýratynlyklaryny öwrenip, olarda ruhy-syýasy we ahlak kadalaryny terbiýeleýär. Tälimçi-guramaçy. Tälimçiniň guramaçylyk işi onuň hakykat ýüzünde meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişidir.

Tälimçiniň konstruktiw we guramaçylyk işinde mugallymçylyk ussatlygyň derejesi üýtgeşik bolup biler. Kämahal tälimçiniň meýilnamalary, usuly görkezmeleri göreldeli ýazyp, türgenleşikleri welin guramaçylyksyz, şowsuz geçirilýär.

Tersine, käbir tälimçilerde gowy işlenilen usuly görkezmeler bolmasa-da türgenleşikler gyzykly we guramaçylykly geçirilýär. Tälimçiniň guramaçylyk işindäki üstünlik gös-göni onuň türgenleşikleriniň gurnalyşy, özüni alyp barşy bilen bolan baglanyşygyndan gelip çykýar.

Günüň dowamynda ediljek iş meýilnamalaşdyrylanda, tälimçi türgenleşikleriň, ýaryşlaryň geçirilýän wagtyny göz öňünde tutmalydyr. Ýaş türgenleriň belli bir sagatlarda türgenleşik geçmegi öwretmeli. Şol bir wagtda türgenleşigiň we okuwyň arasynda dynç almak üçin berilýän wagt ýeterlik bolmalydyr.

Tälimçiniň üstüne uly hojalyk we guramaçylyk aladalar hem ýüklenilýär: ýaş türgenleri sport enjamlar, eşikler bilen üpjün etmek, türgenleşikleri geçirer ýaly amatly şertleri gurnamak we ş.m. Toparyň soňky netijeliligi tälimçiniň şu meseleleri üstünlikli çözüşi bilen gös-göni baglydyr.

ýetirilýär. Terbiýeçilik gatnaşyklarynyň ulgamynda tälimçi hem ýaş türgenleriň ýolbaşçysy, hem mugallym we terbiýeçi, hem öz dünýägaraýşyna, ahlak sypatly kesgitlenen hünär aýratynlygyny jemleýän adam bolup çykyş edýär. Ol ýaş türgenlere ýörite bilimleri we endikleri bermek bilen çäklenmän, işe jogapkärçilikli garamagyny, şahsy mysalynyň üsti bilen öz borçlaryna ak ýürek bilen garamagy görkezýär, özüňi alyp barmagyň ýokary ahlak nusgasy bolup durýar. Daşary ýurt alymlary tälimçiniň iş ukyplaryny öwrenmek meselelerini ünsden düşürenoklar. Tälimçiniň işiniň mugallymyň işine baglydygyny alymlar takyklapdyrlar:

1) tabşyryklary öwrenmek mugallymyň öwredýän zatlaryny okuwçylara ýetirişi bilen baglanyşykly;

2) okuwçylaryň sapak bilşiniň derejesi mugallymyň sapagy öwrediş usulyna bagly;

3) okuw otagyndaky mähirlilik esasy mugallyma bagly, mugallym okuwçylary belli bir derejede gözastynda saklap, hereketlere erkinligem bermeli.

“Aňyrbaşy gowy, göreldeli tälimçi dogumlydyr, pähimlidir, özem pikirlerini dürs aýdyp bilýän, ýeterlik duýgurdyr”[2].

Tälimçi nazaryýetçi hem tejribeli adam. Tälimçiniň bilimi jemgyýet-syýasy, psihologiki mugallymçylyk, mediko-biologiki bilimlerden düzülýär.

Jemgyýetçilik-syýasy bilimler tälimçiniň dünýägaraýşynyň nazary esasyny düzýär.

Tälimçiniň hünär taýýarlygynyň mazmunyny psihologiki mugallymçylyk bilimler kesgitleýär.

Tälimçiniň biliminiň ýöriteleşdirilen tapawutly düzümi anatomiýany, biomehanikany, fiziologiýany, gigiýenany, lukmançylyk gözegçiligi, bejeriş bedenterbiýesidir. Bu bilimler tälimçä fiziki maşklar bilen türgenleşýänleriň bedenine, süňňüne sowatlylyk bilen täsir etmäge mümkinçilik berýär.

2 Б.Дж. Кретти, «Психология в современном спорте», М. 1978., с. 89-90.



guramalarynyň we beýleki terbiýeçilik edaralaryň birleşen terbiýeçilik işleri barada alada etmek zerurdyr. Goýlan maksatlary ýerine ýetirmek üçin hemme terbiýeçilik serişdelerini meýilnamalaşdyrmak we sazlaşdyrmak zerurdyr. Üçünjiden, terbiýeçilik meselelerini üstünlikli çözmegi çagalar sport köpçüliginiň aýratynlyklaryny, psihiki-mugallymçylyk häsiýetnamalary, mümkinçilikleri öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Dördünjiden, köpçüligiň durmuşyny we işini guramagyň möhüm şerti ýaş türgenleriň özbaşdaklygyna olaryň ruhy-ahlak terbiýesine ýolbaşçylyk etmek, çagalaryň ýaş we şahsy aýratynlyklaryny hasaba almakdyr. Bäşinjiden, täsirli terbiýeçilik bilen hemme ýetginjekleri gurşap almak we olary döredijilikli köpçülik işine çekmeli.

**Tälimçiniň üçünji wezipesi** – ylmy derňewiň usullarynyň kömegi bilen terbiýeçiligiň görnüşleriniň, usullarynyň, serişdeleriniň täsirliligini hasaba almak we ulanylýan tärleriniň ulgamyny we yzygiderligini sazlaşdyrmakdan ybaratdyr. Mugallymçylyk gözlegleriň usulyýetini bilmek tälimçä hökmandyr. Sebäbi şonuň kömegi bilen ol öz işiniň netijeliligini, artdyryp, hakykatdan hem anyk pursaty öwrenýär. Terbiýeçilik sungatyny ele alýar.

**Iş hereketiniň gurlusy**. Tälimçiniň hünär wezipeleri onuň iş hereketiniň düzüjilerinde görünýär we taslamalaşdyryşy, konstruktiw, guramaçylygy, habar alşy, maglumat toplaýşy we akyl ýetirşi öz içine alýar.

Tejribelikde konstruktiw düzüji bilimleriň düzümini öwrenmekde, didaktiki meseleleri çözmegiň usullarynyň aýratynlyklarynda, türgenleşigiň meýilnamasynda bildirýär. Akyl ýetiriş komponenti okuw pursatynyň taslamalaşdyrylmagynda we konstruksiýa-laşdyrylmagynda ýoldaşlyk edýär. Sebäbi tälimçi öz tejribesini derňeýär, pedagogiki we ýöriteleşdirilen bilimleri alýar. Ýerine ýetiriş döwründe haçan-da „tälimçi – ýaş türgen” ulgamy birleşende, habar alyş we guramaçylyk düzüjileri köplük edýär. Olar tematiki-senenama we sapakma-sapak maksatnamalaşdyrmakda görünýärler.

**Taslamalaýyş we konstruktiw düzüjiler** – bu tälimçiniň şu aşakdakylary öňünden görmegi we taslamalaşdyrmagy başarmagydyr:

çagalar sport köpçüliginiň durmuşy; öz iş hereketlerini we alyp barşyny; anyk sagaldyş, okuw we terbiýeçilik meselelerini işläp taýýarlamak; ýaş türgenlerde terbiýelenmeli häsiýetleri taslamalaşdyrmak; sport hereketleriniň görnüşleriniň mazmunyny we göwrümini takyklamak; çagalar sport köpçüliginiň aýratyn ugurlaryny usuly işläp taýýarlamak.

Okuw-terbiýeçilik işini meýilleşdirmek ulgamy konstruktiw hereketiniň gös-göni ýüze çykarylmagydyr.

Tälimçiniň meýilnamasy (maksatnamasy) okuw-türgenleşigi, terbiýeçilik we guramaçylyk işleriniň birligini; sport köpçüliginiň we şahsyýetiň durmuşynyň hem-de işiniň ähli taraplaryna terbiýeçilik täsiriniň maksada okgunlylygyny, birsyhlylygy we üznüksizligi; sport köpçüliginiň işiniň özbaşdaklyk häsiýetini göz öňünde tutýar.

Galyberse-de, bu maksatnama hemme çäreleriň ýaş türgenleriň edep derejesine, ýaş we psihologiki aýratynlyklaryna gabat gelmegini üpjün etmeli. Bärde meýilleşdirmäniň diňe esasy teklipleri agzalýar, olaram başga usuly şertleriň bir setirini berjaý etmeklerini göz öňünde tutýar. Emma bir tarapdan, meýilleşdirmegiň köp ýagdaýlylygy, ikinji tarapdan, bu iş düzüjiniň nazarynyň ýeterliksizligi we usuly işlenilmegi, köp halatda, tälimçileriň terbiýeçilik işleriniň ol ýa-da beýleki terbiýeçilik çäreleri mehaniki jemlemä getirýär.

**Guramaçylyk düzüjisi** bu tälimçiniň sport köpçüliginiň işini, sport işiniň özüni gurnamagyny oňarmagydyr; sport köpçüliginiň däplerini döretmek we ösdürmekdir. Tälimçiniň her bir pedagogiki hereketi guramaçylyk häsiýetlidir. Guramaçylyk düzüjisi öz içine dürli meýilli, dürli häsiýetli hereketleri alýar: ýaş türgenleriň guramaçylyk ukyplaryny düzmek, olara hereketiň usullaryny öwretmek; toparyň işjeňleriniň işine ýolbaşçylyk etmek; sport köpçülikleriň özara hereketini üpjün etmek; ýetginjekleriň herekete ymtylmagyny, hasaba almagy, gözegçiligi belläp sylaglamagyň ulgamlaryny ulanmakdyr.

Tälimçiniň guramaçylyk hereketiniň dürs (anyk) gurluşynyň döremegi onuň işiniň netijeliligini köp halatda ýokarlandyrýar. Emma köp halatlarda tälimçiler öz guramaçylyk işlerini resmi suratda ýerine ýetiriýärler (öz maksatlaryny diňe wagtynda we belli ýerde ýygnanmagyna, ol ýa-da beýleki işi ýerine ýetirer ýaly we ş.m. görýärler) we esasy zady, geçirýän işiniň terbiýeçilik



netijeliligini ellerinden giderýärler. Terbiýeçilik maksatlara niýetlenen guramaçlykly iş düýbünden başga gurluşa we hile eýe bolýar.

**Habar alyş düzüjisi** bu tälimçiniň ýaş türgenler bilen, olaryň ene-atalary bilen, mekdep ýolbaşçylary bilen we howandarlyk edýän kärhana bilen mugallymçylyk tarapdan zerur gatnaşyklary guramakdyr. Dürli sport köpçülikler bilen aragatnaşygy ösdürmek we berkitmekdir. Tälimçi öz hereketiniň dürli iş wezipelerini we düzüjilerini ýerine ýetirmegi üpjün edýän iş we duýgy aragatnaşyklary ýola goýmalydyr. Aýry-aýry çagalar we köpçülik bilen näçe aňsat gatnaşyga girişse, şonça-da düşünişmäge, duýgudaş bolmaga ukyply, şonça-da onuň ruhy-ahlak baha kesmeleri anyk, şonça-da onuň zähmetiniň terbiýeçilik netijeliligi ýokarydyr.

**Akyl ýetiriş düzüjisi** bu çagalar sport köpçüliklere ýolbaşçylyk terbiýesini öwrenmek we baha kesmek ukyby, ony öz is tejribeliliginde öwrenmek; öz tejribeliligiňi, işdeş ýoldaşlaryň tejribeliligini derňemek, elmydama öz üstüňde işlemekdir.

Tälimçiniň mugallymçylyk işiniň bu düzüm bölegi şu aşakdaky öwrenmeleri we derňewleri öz içine alýar:

a) iş obýektini (aýratyn terbiýelenýäni we köpçüligi), onuň ýagdaýy, ösüşi, onuň içinde bolup geçýän hemme üýtgeşikler;

b) şu hereketi amala aşyrmaga kömek edýän şertleri, serişdeleri, görnüşleri we usullary; obýektiw we subýektiw faktorlar, sport köpçülikleýin we terbiýeçilik işiniň häsiýetine täsir edýän;

ç) tälimçiniň öz şahsy ösüşine laýyklygy we kemçilikleri, borçlaryny ýerine ýetirmegi, öz bilimini artdyrmagyň usulyny işläp düzmek maksady bilen mugallymçylyk işleri.

## TERBIÝEÇILIK IŞINDE TÄLIMÇINIŇ TUTÝAN ORNY

Dürli hereket özüniň bütewiliginde we aýratynlygynda (hereketinde – içinde) şu gatnaşyk ulgamynda adamyň özüni alyp barmagynyň tertibiniň kömegi bilen ornuna laýyklykda ýerine

14. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat: TDNG, 2014.

15. Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. Aşgabat, 2008.

16. Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. – Aşgaba, 2009.

17. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. “Türkmenistan” gazeti, №206, 27.08.2003 ý.

18. Haljanow Ş. Garaşsyzlyk pedagogikasy. – A.: Ruh, 1995.

19. Матвеева Л.П. Основы спортивной тренировки. – М.: ФиС, 1977.

20. Харре Д. Учение о тренировке. – М.: ФиС, 1971.

21. Книга учителя физической культуры. Под общ. ред. Каюрова В. – М.: ФиС, 1973.

22. Физическая культура в школе. Под ред. Кузнецова В.П. – М.: ФиС, 1972 .

23. Физическое воспитание. Под ред. Головина В. А. Маслякова В. А. и др. – М.: Высш. школа, 1983.

24. Сухомлинский В. А. Как воспитать настоящего человека. – Киев: Радянска шк, 1975.

25. Азаров Ю. П. Искусство воспитывать. – М.: Знание, 1974.

26. Белорусова В. В. Воспитание в спорте. – М.: ФиС, 1974.

27. Волков В. М. Тренеру о подростке. – М.: ФиС, 1974.

28. Дергач А. А., Исаев А. А. Педагогическое мастерство тренера. – М.: ФиС, 1981.

29. Михеев В. Социально-психологические аспекты управления. – М.: Молодая гвардия, 1975.

30. Понамарев Я. А. Психология творчества. – М.: Наука, 1976.

31. Пуни А. Ц. Психологические вопросы спортивной тренировки. – М.: ФиС, 1981.

32. Тер-Ованесян А. А. Педагогические основы физического воспитания. – М.: ФиС, 1978.

33. Тренировка юных спортсменов. Под ред. В. П. Филина. – М.: ФиС, 1977.



Işiň başlangyç döwründäki uly nerw artykmaçlyklary, adatça, tälimçiniň ösmedik psihofiziologiki tebigaty bilen baglanyşyklydyr. Şu ýerde hem adaty psihiki kynçylyklar döreýär: öz psihiki ýagdaýyňy dolandyryp bilmezlik , çagalar bilen iş salyşýan pursatyndaky ynamsyzlyk we ony gurnamagyň kynçylyklary, ýakymsyz duýgulardan rüstem çykyp bilmezlik we ş.m.

Tälimçi öz döredijilik pursatyny elmydama ýaş türgenleriň döredijilik pursaty bilen gabat getirmeli. Bu mugallymçylyk döredijiliginiň wajyp ussatlyk-etiki esasydyr.

Tälimçiniň işiniň özboluşly döredijilik meseleleriniň biri okuw-türgenleşik pursatlaryny tapgyrlara bölmekdir. Ol hemişe döreýän pedagogiki wezipeler bilen sazlaşdyrylýar.

Mugallymçylyk wezipeleri işläp düzmekligiň iň çylşyrymlysy oňa özüňe çekiji äheňi bermeklikdir. Tälimçi düzgün boýunça pedagogiki wezipeleriň kemala gelmeginiň logiki-mugallymçylyk ugurlaryny üstünlikli amala aşyrýar, ýöne oňa şol pursat özboluşly aýratynlyk, özüne çekijilik bermek kyn düşýär (türgenleşikde). Munuň üçin ähli ulgamda oňat tanyş bolan wezipeleri türgenleşiklerde, ýaş türgenleriň toparynda, özüniň olara bolan gatnaşygynda bilmek hökmandyr. Mugallymçylyk wezipeleriniň özüne çekijiliginiň wajyp şertleri tälimçiniň öňde duran mugallymçylyk işiniň ähli gurluşyny doly bilmegidir: material, türgenleşigiň usuly gurluşy, ýaş sportçular we öz-özüňi tanamak.

Tälimçiniň ýaş sportçynyň ýagdaýyna aralaşmak ukyby, hakyky ýagdaýda okuw-türgenleşik sapaklarynyň we terbiýeçilik çäreleriniň täsirli taraplaryny meýilleşdirmek onuň döredijiligine öz täsirini ýetirýär.

## TÄLIMÇINIŇ DÖREDIJILIGINIŇ ESASLARY

„Durmuşda adam hereketleriniň mazmunyndan wajyp we gyzykly hiç bir zat ýok“ diýlişi ýaly, tälimçi hemişe hereketde, gözlegde bolmaly. Hereketleriň mazmuny – bu hakyky oýaryjy güýçdür (oýaryş ulgamynyň alamatlarynyň biri).

Tälimçini hereketlere we hadysalara islegler, ynandyrmalar, taglymatlar, geljegi göz öňüne getirmeler, gyzyklanmalar durmuşyň kesgitli guramaçylygyna ymtylyş, güýçli duýgular, öýkünmeler, endikler, döredijilik işine güýmenmekligi oýaryp biler. Emma mazmun bolup islendik islegiň jemi çykyş edip bilmeýär, diňe kesgitli maksada ymtylyp ornaşan mazmun çykyş edýär. Mazmun bu içki we daşky beden gatnaşyklarynyň özara hereketiniň netijesidir. Mazmunlaryň aglabasy döreýiş we aň ýetiriş pursatynda hereketleri şertlendirýär.

Islendik hereketiň mazmuny äheňe meňzemek bilen (aň-akyl ýetirilmedik derejede) adamyň paýhasly islegleri tälimçiniň şahsy aýratynlyklarynda ýüze çykýar. Ol onuň psihofiziologiki we durmuşy maglumatlarynda kemala gelýär.

Tälimçiniň sport hereketlerindäki döredijilik mazmunlarynyň jogaplaryny baýlaşdyrmak bilen şeýle netije çykarmak bolýar. Esasy mazmunlar şu aşakdakylardyr.

1. Sport hereketiniň hut öz pursaty bilen gyzyklanmak, tälimçiniň ýaş türgenleriň okuwynda we terbiýesinde kesgitli strategiýany we taktikany ulanmagy.

2. Tälimçiniň geçmişdäki şahsy tejribesi bolup duran kanagatlandyrylmadyk isleg, amala aşyrylmadyk ymtylyş, arzuw.

Dürli tälimçilerde döredijiligiň bu mazmunlary birmeňzeş aňladylmaýar: käbirlerinde has gözilginç ýüze çykýar, beýlekilerde onuň orny kän bildirmeýär.

Tälimçiniň döredijilik mazmunyna öz-özüňi yüze çykarmaga ymtylyş hökmünde, ýetginjekler bilen geçirilýän işlerde sagaldyş, bilim, terbiýe wezipelerini çözmäge isleg hökmünde seredip bolar.

Beýle ýagdaýda başlangyç tälimçi üçin öz-özüňi gözlemek, has tejribeli ussada aňly-düşünjeli mazmun häsiýetlidir. Mazmunlaryň iki görnüşiniň mazmunlarynyň gatnaşygy tälimçiniň äheňli (akyl ýetirilmedik) we netijeli (akyl ýetirilen) döredijiliginiň ýeri hakda düşünje berýär.

Tälimçiniň hereketiniň maksada gönükdirilen döredijilikli häsiýeti onuň şahsyyetindäki zähmetsöýerlik, tertiplilik, hoşniýetlilik,



# EDEBIÝATLAR

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler I tom. Aşgabat 2008.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler II tom. Aşgabat 2008.

4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.

5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.

6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli "Galkynyş" Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat, 2007.

7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň giňeldilen mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat, 2007.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, 2007.

9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I. – Aşgabat, 2007.

10. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden çykyşy. (Nýu-Ýork, 2007-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 26-sy). – Aşgabat, 2007.

11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.

12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Älem içre at gezer. – Aşgabat: TDNG, 2011.

13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. – Aşgabat: TDNG, 2013.

bilýän bolmaly. Rus mugallym (pedagogy) W. A. Suhomlinskiniň belleýşi ýaly: ”Biziň pikirimiz 100 esse güýçlüdir, haçan-da şol pikiri türgenleriň ynanýan, sylaýan adamsy aýdanda tälimçä bolan ynam çagalar bilen gowy özara gatnaşygyň kökidir” diýen.

Tälimçiniň ussatlygy ösüp barýan ýetginjekleriň tertibine, üstünligine, aňyna, şol çagalaryň özlerini alyp baryşlaryna, talabalaýyk terbiýeleýşine baglydyr. Şonuň üçin tälimçi çagalar bilen höşniýetli aragatnaşygy ýola goýmalydyr. Tälimçi türgenleriň begenen ýerinde begenmäni, gynanan ýerinde gynanmany başarmalydyr. Çagalaryň göwnüne degmän gürleşmelidir, parhsyz bolmaly däldir. Toparyň ýagdaýyny duýup durmalydyr.

### Öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Ýaş türgenlerde sporta bolan höwesi, sport endiklerini nähili ösdürmeli we kemçiliklerini ýeňip geçmegi nädip öwretmeli?
2. Tälimçi türgeniň haýsy gylyk-häsiýetlerine ünsüni berip işlemeli?
3. Tomus dynç alyş meýdançalarynda nähili oýunlaryň üsti bilen çagalaryň ünsüni sporta çekmeli we oňa bolan höwesi döretmeli?
4. Haýsy hereketleriň üsti bilen tälimçi her şahsyýeti aýratynlykda tanamaly?
5. Tälimçi „terbiýelemesi kyn” çagalaryň ynamyna nähili hereketleriň üsti bilen girmeli?
6. Tälimçi „terbiýelemesi kyn” çagalaryň maşgalasy bilen näme üçin aragatnaşyk saklamaly?
7. At gazanan tälimçileriň ýaş türgenler bilen duşuşyklary näme üçin guralýar?
8. Näme üçin tälimçi ýaş türgenler bilen hoşniýetli aragatnaşykda bolmaly?



päk wyždanlylyk ýaly tutuş mazmun ulgamyny aňladýan häsiýetlerini kesgitleýär.

Tälimçiniň döredijilik hereketini fantaziýasyz, göz öňüne getirmesiz, meňzemesiz, teklipsiz we galkynyşsyz aňlatmaklyk manysyzdyr.

**Galkynyş we paýhas.** Paýhas döredijilik keýpine gözegçilik edýär. Tälimçi nähili ýagdaýda bolsa-da oýnuň döredijilik äheňini döretmek bilen türgenleşige, terbiýeçilik çärelere syn etmek başarnygyny ýitirmeli däldir. Keşpler, hereketler, ýagdaýlar tälimçiniň öňünde manyly döremek bilen netije çykarylanda, sport duşuşygynyň ýa-da taktiki-tehniki emeliň anyk strategiýasynda we taktikasynda belli bir görnüşe eýe bolýar. Şonda aňlatmalar „materialy“ ýetirýär, duýgy „hereketlendiriji“ hökmünde çykyş edýär, paýhas bolsa sazlaýjynyň we eminiň ornuny tutýar.

Emma paýhas arassa akyl görnüşi bolmak bilen aňlatmany hiç bir ýagdaýda gysmaly däldir ýa-da onuň azatlygyny çäklendirmeli däldir. Eger şeýle edýän ýagdaýynda ol özüniň organiki ösüşinde we tebigy görnüşinde kynçylykly zeper çekýär. Döredijilik iş mahalynda tälimçi paýhasyň galkynyşyň yzyna düşüp, ähli artykmaçlyklary aradan aýyrýandygyny, has mynasyp hereketleri, emelleri we ş.m. gözleýändigini tälimçi ýatda saklamalydyr.

**Meňzemeklik.** Mugallymçylyk meňzemeklik tälimçiniň çagalar bilen gatnaşygyndaky döredijiligi bolup, ol mugallymçylyk pikiriň amala aşyrylýan pursatydyr. Onuň esasynda okuw-türgenleşik sapagyna, terbiýeçilik çärelerine, şol ýagdaýdaky herekete taýýarlanan tälimçiniň pedagogiki görkezmeleri, duýgulary ýatyr.

Meňzemeklik tälimçini ýagdaýa çalt baha bermeklige, ýaş türgenleriň ýagdaýyna düşünmeklige, öz işine göz ýetirmeklige, özünde bar bolan tejribelere laýyklykda, netije çykarmaklyga, mugallymçylyk we ýörite bilimlere, üýtäp durýan ýagdaýlara görä işlemeklige alyp barýar.

Mugallymçylyk işinde meňzemeklik şu yzygiderlilikde amala aşyrylýar:

- ýagdaýy çalt seljermek, täsir ediş serişdelerini saýlamak;
- täsir etmekligiň özi meňzemeklik;
- ýygy-ýygydan hereketleriň indiki wezipelerini kesgitleýän baha beriş pursaty.

Meňzemekligiň üstünligi tälimçiniň çynlakaý döredijilik taýýarlygyna baglydyr, şol bir sanda psihologik-mugallymçylyk taýýarlygyna-da, öz psihiki ýagdaýlaryňy we endikleriňi dolandyrmak başarnygyna baglydyr; çagalar köpçüligi bilen aragatnaşyk saklamak başarnygyna baglydyr, şol bir wagtda anyk sport toparyny oňat bilmeklige we her bir ýaş sportçyny gowy tanamaklyga baglydyr.

Barlagçylar mugallymçylyk meňzemekliginiň onuň gelip çykyş çeşmesine laýyklykda, bäş sany görnüşini tapawutlandyrýarlar.

Birinji görnüş (keseleýin-gyşyk meňzemeklik) halypaçylyk döredijiliginiň hakyky – mynasyp ugurlaryny çagyrýar (topar, ýaş türgeniň ýagdaý, terbiýe meselesi – toparda duýdansyz dörän). Munda tälimçiniň meňzemeklige bolan taýýarlygy möhüm orun tutýar, ol özüne şulary birleşdirýär:

1) taýýarlyk döwründe öňde duran hereketlerde meňzemeklik mümkinçiligini duýmak;

2) topar bilen gaýragoýulmasyz aragatnaşygyň ilkinji pursatlarda hökmany meňzemeklige zerurlygy duýmak;

3) duýdansyz döreýän mugallymçylygyň gaýra goýulmasyz wezipelerine dessine jogap bermek.

Ikinji görnüş tälimçiniň meňzemekligi üçin zerur zady özünde tapmagy bilen bagly, türgenleşikdäki duýdansyz hereket, ýatlama we ş.m. Bu görnüş tälimçiniň türgenleşik bilen çynlakaý, çuň şertlerde özboluşly içki meňzeşlikdir. Bu görnüş belli bir derejede äheňli duýguly häsiýete eýedir, ýöne has taýýarlykly işe bil baglaýar we tälimçiniň ähli şahsy döredijilik gurluşyny güýçlendirýär.

Üçünji görnüş okuw materialyny beýan etmegiň logikasyndan ybarat: meňzemeklik öň göz öňüne tutulmadyk ýagdaýda duýdansyz döreýär. Bu görnüşdäki meňzemekligiň çeşmesiniň logiki-



5. Tälimçi kähalatda öz şahsy iş tejribesinden başarnygynyň netijesi bilen täsir etmegi, toparda hiç kimiň adyny tutman gürrüň bermegi türgene belli bir derejede täsir edýär. Şol täsiriň netijesinde ýaş türgen meýletin öz erbet gylyk-häsiýetlerinden el çekip, dogry ýola düşýär.

6. Türgeniň sapakdan yza galan, halatynda oňa ýalta diýip ýatladyp durman, kähalatda oňa güýjüniň ýetäýjek ýumşuny hem buýurmak gerekdir.

7. Eger türgen ýetginjek garagolluk eden bolsa, şol bada gürleşmän ara maý salmaly, goý, ol şol gürrüňe pikirlenip garaşsyn.

Bu ýokardaky ýagdaýlar türgeni pikirlenmäge, öz etmişine utanmaga hem özüne başgaça garamaga mejbur eder. Tälimçiniň daşyndan eden täsiri gizlinlikde galar. Ýerlikli tertip bermek üçin tälimçi çagalar bilen işlemegiň her hili ýollaryny, pedagogikanyň, psihologiýanyň täze ýollarynyň gözleginde bolmalydyr. „Mugallym okamagyny bes edende mugallymçylygyny hem bes edýändir” diýip, bir akyldar aýdan.

## MUGALLYMÇYLYK EDEBI WE DÜZÜMI

Terbiýäniň netijeli bolmagy köp halatda mugallymçylyk etikasyna baglydyr. Tälimçiniň özi ýokary hünärli, ahlakly bolmasa beýleki häsiýetleriniň bahasy ýokdur. Tälimçiniň ýokary ahlakly, sypaýçylykly, dogruçyl, adalatly, abraýly bolmagy gerekdir. Öz işine jogapkärli garamaly, öz başarnygyny bilmeli türgenlerden talap edijilikli bolmalydyr. Tälimçi çekinjeň, ynamsyz, özüni oňarmaýan, ukypsyz, öz-özüni öwýän, özüne artykmaç göwni ýetýän, ulumsy bolmaly däldir. Tälimçi ýalňyşman hem durýan däldir. Eger-de ýalňyşsa, ýaş türgenleriň öňünde ýalňyşyny boýun alyp ötünç soramanam özüne kiçilik bilmeli däldir. Dogry jogabyny bilmeseň türgenlere bilmeýän zadyňy çen bilen aýtmaly däl. Bu onuň abraýyny gaçyrmaz, eger ýalan sözlese onda türgenleriň öňünde onuň abraýy gaçar.

Tälimçi öz türgenlerine şähdaçyklyk, dogruçyllyk, ünslülik bilen garaýan, öz beren sözünde durýan, her ýagdaýda özüni saklap

Tälimçi mugallymçylygyň esasy tehnikasyny bilmeli, gerek ýerinde öz keýpi bolmasa-da, şony çagalardan gizlemeli, gerek ýerinde tolgunmagy, begenmegi, guwanmagy başarmaly.

Tälimçi toparda nähili işlände üstünlik gazanyp boljak, näme edeniňde topar has üstünlikli çykyş etjek diýip, pikirlenip işlemeli.

Gerek ýerinde eger toparyň öňki düzülişini nädogry diýip hasap etse, topary üýtgedip gurmaly. Pedagogikanyň esasy manysy - dogruçyllygy, täzeçilligi we duýgularyňy sapagyň manysyna gabat getirip, türgenleri üstünlige gönükdirmekdir. Pedagogiki gözegçiligiň wezipesi her oýuna baha berip, toparyň her bir şahsyýetine täsir edip durmakdyr, tälimçi pikirlenip her bir türgenleşigi nähili gurnaňda ýetginjekleri höweslendirip boljak, nädeniňde täze üstünliklere ýetip boljak diýen soragyň üstünde yzygiderli işlemeli. Tälimçi elmydama täzeligiň gözleginde bolmaly. Tälimçiniň gerek ýerinde gizlin hereketi hem bolmaly. Mysal üçin, toparyň özüne özi baha berer ýaly, türgen şol toparyň bähbidini gorar ýaly, toparyň aladasyny eder ýaly, pikirlenmäge mejbur bolar ýaly edip gurnamaly.

Sport toparynyň gurluşy, olaryň däbi, sport desgalarynyň gurluşy ýaş türgenleri elmydama öz üstünde işlemäge çagyrýar.

Tälimçiniň şahsyýete daşyndan syn etmegi, oňaýly täsir edip durmagy, türgeniň öz üstünde işlemegi, özüni alyp barşyny, töweregine garaýsyny gowy tarapa gönükdirmegi bu hem terbiýe bermegiň bir görnüşidir. At gazanan tälimçileriň aýtmagyna görä we şolaryň çykaran netijelerine görä şu aşakdakylara üns bermek bolar:

1. Türgeniň ýaramaz endiklerden ünsüni sowup, toparyň umumy işine işjeň gatnaşmaklygyny gazanmak. Türgeniň topardaky täzelige çekmek, öňki endiklerinden daşlaşdyrmak.

2. Türgeniň köpçülige goşulmagy.

3. Dostlukly ýaryş. Türgeniň özüniň tälimçi bilen dostlukly aragatnaşygy, oňa bolan ynamy, onuň özüni alyp barşyna täzeçe garamak barada pikirlendirýär. Şu ýerde tälimçi türgene bolan ýönekeý garaýşy, ynamy, işewür gatnaşygy ýola goýmalydyr.

4. Türgen kähalatda töweregine seredip, beýleki çagalaryň täsiri bilen özüne bolan garaýşyny üýtgedýär hem topara höwes bilen gatnaşýar.



mugallymçylyk häsiýetdedigini bellemeklik hökmanydyr we onda pikirlenmek işjeň hereket edýär.

Dördünji görnüş tälimçiniň öz edýän işine we ýaş türgenleriň hereketleri kabul edişine tankydy garaýşy bilen baglanyşyklydyr. Bu görnüş özünde meşhur logiki-mugallymçylyk we äheň-duýgy başlangyçlaryny beýan edýär.

Bäşinji görnüş tälimçiniň döredijilik gözlegleriniň çylşyrymlylygy bilen baglanyşyklydyr. Munda belli bir derejede esasy orny duýgurlyk oýnaýar. Türgenleşikde duýdansyz zatlaryň tebigaty şeýle, haçan-da mugallymçylyk meselesiniň has öndümli çözgüdi ýüze çykanda we ol sapaga taýýarlyk döwründe tapylmanynda uzak wagtlyk pikirleniş işiniň netijesi bolup durýar. Bu döredijilik pursatlaryny dolandyrmak mümkinçilikleriniň taglymatlaryna garşy gelmeýär.

Öndümli meňzemeklik hereketleri üçin tälimçiniň etmeli işleri: dersi oňat bilmeli, materialy erkin ele almaly: psihologik-mugallymçylyk we usulyýet taýýarlykly bolmaly: oňat derejede ösen mugallymçylyga mahsus bolan pikirler we duýgular bolmaly: çagalar köpçüligi bilen erkin aragatnaşyk saklamak endiklerini edinmeli; ýokary derejede umumy medeniýetli we salyhatly bolmaly; ýaş türgenleriň toparyny tanamaly; adamlaryň arasynda özüni erkin saklamaly we psihiki ýagdaýlary dolandyrmaly: mümkin bolan mugallymçylyga amatly ýagdaýlary döretmegi başarmaly we oňa täsir etmegiň hötdesinden gelmeli.

Mugallymçylyk meňzemeklik tälimçiniň döredijilik pursatlaryny düzýän wajyplylykdyr. Eger halypaçylyk aragatnaşygy tälimçä ýaş türgenlere döredijilik pursatlaryny geçirmäge mümkinçilik berýän bolsa, tersine, bu döredijilik pursatlarynyň özara hereketlerini gurnamak mugallymçylyk meňzemekliginde tälimçiniň döredijilik pursatlaryny anyklaýan serişde bolup durýar.

Tälimçi mugallymçylyk meňzemekliginiň endiklerini kämilleşdirmelidir. Duýdansyz hadysalardan we üýtgeýän

ýagdaýlardan baş alyp çykmaklygyň täsir ediji serişdesi hökmünde mugallymçylyk taýdan meňzemeklige durnukly, kanagatlanarly gatnaşyklary öz şahsyyetinde kemala getirmeli; kynçylyklary ýeňip geçmek endiklerini ele almaly; psihologik-mugallymçylyk pikirlenmeleri we mugallymçylyk meňzemekliginiň endiklerini ösdürmeli; mugallymçylyk meňzemekligiň ýüze çykyş sebäplerini hereketleriň dowamynda öwrenmeli.

**Duýgurlyk.** Tälimçiniň dessine çözgüt tapmagy başarmagy hökmandyr. Şeýle ýagdaý işeňňir duýgurlyk pikirlerini talap edýär. Duýgurlyk hereketleriň netijesini öňden görmeklik arkaly döreýär. Öňdengörüjilik adamyň ýokary psihiki döredijiliginiň ýüze çykmagydyr. Ol maksada gönükdirilen ýagdaýy, onuň işeňňirligini üpjün edýär. Şeýlelikde, pedagogiki wezipeleri duýgurlyga daýanmak arkaly üstünlikli çözmeklik şeýle amala aşyrylýar:

a) maksadyň kesgitlenilmegi;

b) berlen wezipe üçin hökmany we hökman däl hereketleriň bölünip berilmegi;

ç) bar bolan tejribeler esasynda wezipeleri öndümli çözmek.

Duýgurlyk – bu hökmany akyl ýetirişiň görnüşidir. Ol özünde duýujylygyň özara hereketlerini jemleýär, abstrakt düşünjeleri, başyrnyklary ýyllaryň dowamyndan tejribäniň esasynda toplaýar. Ele alan bilimler esasynda hakykata göz ýetirmek, täze zatlary açmak duýgurlyga mahsus bolan zatlardyr. Tälimçiniň işinde duýgurlygy üç görnüşe bölüp bolýar: paýhasly, estetiki we etiki.

Mugallymçylyk döredijiligi paýhasly duýgurlyk bar bolan seljerme serişdelerini açyp peýdalanmagy, wezipeleri we duş gelýän ýagdaýlary doly maksatly ele almaklygy aňladýar. Ýaş türgenlerde paýhasly duýgurlyk esasy akylly-başly zat hökmünde anyk sport hereketlerini ýerine ýetirende ýüze çykýar.

Estetiki duýgurlyk terbiýede we öwretmekde tälimçä görkezme görnüşlerine baha bermekde kömek edýär, täze zatlary döredýär, täsir etmegiň mümkin bolan çeşmelerini emele getirýär we ýaş türgenlerde estetiki aýratynlyklary kemala getirýär.



işlemeli. Başda bulara käýemek ýa-da jerime bermek bolmaz, sebäbi onsuz hem mugallym bilen ýetginjegiň arasy dartgynly. Tälimçi bu ýetginjegi okadyan mugallymlaryň, şonuň ýaly hem ene-atasynyň kömegi bilen tertibe salmaga synanyşmaly.

Bu ýerde „Terbiýelemesi kyn” bolan ýetginjegiň terbiýesinde maşgalasynyňam uly orny bardyr.

Gynansak-da, kä maşgalalarda çagany dogry terbiýelemekde şu üç ýagdaý päsgel berýär: kakasynyň ýa-da ejesiniň durmuşda özüni nädogry alyp barşy, ejesiniň ýa-da kakasynyň maşgalada ýoklugy, maşgalada asudalygyň ýoklugy. Maşgaladaky näsazlyklary aýyrmak kyn. Tälimçi ýetginjegiň ene-atasy bilen gürrüňdeş bolup bilýär, kähalatda gerek bolsa ene-atasynyň işleýän ýerine baryp, şol ýerde gürleşip bilýär. Ýöne, gynansak-da, ene-atany terbiýelemek ýetginjegi terbiýelemekdenem kyn. Kä ýetginjekde hiç zada ynanmazlyk häsiýeti bolýar. Tälimçi şular ýaly ýetginjege ynam etmeli. Köpçülikde, toparda onuň özüni görkezip, ýoldaşlarynyň ynamy bolar ýaly oňa ýumuş buýurmaly. Şeýle ýagdaýda ýetginjek öz güýjüne ynamy döreýär.

Şu ýerde ýetginjege sportuň çäklendirilmedik uly täsiriniň boljakdygy görnüp dur. Köphalatda „Terbiýelemesi kyn” ýetginjekler fiziki taýdan işe, sporta aňy boýunça taýýar. Tälimçi şu ýerde ýetginjegiň nämä höwesi bar, nämede öz mümkinçiligini synanyşmaga meýli bar – şoňa görä maslahat berip, gözegçilik etmeli.

Ýetginjek öz işine özi baha bermeli, özüne tankydy göz bilen garap netijesi bolanda tertibinde, mekdepde, sportda üstünligi görner. Şu ýerde ýetginjege beýleki ýoldaşlarynyň ýerlikli maslahaty, goldawy, gerek ýerinde tankydy gerekdir. Şu ýerde tälimçiniň hem terbiýelemekde öňden görüjiligi gerekdir.

## DUÝGULAR WE TERBIÝEÇILIK

Tälimçiniň öz toparynda iň kyn meseläniň biri ýetginjegiň özlerini alyp barşyny, hereketlerini, üstünliklerini duýup durmagydyr.

Ýaş aýratynlygy bilen baglylykda, durmuşda islegi, mümkinçiligi, aňy hem özüni alyp barşy, durmuşda hem töwereginde bolýan hadysalara dogry baha berip, düşünip bilmezligi sebäpli, çaga bilen ene-atasy we mugallymlar arasynda kähalatda düşünişmezlik bolup bilýär.

Bu ýetginjekler öz ýetmezçiligini bilýär, ýöne özbaşdaklygy hem başaranok. Şu ýerde bu ýetginjege durmuşda özüňi alyp barmagyň ýollaryny öz-özüňi ýeňip geçmegi öwredip tälimçi toparyň işine çekmeli.

„Terbiýelemesi kyn" çagalaryň ikinji bir tarapy-da zähmete bolan söýginiň ýoklugydyr, şolarda zähmete bolan söýgini döretmek, düşündirmek zerurdyr. Şonuň üçin şu aşakdakylara üns berilmelidir:

a) olarda zähmete bolan endikleriň ýoklugy;

b) yzygiderli zähmet çekmeklik endiginiň ýoklugy;

ç) köpçülik işiniň gyzygynyň ýoklugy;

d) maşgalada ýeke diýip aýnadylan çaga;

e) zähmete kem baha berip köpçüligiň içinde özüne artykmaç göwni ýetýän, oňşuksyz ýetginjek;

Bular ýaly ýetginjek köpçüligiň halamaýanlygyny bilip tersine hereket edýär. Käsi okamagy, işlemegi gowy görmeýär, toparda-da oňşuksyzlyga, gödeklige endik edýär. Bular ýaly ýetginjek hiç kime boýun egmäni halamaýar, kähalatda-da özi ýalylary tapyp kanuny bozmaga ýa-da jenaýat etmäge-de ýakyn bolýar.

„Terbiýelemesi kyn" çagalaryň ýene bir görnüşi has garagol çagalar. Bu çagalar ene-atasyny diňlänok, şonuň üçin bu çagalaryň:

a) ene-atasy çagalaryna görelde bolup bilenok;

b) çagany aldaýarlar;

ç) çagany gowy görenoklar, şonuň üçin çagalar öýden gaçma bilen bolýarlar;

Bular ýaly çagalar toparda oňşuksyz, dawaçyl, özünden kiçilere gödek, töweregindäki çagalar bilen oňşuksyz bolýarlar. Ene-ata tarapyndan, mekdep tarapyndan gözegçilik edilmeýän çagalar näçe terbiýelejek bolup mugallymlar jan eden hem bolsa başartmaýan ýetginjek, ýa-da polisiýanyň bölüminde hasaba alnan çagalar bilen tälimçiler ýerlikli, yzygiderli terbiýeçilik işini berk ýola goýup



Etiki duýgurlyk etiki we ahlak duýgulary aňlatmakdan özge hiç zat däldir. Tälimçiniň etiki duýgurlygy pedagogiki amala aşyrylýan iş hökmünde ýygy-ýygydan ýüze çykýar.

Mugallymçylyk duýgurlygy şu ýagdaýda ýerine ýetirilýär:

1) meseleleri çözmekdäki işiň dowamynda pikirleniş alamatlary;

2) mugallymçylyk ýagdaýlar we çalt hereketleriň talaby baradaky maglumatlaryň ýeterlik däl derejesiniň arasyndaky gapma-garşylyk esasynda duýgurlygyň gözlenilmegi.

Mugallymçylyk hereketinde duýgurlyk elmydama tälimçiniň öz öňünde goýan aňly-düşünjeli wezipelerine boýun egýär we oňa bagly bolýar.

Mugallymçylyk duýgurlygy özüne empiriki duýgurlygyň alamatlaryny (çaltlandyrylan tejribelik çözgütli we hereketli), paýhas alamatlaryny (tälimçi barlagçy hökmünde belli bir derejede dörän mugallymçylyk wezipesiniň esasynda ýatan ol ýa-da beýleki ýagdaýyň mazmunyny kesgitleýär), çeperçilik alamatlaryny özünde jemleýär.

Duýgurlyk ýagdaýa dessine tejribäni nazaryýetden ileri tutmak bilen (empiriki) baha beriji we mugallymyň wezipelerini çözüji hökmünde, mugallymçylyk ýagdaýyň ýa-da özara hereketleriň gurluşyny kesgitleýji hökmünde ylmy psihologiki – pedagogiki bilimleriň we tälimçiniň şahsy tejribesiniň esasynda amala aşyrylýar.

Mugallymçylyk usullaryna duýgurlyk ukyby mugallymçylyk işiň dowamynda we zähmet baradaky çuň döredijilik we tejribe bilimlerinde, döredijilik alamatlarynyň çuň we ýokary netijelerinde, tälimçiniň duýgurlygynda, öz işiniň ýagdaýyny kabul etmeginde kemala gelýär.

**Hyýaly, göz öňüne getirme.** Bu ukybyň ikisi-de birmeňzeş derejede mugallymçylyk işini dogry guramak üçin hökmandyr. Döredijilikli hyýalhon bolmak – bu bar bolan tejribäňi wezipelere hötde gelmekde işiňde döredijiligiňi gezekleşdirip ulanmakdyr. Emma döredijilikli hyýalhonlyk diňe göz öňüne getirmeler bilen

baglanyşyklylykda öndürijilikli bolup bilýär. Işi hyýaly göz öňüne getirmeler döredijiligi oýarýar we ahyrky netijäni görmäge mümkinçilik berýär. Eger akyl taýdan hyýaly oýun bolsa, göz öňüne getirmeler hem duýgularyň oýnudyr.

Bularyň ikisi-de bir wagtda kesişýärler. Göz öňüne getirmeleri hyýallaryň „goýan“ üznüksiz akymy kesýär. Akylyň önümi we duýgy organlary biri-biri bilen gezekleşýärler, özara hereketlenýärler we bir-birine şeýle bir birleşýärler welin, olary aýyrmak mümkin bolmaýar.

Tälimçi öz göz öňüne getirmelerinde hyýalyň döreden ýagdaýlaryny kabul ediji şertlerde hereket edýär. Başgaça aýdanda öz muskullarynyň we synalarynyň hereket ýagdaýyny pikirlenip işledýär, öz gurajak bolýan çäreleriniň ähli ornuny mugallymçylyk taydan göz öňüne getirýär we şoňa laýyk çözmäge çalyşýar.

Şeýle hem bu pursatyň esasy düşünjeleri wagty duýmak we giňişligi duýmakdyr (olaryň dinamiki ylalaşygynda we birliginde). Bu görnüşleriň wajyplygy mugallymyň hyýalynyň özboluşlylygyny we mugallymçylyk göz öňüne getirmeleri kesgitleýär. Ol üýtgeýän görnüşleriň okuwynda durmuşy üznüksiz hereketlerde amala aşyrmakda tanalýar. Şunuň bilen baglylykda tälimçiniň mugallymçylyk döredijiliginiň depginli duýgusy-da ägirt uly ähmiýete eýedir.

**Sazlaşyk duýgusy**. Adamyň ýa-da toparyň islendik hereketi belli bir sazlaşykly derejä eýedir. Ol belli bir kesgitli sazlaşygy duýmak tizlikde geçýär, belli bir muskul we nerw güýjüniň anyk ýitirilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Sazlaşykly duýgusy adamyň diňe bir beden taýdan ýerine ýetirýän hereketi bolman, eýsem onuň psihiki durmuşydyr: kesgitlenen depginde pikirler gelýär, döreýär, ösýär we duýgulary öçürýär. Şol bir wagtda her bir adama onuň fiziki we ruhy durmuşynda özüne mahsus aýratynlykda duýgy sazlaşygy bar. Her bir wakanyň her bir ýagdaýynyň öz sazlaşykly duýgy bolýar.

Şonuň bilen baglylykda, tälimçiniň mugallymçylyk hereketi-de aýratyn sazlaşykly duýgy esasynda amala aşýar. Her bir gepleşigiň,



d) sapaklaryňa taýýarlanmagy kyn görýärmiň?

e) sapakda oturmagyň gyzygy ýokmy?

f) öýde ejeň-kakaň 2-lik üçin käýeýärmi?

g) okaman, öz pulum bolsun diýip işläniňi gowy görýäňmi?

6. Köpçülik işlerine gatnaşýarmyň?

7. Ejeň-kakaň diýenini edýärmiň, kämahal ýumuşlaryny bitirýärmiň?

8. Kim bilen ýakynlaşmagy, dostlaşmagy, ony özüňe görelde edinmegi maksat edinýärsiň - mugallymyňymy, sportsmeniňimi, klasdaşyňymy?

9. Bile okaýanlaryň ýa-da toparyň agzalary seni gowy görýärlermi, hemmesimi ýa-da birnäçesi?

10. Dostuň haýsy gylyklaryny sen gowy görýärsiň?

11. Özüňi alyp barşyn seniň özüňe ýaraýarmy, eger ýaramaýan bolsa näme üçin?

a) başlan işiňi ahyryna çenli dowam edýärmiň ýa-da gyzykly däl diýip taşlaýarmyň?

b) gerek ýerinde özüňe erkiň ýetýärmi ?

12. Özüňi alyp barşyň, sapaklardan yza galanyň barada pikirlenýärmiň;

13. Eger pikirlenýän bolsaň , nähili pikirlenýärsiň?

Türgeniň özüne baha berip bilşine baha berip, tälimçi ony özüne ýakyn saklamalymy ýa-da özüne kömekçi edinmelimi diýen soraga jogap tapar. Ene-atasyndan öýde ýetginjege hojalyk işlerinde kömek etdirmegini haýyş etmeli, bile okaýan ýoldaşlaryndan mekdepde yza galýan derslerinden kömek etmeklerini haýyş etmeli. Şu ýokardaky soraglardan soň tälimçi şu aşakdaky netijeleri çykarmaly.

1. Ýaltalykdan goýberen sapaklary;

2. Mugallymlar bilen özara gatnaşyklarynyň dartgynlylygy;

3. Mekdebiň daşynda görülmesiz ýerde görünmegi;

4. Ene-atasy bilen öýde mekdepde ýetişmeýänligi sebäpli gözegçiligiň güýçlenmegi;

5. Ene-atasynyň aýdanlaryna ýalnyş düşünmek (ýetginjeklik döwri).

„Terbiýelemesi kyn” çagalaryň her haýsy bilen tälimçi aýratyn  işlemelidir. Şol çagalarda tälimçä ynam bolmalydyr. Tälimçi öz türgeniniň gödegräk hem bolsa gowy tarapyny görmeli, şol ýetginjegiň öz güýjüne bolan ynamyna göz ýetirmäge kömek etmeli. Tälimçi şu ýerde öňki „Terbiýelemesi kyn” bolan ýaşlardan hem şol ýaşlaryň arasyna kömekçi alsa has täsirli bolar. Tälimçi öz gezeginde ýetginjek çagalaryň ene-atasy bilen ýakyndan aragatnaşyk saklamalydyr. Olar bilen duşuşanda, ýetginjegiň ýagdaýyny çuňňur bilmek maksady bilen ene-atasyna birnäçe soraglar bermelidir. Mysal üçin, mekdepdäki ýagdaýy, sporta garaýşy, zähmete garaýşy, maşgala agzalaryna garaýşy hakynda. Ene-atanyň jogabyndan tälimçi türgeniň maşgala ýagdaýyny bilýär, ene-atasyna, maşgalanyň tertip-düzgünine göz ýetirýär.

Tertip-düzgün yzygiderli alnyp barlanda, ýetginjegiň özüni alyp barşyndaky nogsanlyklary gowy endiklere öwrüp bolýar. Ýaş ýetginjek sportda kimiň üstünligine guwanýan bolsa ýaş türgene hem „ öz üstüňde köp işläp, tälimçiniň talabyna düşünip, şony ýerine ýetirmäge jan edip, türgenleşmäge gatnaşsaň, senem şonuň ýeten derejesine ýetersiň” diýip, yzygiderli türgene düşündirip durmaly.

„Terbiýelemesi kyn” türgeniň ýagdaýyny bilmek üçin tälimçi şu aşakdaky soraglary bermeli:

1. Mekdepde okaýan dersleriniň haýsysyny gowy görýärsiň?

2. Gowy görýän dersleriňden goşmaça kitaplary okaýarmyň, eger okaýan bolsaň haýsylar?

3. Sapaklaryňa ýetişmeýänligiňi nähili düşündirip biljek:

a) ol derse düşünmegiň kynlygy bilen;

b) ol dersi ýatda saklamaklygyň çylşyrymlylygy bilen;

ç) goýberilen sapaklarynyň köplügi bilen;

d) ol sapaklaryň kynlygy ýa-da gyzyksyzlygy bilen;

4. Okasyň gelýärmi ýa-da işläsiň gelýärmi?

5. Näme üçin okasyň gelenok?

a) köp dersleriňden yza galdyňmy?

b) kynçylyklary ýeke özüň ýeňip geçip bileňokmy?

ç) mugallymlaryň adalatsyzlyk edýärlermi?



türgenleşigiň, oýnuň depgininiň, hereketiň, özara gatnaşygy bolýar we toparyň durmuşyndaky sazlaşykly duýgy emele getirýär.

Tälimçi bu depginleri hökman duýmalydyr, olary biri-birine üznüksiz akymda baglanyşdyrmalydyr we sport toparynyň maksada gönükdirilen ulgamlaýyn işi bolar ýaly amala aşyrmalydyr. Ol bolsa bu işiň mazmuny bilen organiki (mehaniki däl) baglanyşykly bolmalydyr. Depgini duýmagy ele almazdan, bu wezipäni çözmek mümkin däldir.

**Synçylyk.** Syn etmeseň sport durmuşyny bilip bolmaýar, ony bilmezdenem mugallymyň döredijiligini gazanyp bolmaýar, mugallymçylyk sungaty hem bolmaýar. Synçylyga tebigy taýdan berlen adamlar bolýar. Olar erkinden daşary töwereginde  bolup geçýän zatlary aňşyrýarlar we berk ýatda saklaýarlar. Şol bir wagtda syn edýän zatlaryndan has wajyplaryny, gyzyklylaryny, mynasyplaryny we owadanlaryny saýlamagy başarýarlar. Şeýle adamlary diňläniňde durmuşa seretmegi, görmegi we ol hakda täsirli gürlemegi başarmaýan, az syn ediji adamlaryň ünsden düşürýän zatlaryny görýärsiň we düşünýärsiň.

Sungatyň dürli ugurlarynyň wekilleri üçin synçylyk dürli-dürli häsiýete eýedir. Mysal üçin, nakgaşlarda görüş synçylygy has ösendir, sazanda-da  eşidiş synçylygy has ösendir.

Mugallymyň synçylygy akylly adamyň tertipli durmuşyny alamatlandyrmak bolany üçin adamyňyň ähli alamatlary onuň esasy synlamaly zady bolup durýar. Adamyň tertibine syn etmek bilen tälimçi bu işe ähli duýgularyny, aýratyn-da görüş we eşidiş duýgusyny gönükdirýär. Bu ony beýleki sungat wekillerinden tapawutlandyrmaýar.

Ussat halypalaryň hereketlerine syn etmek bilen tälimçi olary hiç bolmanda pikirinde ony oýnamaga çalyşýar.

**Türgenlerde oňat döredijilik duýgularyny terbiýelemek.** Tälimçiniň mugallymçylyk ymtylyşlarynyň netijesi boýunça ýaş türgenler anyk bir guramaçylygy we sport başarnyklaryny döredijilikli

ele almaklygy ýüze çykarýarlar. Şonuň üçin tälimçiniň özüniň ähli ussatlygyna goýmaly çözgüdiniň esasy wezipesi ýaş türgende doly özbaşdaklygy döretmek islegini oýarmakdyr. Ikinji wezipesi – bu ýagdaýy yzygiderli goldamakdyr, ony okuw-türgenleşik we terbiýeçilik işinde kesgitli maksada gönükdirmekdir.

Tälimçi bir ýaş türgen bilen däl-de tutuş topar bilen iş salyşmaly bolany üçin üçünji wajyp wezipe ýüze çykýar. Ähli okuw-terbiýeçilik işine akylly, paýhasly ýolbaşçylyk etmek üçin öz şägirtleriniň döredijilik netijeleri bilen üznüksiz ylalaşmaly bolýar.

Bu wezipeleriň ählisini tälimçi ýaş türgenleriň hereketini anyk sport başarnyklaryny ele almaklygy döredijilikli gurnamak arkaly çözýär. Tälimçi ýetginjekleri güýmemegi başarmalydyr, olary ýumuşlary ýerine ýetirmäge galkyndyrmalydyr, hyýallaryny oýarmalydyr, olaryň aňyna duýdansyz hakyky döredijiligiň alamatlaryny guýmalydyr, ol ýa-da beýleki sport wezipeleriniň netijeli çözgütlerini gözlemäge itergi bermelidir.

Haçan-da tälimçi sport bilimleriniň belli ätiýaçlyklaryny ele alan bolsa, synlamalardan, pikirlerden we ol ýa-da beýleki sport wezipesini çözmegi oňat baş alyp çykýan bolsa, ýaş türgende bolsa sport bilimleri we başarnyklary onçakly uly bolmasa, ol tälimçä boýun egmäge mejbur bolýar. Tälimçiniň ýaş türgene şu birtaraplaýyn täsiri netijesinde döredijilikli özara hereket bolup bilmeýär. Haçan-da ýaş türgen anyk bir sport görnüşini oňat bilýän bolsa we ony başarnykly ele alan bolsa, ol öz döredijiligi bilen tälimçä täsir edip biler. Tälimçi tarapyndan garşylykly täsiri ol alyp bilmeýär, sebäbi tälimçiniň görkezmeleri manysyz bolýar, onuň şägirdi üçin ynandyryjy bolmaýar. Tälimçi özüniň ýolbaşçylyk ornuny ýitirýär we ýaş türgeniň hereketlerine gözegçilik edýär. Okuw-türgenleşik döwri tebigy ýagdaýa eýe bolýar, guramaçylyksyz alnyp barylýar.

Bu görnüşleriň ikisi-de umumy işe birmeňzeş ýaramaz täsir edýär. Diňe tälimçi bilen ýaş türgeniň ynamly döredijilik gatnaşyklarynda özara ylalaşykly hereketler döreýär.



Çagalarda şu oýunlarda jogapkärçilik, birek-birege kömek, kynçylygy ýeňip geçmek, köpçüligiň bähbidini öz bähbidiňden ýokarda goýmak ýaly gylyk-häsiýetler ýokarlanýar, şonuň ýaly hem ýetmezçiligiňi görmek, ýoldaşlaryň tankydyna düşünmek we şondan netije çykarmak, ýeňiş gazandyk diýip gopbamsyramakdan, utanjaňlykdan, öz güýjüňe kem baha bermekden daşlaşmak, çagalarda erjelligiň ýüze çykmagyna getirer. Ýaş çagalaryň toparynda ikiýüzlülilik, ýalan sözleme bolmaly däldir. Tälimçi toparda biri-biriňe boýun egmek, biri-biriňe kömek etmek, gerek ýerinde ýolbaşçylyk etmek, berk tertip-düzgün ýola goýmak, maksadyňa okgunly bolmak ýaly şertleri mydama göz astynda saklamalydyr. Çagalar özlerinden kiçilere ýolbaşçylyk etmegi hem başarmalydyrlar.

Ýolbaşçylyk etmek üçin öňürti özüň tertipli bolmaly, kiçi çagalara görelde bolmaly. Çagalarda öňde goýan maksadyňa ýetmek, eger-de bir sebäplere görä ýetilmeli menzile ýetilmedik bolsa, onda gysga wagtyň içinde ýetmäge ymtylmaly.

## TERBIÝELEMESI KYN ÇAGALAR BILEN IŞ GEÇIRMEK

Toparyň içinde terbiýelemesi kyn çagalaram bolýar. Gözýetimi dar, öz güýjüni ulanmaga ýer tapmaýan garagol çagalar hem bolýar. Garagol çagalar öz gezeginde bilesigeliji hem bolýarlar. Ýöne tälimçi şol çagalar bilen aýratyn işläp, şol çagalaryň ynamyna girmeli. Ynamyna girmek üçin tälimçiniň özi şol çagalara görelde bolmaly. Tälimçi şol çagalary öz yzyna düşürmäni, şol çagalaryň güýjüniň ýetjek işini, sport ýaryşlaryny gurnap, höwes döredip bilmegi hökmandyr.

„Terbiýelemesi kyn” çagalary aýratynlykda-da terbiýelemek gerek, has gowusy köpçüligiň içinde terbiýelemek has ýerliklidir. Olar öz başarnygyny toparyň içinde görkezmelidir. Sebäbi olar dost bolmagy, köpçülige goşulmagy, köpçüligiň gowy görmegini isleýärler. Şu isleg beýleki çagalara garanda has hem ýokary. Bu çagalarda ýoldaşyňa bolan söýgi, köpçüligiň abraýyny goldamak, jogapkärçilik duýgusy ösmelidir.

ýaryşlarda öz ýetmezçiligini ýeňip geçip bilmelidir. Indiki ýaryşa taýýarlyk gujur-gaýraty onuň öz islegine, endigine öwrülmelidir, özbaşdak türgenleşmäni hem başarmalydyr. Her türgeniň özbaşdak türgenleşmegini öz ýetmezçiligini görmegini, tälimçi toparda şonuň ýaly hem hersi bilen aýratynlykda düşündirip, netijesine syn edip, ösüşiň barlygyny görüp durmalydyr. Her türgeniň şahsy iş meýilnamasy hem bolsa has gowy. Iş meýilnamasynda näçe ýaşynda, mekdepde okaýşy, maşgala ýagdaýy, sportdaky üstünligi görkezilmeli. Iş meýilnamasynda golaýdaky etmeli işi, ýylyň dowamyndaky işi, öz üstünde işleýşi, ýöne şol meýilnama türgeniň güýjüniň ýetjek iş meýilnamasy bolmaly. Iş meýilnamasy ýönekeý görnüşden başlap, soň ýuwaş-ýuwaşdan talaby güýçlendirmeli. Türgenden güýjüniň ýetmejek işini talap etseň, onda türgeniň sportdan eli sowap taşlamagy mümkin.

Talaby ýuwaş-ýuwaşdan güýçlendirmeli. Türgeniň üstünligini tälimçi diňläp, görüp durmaly, gerek ýerinde öwmeli, gerek ýerinde maslahat bermeli. Ýaş türgen geljekki sport çärelerine has jogapkärli, hyjuwly taýýarlanar ýaly öz üstünligine begenmeli, guwanmaly. Munuň üçin toparda asudalyk, birek-birege kömek, tälimçiniň şahsy göreldesi hökmandyr.

## ÝAŞ TÜRGENLERIŇ ÖZ-ÖZÜNI TERBIÝELEMEGI

Kiçi ýaşly çagalaryň öňünde gysga wagtyň içinde ýetmeli sepgit goýmak gerekmi diýen sorag ýüze çykýar? Çagalaryň taýýarlygyny göz öňünde tutup, mysal üçin, 3-4-nji synpda okaýan çagalar üçin 30 m. ylgamak, çalt ýöremek ýa-da hereketli çaga oýunlaryny geçirmek bolar. Çagalar tälimçini diňläp, öz aralarynda taýýarlanyp başlaýarlar. Bütin toparda gyzyklanma, pikirlenme, okgunlylyk başlanýar. Üstünliklerine hemmesi bile begenýärler. Çagalaryň arasynda ýaryşlary geçirmek gyzlar üçin 300 m, oglanlar üçin 500 m, oglanlara elde özüňi çekmek, urgana dyrmaşmak, ýokarlygyna bökmek, uzynlygyna bökmek, suwda ýüzmek we sport oýunlarynyň beýleki görnüşlerini geçirmek bolar.



Tälimçi anyk sport maşkyny ele almaga görkezme bermek bilen onuň esasy tapgyrlarynyň çyzgysyny kesgitlemelidir. Ýaş türgen bu görkezme boýunça pikirlenýär, bar bolan bilimleri esasynda işleýär, anyk sport görnüşleri boýunça bar bolan ukyby, gazanan başarjaňlygy hem-de endikleri esasynda onuň üstünde ykjam işleýär.

Eger ol hakyky görnüşe getirilse, tälimçiniň görkezmesi birnäçe alamatlara eýe bolýar hem-de netijede tälimçiniň görkezmesi we ýaş türgeniň şahsy düşünjesi özara hoşniýetli hereketlere eýe bolýar. Tälimçiniň ýumşuny ýerine ýetirmek bilen ýetginjek şol bir wagtda öz-özüni açýar, öz döredijilik şahsyýetini ýüze çykarýar. Tälimçi öz pikirini anyk sport maşklarynda kesgitli sport hereketleriniň görnüşinde baýlaşdyryp bilýär.

Şondan soň tälimçi şol ýumşy yerine ýetiren ýaş türgenden alan zatlaryndan kem-kemden daşlaşmaga mejbur bolar, ýagny tälimçiniň islendik ýumşy öňküleri ýerine ýetirişi bilen kesgitleniler.

Ýaş türgeniň sport hereketlerindäki strategiýasyny we taktikasyny kesgitlemekde tälimçiniň orny uludyr. Emma eger ýaş türgen özüniň gaýragoýulmasyz döredijilik hukugyny tälimçiden geçirse, onda ol peseler. Şeýle ýagdaýda diňe tälimçi däl, eýsem ýetginjek hem topar hem kynçylyk çekýär.

Tälimçi ýaş türgenden ýumşy mehaniki däl-de, döredijilikli ýerine ýetirmegi gazanmalydyr. Ähli elýeterli serişdeler boýunça ýetginjegiň döredijilik erkini oýarmaly, onda bilime bolan hemişelik islegini, syn edijiligini, özbaşdak döredijilige ymtylyşy terbiýelemeli. Şol bir wagtda tälimçiniň maksada gönükdirilen mugallymçylyk hereketi ýaş türgeniň organiki – beden taýdan gazananlarynyň sepgidi bolmalydyr. Ýetginjegiň tälimçiniň görkezen ýolundan erkin gitmegi, özünde hiç hili ezýeti duýman, hereket etmegi gerek. Tälimçi ony gereginden artyk, ýürege düşgünç etmeli däldir, tersine, her hili ýagdaýda onuň döredijilik erkini goramalydyr. Sebäbi erkinlik – ýaş sportçynyň oňat döredijilik duýgusy üçin hökmany şert we wajyp alamatdyr, öz döredijiligi üçin hem bu şeýledir.

Ýaş türgeniň oňat döredijilik duýgusy ilkinji nobatda onuň oýun pursatyndaky erkin we tabynsyz hereketlerinde ýüze çykýar. Ýöne bu erkinlik gapma-garşylykly hyýallara öwrülmeli däldir. Sebäbi sportdaky ähli hereketler diňe bir erkin, azat däl-de, eýsem ynamly bolmalydyr, ýagny kesgitli döredijilik pikirine laýyk gelmelidir.

**Öz-özüňi barlamak üçin soraglar.**

1. Mugallymçylyk ukyby näme?
2. Mugallymçylyk ukybynyň umumy häsiýetnamasy nämelerden ybarat?
3. Mugallymçylyk ukybyny gurluşyna nähili görnüşler girýär?
4. Mugallymçylyk ukybyň, başarjaňlygyň görnüşleri nähili tapawutlanýar?
5. Mugallymçylyk ukyp, başarnyk nähili kemala gelýär we onuň öwezi nädip dolunýar?
6. Mugallymçylyk döredijilik näme?
7. Sportçylarda oňat döredijilik duýgularyny nähili terbiýelemeli?



özüni barlagdan geçirýär, şonuň ýaly hem entek tälime uýgunlaşýança onuň özüne-de uly fiziki agram düşýär. Toparda ol öwrenişmeli, düzgün-nyzama girmeli, özüni synagdan geçirmeli.

Bir köp ýyl işlän tälimçi şeýle düşündirýär: „Men öz ýetginjek türgenlerimiň ýetmezçiligini ilkinji hepdede görýärin, ýöne men şol ýetmezçilik barada birki aý zat diýmeýärin. Ýöne şol döwürde şol ýetginjekde bir artykmaç tarapyny tapýaryn”.

Eger türgeniň gelen gününde onuň kemçiligini aýtsaň, ozal hem ikigöwünli bolup duran ýetginjek toparyny, türgenleşigini taşlap gider. Beýle işlesek biz oňa kömegiň deregine zyýan edýäris. Tälimçi her bir türgeniniň:

a) gylyk-häsiýetini;
b) özüni alyp barşyny;
ç) toparda sporta höwes bildirýänligini;
d) ýoldaşlaryna garaýşyny;
e) toparyň üstünligine, ýetmezçiligine garaýşyny öwrenýär.

Tälimçiniň her şahsyýeti aýratynlykda tanamagy hökmandyr. Şeýle işlände toparda tälimçi özüne kömekçileri tapar. Şol kömekçileri bilen hem yza galýanlara täsir edip terbiýeläp biler. Tälimçi öz türgenlerini hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti, ahlakly, edepli, bilimli bolmagy ugrunda jan edip işlemelidir. Tälimçiniň tejribe türgenleşik sapaklaryny talabalaýyk meýilleşdirip işlände, türgeniň öz-özüni terbiýelemeginde-de uly ähmiýeti bardyr. Öz-özüni terbiýelemek diýlende, aňly-düşünjeli öz üstünde işlemegi, öz kemçiliklerini ýeňip geçmegi, sporta bolan höwesi, geçirljek ýaryşlara okgunlylygy bolmalydyr. Çagalyk döwründe öz-özüňi terbiýelemek diýlende, esasan hem, çaga ululara we özi ýalylara öýkünýär. Ýetginjeklikde ýaş türgen haçan-da onuň gözýetimi giňände, öz-özüni terbiýeleýär. Ululara öýkünmek, özbaşdaklyga ymtylmak ýaly synaglar bolýar.

Tejribäniň görkezişi ýaly, ýaş türgeniň terbiýesi onuň öz-özüni terbiýeleýşine bagly. Öz üstünligine baha berip bilmek, özüne tankydy göz bilen garaýşy, tälimçiniň beren maslahatyndan netije çykaryşynda görünýär. Ýaryşda üstünlik gazanyp bilmedik ýagdaýynda-da ýaş türgen ruhdan düşmän, özüne erki ýetip, indiki

begenen, gynanan ýerinde aýdyp durar ýaly tälimçide öz ynamdar adamsyny görmelidir. Tälimçi çagalaryň ynamyna doly girmelidir, diňe şonda çagalar tälimçini nusga edinerler.

## OKUW-ÖWRENIŞ IŞLERI

Ýaş türgenler bilen okuw öwreniş işi döwründe maşk türgenleşigi ylmy taýdan esaslandyrylyp öwrenilmelidir. Tejribe sapagynyň gyzykly geçmegi öz gezeginde sapagyň alnyp barlyşyna goýlan maşklar tälimçiniň çagalaryň ünsüni özüne çekip bilşine baglydyr. Okuw tejribe sapagynda çagalaryň sporta bolan höwesini, geçiriljek sport ýaryşlaryna, bäsleşiklere taýýarlanmaga bolan gujurly häsiýetleri döretmeli. Tälimçi sapakda sport barada görkezme esbaplary, sporta degişli kino, sport ýaryşlary barada jedelleşme gürrüňleri, şol ýaryşyň üstünligi, goýberen ýalňyşy ýa-da ady belli türgenleri çagyrmak ýaly duşuşyklar geçirilende, çagalarda sporta bolan höwes hem guwanç döreýär. Çagalaryň arasynda geçirilýän sport çäreleri, ýaryşlary ýaşlary sporta çekmegiň iň täsirli ýoludyr. Kähalatda ýetginjekleriň arasynda sportuň adamyň saglygy üçin uly peýdasynyň barlygyna düşünmeýänleri hem bar. Ýaryşyň geçirilýän güni çagalarda uly höwes bolar ýaly ýeňijileri sylaglamak, tanymal adamlary çagyryp gutlamak, metbugatda ýaryş barada makalalar, suratlar çap etmek ýaly zatlar çagalarda indiki ýaryşa uly höwes döredýär.

## TÄLIMÇINIŇ ÖZ-ÖZÜNI TERBIÝELEÝÄN WE RUHUBELENT ÝAŞLARY ÖSDÜRIP ÝETIŞDIRMEGI

Käbir tälimçiler toparda ýetginjek çagalaryň içinde sportda entek özüne ynamy ýok, ikigöwünli, gatnaýyn ýa-da gatnamaýyn diýýän çagalara, garagol çagalara aýratyn üns berýärler.

Emma tejribesi köp tälimçileriň aýtmagyna görä, şolara birki hepdäniň ýa-da bir aýyň dowamynda syn etmeli. Şol döwür olaryň özi üçin hem barlag döwri bolup durýar. Tälim döwri ýaş ýetginjek özi-



# TERBIÝELEÝIŞ DÖWRI

## Ýaş türgeni terbiýelemegiň esaslary

Häzirki döwürde ýaşlara terbiýe bermek meselesi çylşyrymlaşýar, şonuň üçin terbiýe meselesiniň çözgüdini ylmy taýdan esaslandyrmaly. Ýaş türgeniň halypasy türgenleşdirýän ýetginjegini hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet edip taýýarlamaly. Bu terbiýeleýiş pursat okuw hem türgenleýiş döwründe yzygiderli alnyp barylmaly.

Türgenleýiş hem terbiýeleýiş pursaty mugallym tarapyndan öňünden meyilnamalaşdyrylyp yzygiderli alnyp barylmaly we kesgitlenen wagtyň içinde öz netijesini görkezmeli. Her bir türgen özüni şahsyýet hökmünde görkezmeli.

Tälimçi öz işini, esasan hem, fiziki maşklary öwredip şol bir wagtda-da tertip-düzgüni ýola goýýar. Emma tertip-düzgün bilen birlikde, türgenleşige endik etdirmegi öwretmek, has-da tertip-düzgüne boýun bolmaýan okuwçylara öwretmek, toparda özüňi alyp barmagy, köpçüligiň bähbidini goramagy, hem-de özüne bolan ynamy, sporta bolan höwesini türgenleşik döwründe ösdürmeli.

## EDEP BERMEK DOWAMATYNYŇ HÄSIÝETLERI

Türgene edep-terbiýe bermek esasy zadyň biri bolup durýar. Terbiýe bermegiň taýýar nusgasy ýok. Terbiýe bermek okuwyň, türgenleşigiň dowamynda her türgeniň özüni alyp barşy bilen baglylykda ýüze çykýar. Edep-terbiýe durmuşa görä, durmuş bilen baglylykda alnyp barylmaly.

Tälimçi türgene durmuşda öz ornuny tapmagy, saýlap alan ugruna bolan höwesini döretmäge, talap edijilik bilen gün-günden ösmäge ugrukdyrmaly.

Ýaş türgeni terbiýelemegiň birnäçe aýratynlyklary bar:

1. Edep-terbiýe bermegiň her hili görnüşleri, köptaraplygy bar, mekdepde, maşgalada, mekdepden daşary, wagtlaýyn toparlarda, dynç alyş ýerlerinde, ýaşaýan ýerinde goşmaça terbiýe bermek bilen üsti ýetirilýär.

2. Terbiýelemek bu gysga wagtlaýyn däl, uzak döwürleýin işdir, kähalatda türgeni täzeden terbiýelemek hem ýüze çykýar. Üstünlik birden gelmeýär.

3. Terbiýeleýiş pursaty köp basgançaklydyr.

4. Türgeniň ýaş aýratynlygynam, alan tertibinem göz öňünde tutmaly bolýar.

5. Türgenleri diňe mugallymçylyk taýdan terbiýelemek bilen çäklendirmän, öz-özüni terbiýelemäge-de ünsüni çekmelidir.

6. Türgenleşik okuwynyň gurluşynyň tertip bermekde hem uly orny bardyr.

7. Terbiýäniň üstünliginiň bir görnüşi türgeniň gün-günden üstünlige okgunlylygydyr. Türgeniň aňynyň, endiginiň, içki güýjüniň ösmegidir.

**Edep-terbiýe beriş pursaty birnäçe basgançakdan ybarat:**

1. Ediljek talap bilen tanyşmak.

2. Eger-de tälimçi ýerliksiz hereket etse, türgeniň kähalatda närazylygy ýüze çykýar, türgenleşige bolan höwesi ýitýär.

3. Türgeni gorkuzyp, ýumuşlary ýerine ýetirtmeli däl.

4. Ýaş türgene durmuşdaky söýgi duýgusyny, ynsanperwerligi, ýoldaşyny sylamagy öwretmeli. Esasy zat onuň türgenleşige bolan höwesini hem endige öwürmeli. Şunda ýaş aýratynlygyny hem göz öňünde tutmaly.

5. Mugallym türgene öz kemçiliklerini ýeňip geçmegi hem öwretmeli.

6. Mugallymyň türgenler bilen işini guramaçylykly alyp barmagynyň tertip-düzgüni berkitmekdäki ähmiýeti uludyr.

7. Mugallym öz türgenlerinde özüne, geljege bolan ynamyny terbiýelemäge uly üns berip, gün-günden şoňa endik etmelidir.

Mugallym öz türgenlerinde iň ýokary derejede üns bermeli zady okuwçylaryň aňynyň höwesiniň gün-günden üýtgemegidir. Bu hadysa birnäçe basgançaklardan durýar:



söhbetdeşlik geçirip, sporta bolan höwesi oýarmaly. Şol söhbetdeşlikde çagalaryň ýaş aýratynlygy, sportuň haýsy görnüşlerine höwesiniň barlygy ýüze çykar. Geçiriljek sport çärelerinde çagalary talabalaýyk terbiýelemekde her çaganyň şahsy aýratynlygy ýüze çykar. Ilki bilen tälimçi çagalaryň sport oýunlarynyň ýönekeý görnüşinden has çylşyrymly oýunlara, çagalaryň başarjaňlygyny göz öňünde tutup geçmeli. Şol oýunlaryň gidişinde hem çagalary başarjaňlygy, höwesi, şonuň ýaly hem ýetmezçiligi ýüze çykar. Çaganyň başarjaňlygyny, ýetmezçiligini görmek, ol hem tälimçi üçin sungatdyr. Diňe şu iki ýagdaý bilnende nähili terbiýelemeli diýen soraga aňsat jogap tapyp bolýar.

Tälimçi bütin iş wagtyny ýaşlaryň ynamyna girip, hüşgär bolup, her türgeniň şahsy aýratynlygyny göz öňünde tutup işlände, sportda ýokary üstünlik gazanyp boljak, gerek bolsa yza çekilmän çagalar bilen işlemeli, şol bir wagtda-da çagalarda türgenleşige bolan meýletinligi we höwesliligi bilen gatnar ýaly terbiýelemeli.

Çagalar öz üstünliklerini aýnada gören ýaly görmelidirler. Bu derejä ýetirmek üçin, tälimçide aktýorlyk başarnygy gerekdir. Terbiýeçilik işi okuw bilen bile alnyp barlanda, her ýaş türgeniň ýoldaşlyk duýgusy, jogapkärçiligi artýar. Toparda çagalaryň başarnygy, gowy tarapy, şahsy ösüşi, höwesi, mümkinçiligini synap görmäge ymtylýan çagalardan dolandyryşa bellemek bilen, toparda tertip-düzgüni ýola goýar ýaly türgenlere özbaşdaklygam bermelidir.

Tälimçi toparyň döredilen ilkinji gününden başlap, şol çagalarda hersiniň başarnygyny görüp bilmek we olar üçin okgunlylyga ýol açmak tälimçi üçin uly üstünlikdir. Ýaş türgeniň üstünligini görmek, gerek bolsa, üstünligini görüp ýä-da ýetmezçiligini aýdyp durmak tälimçä hökmandyr. Tälimçi şol toparda özüniň üstünligini görmek, geljekde nähili işläňde ýokary derejelre ýetip boljakdygy barada pikirlenip, öz mümkinçiliklerini ýaşlar bilen işleşmäge doly bermelidigini ýatdan çykarmaly däldir. Tälimçide-de her topardaky çagalaryň üstünligi uly guwanç döretmelidir. Türgen özüni aýnada gören ýaly görmelidir. „Sen şu derejä ýetmäge ymtyldyň, maksadyňa ýetdiň” diýip ýene türgeni meýletinlikde täze üstünlige gönükdirmelidir. Ýaş türgen

döwründe hatarly, töwekgelli maşklary ýerine ýetirenlerinde hökman ýoldaşynyň kömegi, goldaw bermegi, köpçüligiň baha bermegi gerek bolýar. Kähalatlarda tälimçiniň talaby ýerine ýetirilýän bolsa, ol maşk oýun oýnalýan wagty diňe çagalaryň fiziki çydamlylyk tarapyna üns berip, tertibe üns bermeýär.

Tälimçileriň başga bir toparyna türgenleşik geçirýän döwri tertip bermek hem türgenleşik geçirmek ikisi bir sapakda kyn bolýar. Şonuň üçin depderdäki meýilnamaňda goýmasaňam bolýar diýýärler. Eger-de mekdebiň her bir çärýeginde tertip-düzgün diýlip goýlan bolsa, onda sapagyň gidişinde, sapakda ykjam bolmak, gijä galmazlyk, hatarda hem toparda tertipli bolmak, ýerine ýetirilýän maşklaryň dogrudygyna göz ýetirmek, ýoldaşlaryň maşk edişine gözegçilik etmek ýaly zatlara üns berilmelidir. Şol bir wagtyň özünde-de, tälimçi okuw bilen tertibi bilelikde alyp gitmelidir.

Terbiýe bermäni hepdä bölüp bolanok. Mysal üçin, bir hepdede zähmet tertibi, bir hepdede dogruçyllyk tertibi diýen ýaly. Tertip-düzgün çagalarda türgenleşigiň dowamynda (edeplilik, ahlaklylyk, ynsanperwerlik, gujur-gaýratlylyk, gaýduwsyzlyk, gorkmazlyk) alnyp barylmalydyr. Käbir tälimçiler türgenleşik wagtynda tertip-düzgün gerek, ýöne depderdäki meýilnamada aýratyn görkezmek gerek däl, diňe tertip bozulan ýerinde tertip bermeli diýjek bolýarlar. Bu ýagdaýda tälimçi özüne tabşyrylan ýaşlaryň diňe tertipsizligine garşy göreşmeli bolar, emma ahlaksyzlygyň, biedepligiň öňüni alyp bilmez. Tälimçi sapak geçende sapagyň meýilnamasynda haýsy zatlara üns bermeli, sapagyň gidişinde nähili ýetmezçilikler bar, şol ýetmezçilikleri nähili ýeňip geçip boljakdygyna üns bermelidir. Toparyň näme kemçilikleri bar, öz-özüňi, mümkinçiligiňi barlap durmak, bir-biriňe kömek etmek, toparyň bähbidini goramak, ýolbaşçylyk etmek endiklerini sapagyň gidişinde öwretmelidir.

## KÖPÇÜLIKLEÝIN TERBIÝÄNI DÖREDIJILIKLI GURAMAK

Sportda çagalar toparyny döretmek üçin, tälimçi çagalara sport çäreleriniň geçirilmegi, şol sport çäreleriniň maksady barada



1. Mugallym öz türgenleriniň türgenleşik wagtynda içki we daşky dünýäsinde bolup geçýän hadysany gözastynda saklamalydyr hem olar bilen bilelikde düşünişmelidir.

2. Mugallym türgenleşigiň dowamynda her bolýan hadysalara türgenleriniň garaýşyna, höwesine üns bermelidir, düşündirmelidir.

Ýaş türgenleriň nukdaýnazaryndan tertip berilmegiň dowamy birnäçe basgançakdan durýar.

1. Ediljek talap bilen türgenleri tanyşdyrmak.

2. Türgeniň özüni alyp barşy edilýän talaplara gabat gelýärmi? Kähalatda jedelli ýagdaý ýüze çykanda, ýaş türgen öz ýalňyşlyklaryna dogry düşünýärmi ýa-da ýok.

3. Eger talap ýerine ýetirilmese, jerime berilmegi mümkin diýen gorky döreýär.

Ýaş türgen özünden edilýän talaby özleşdirende hem-de sportda üstünlik gazanyp ugranda, ol şonuň ýaly, hem jemgyýetiň, ýoldaşlarynyň arasynda jogapkärçiligi duýup ugraýar.

Tälimçi ýaş türgenleriň türgene gerek endikleri öwrenmegi we özüniň kemçiliklerini ýeňip geçmeginiň zerurlygyny düşündirmelidir. Tälimçi öz türgenleri bilen ikitaraplaýyn gatnaşygy, biri-birine bolan ynamly gatnaşygy ýola goýup bilmelidir. Şonuň ýaly hem tälimçi ýaş türgenlere şahsyýet hökmünde, ýagny ýüreginiň arassalygy, gylyk-häsiýeti, ahlak taýdan arassalygy bilen görelde bolmalydyr.

## TERBIÝELEÝIŞ MESELELERINE KÖPÇÜLIKLEÝIN ÇEMELEŞMEK

Her bir türgenleşik geçirilýän toparlarda sportuň haýsy görnüşi bolsa-da şol ugurdan has çuňňur hem hemmetaraplaýyn, ýagny ruhy, aňy hem fiziki taýdan sagdyn, öz ugruna düşünýän, üstünlige ymtylýan ýaşlary terbiýelemäge uly üns berilmelidir. Kähalatlarda diňe türgeniň üstünligine, sporta üns berlip başga zatlar ünsden düşürilýär.

Tälimçi her türgene aýratyn üns berip işlemelidir. Nähili maşgalada ýaşaýar, sporta garaýşy, aň-düşünjesi, ýaş aýratynlygy,

sportdaky üstünligi, hemmetaraplaýyn ösüşine seredip, gerek bolsa aýratyn işläp, goldaw berip durmalydyr,

Türgenleşik döwründe tälimçi ýaş türgenlere haýsy ýagdaýlar täsir edýär, nähili işleri geçirmeli ýa-da aýratyn işlemeli, toparda her türgeniň öz şahsy aýratynlygyny göz öňünde tutmaly.

Türgene maşgalaň ýa-da mekdebiň kömeginiň gerekdigini, onuň ruhy, ahlak, fiziki ösüşini hiç gözden salmaly däldir.

## TOMUS DYNÇ ALYŞ MEÝDANÇALARYNDA ÇAGALAR BILEN IŞLEMEK

Tomus wagtlary mekdep çagalarynyň dynç alyş meýdançalarynda wagtlaýyn toparlar döredilýär. Şol toparlarda çagalary meýletinlikde sport çärelerine, oýunlaryna çekmek, sporta bolan höwesi döretmek terbiýeçiniň işidir. Terbiýeçi özüne tabşyrylan çagalaryň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutup iş meýilnamasy boýunça işlemelidir. Çagalarda dynç alýan ýeriniň dagyna-düzüne, janly-jandarlaryna bolan söýgini döretmelidir.

Maşgaladan dynç almaga gelen çagalarda öz başyňy özüň çaramak, irden turup maşk etmek, hemme geçirilýän çärelere höwes döretmek tälimçiniň işidir. Şonuň ýaly hem şol çagalarda ýoldaşlyk duýgusyny döretmek, kiçini gowy görmek, ulyny sylamak ýaly edep düzgünlerine-de uly üns berip işlemelidir, çilim çekmek, nas atmak ýaly erbet gylyklar barada düşundiriş işi bilen çagalarda neşe jisimlerine bolan ýigrenç döretmeli. Çagalaryň arasynda „Kim güýçli", „Kim başarjaň", „Kim ýyndam" diýen ýaly ýaryşlary gurnamak, ýoldaşlyk, dostluk, birek-birege kömek bermek edeplerini öwretmek zerurdyr. Şu ýaryşlarda çagalarda köpçüligiň bähbidi, ýoldaşlyk duýgusy, tertip-düzgün, jogapkärçilik, ahlak terbiýesini berkitmäge mümkinçilik döreýär.

## JEMGYÝETÇILIK IŞJEŇLIGINI GÜÝÇLENDIRMEK

Ýaş türgenlerde jemgyýete bolan garaýşy, jemgyýetçilik işlerine höwesli gatnaşmagy guramak tälimçiniň esasy işiniň biridir.



Eger-de ýaş türgen jemgyýetçilik işinden gaça durýan bolsa, onda ol onuň aňynda jogapkärçiligiň gowşanlygyny aňladýar. Eger-de türgenlerde şular ýaly yzagalmaklyk bar bolsa, onda tälimçi onuň sebäbini gözlemelidir. Käbir ýaş türgende sportda üstünligim bar, jemgyýteçilik işlerine gatnaşmak hökman däl, ol bize gyzyksyz diýen düşünje döreýär. Şonuň üçin tälimçi öz türgenleriniň hersiniň nähili gylyk-häsiýetleriniň bardygyny, ýaltamy, jogapkärçiliklimi we beýleki aýratynlyklaryny bilip, bu türgenler bilen aýratyn, ýekebara işlemelidir. Türgenleriň öz toparynda hemme geçirilýän çärelere jogapkärli garamagynyň netijesiniň gowulanýandygyny görmelidir. Türgenler öz sportdaky üstünligine jemgyýetçilik işinden göwni hoşal bolmalydyr. Toparda agzybirlik, birek-birege kömek, açyk göwünlilik, köpçülik işine höwes bolmalydyr. Kähalatda toparda köpçülik işine her hili garaýan çagalar bolýar:

a) köpçülik işini diňe dilden goldaýan;

b) köpçülik işine parhsyz garaýan;

ç) köpçülik işine garşy bolýan.

Şular ýaly ýagdaýda ýaş çagalaryň hersiniň gylyk-häsiýetlerini öwrenmek we şolaryň aňynda özgerişe ýol açmak gerekdir. Şonuň üçin tälimçi her bir şahsyýete aýratyn üns berip onuň psihologiýasyny gowy bilmelidir, diňe şonda tälimçi garagol çagalary, ýalta çagalary, sportda özüni entek açyp bilmedik çagalary öz yzyna düşurip biler. Tälimçi ýaş oglanlara aýratyn iş tabşyrmak, olara ynanmak, olarda köpçülige bolan sylagy, jogapkärçiligi, türgeniň özüne bolan ynamyny döretmek hökmandyr. Kähalatda tälimçi çagalary gözastynda saklap özbaşdaklygam bermelidir.

## OKUW-TÜRGENLEŞIK WAGTYNDAKY TERBIÝEÇILIK IŞLERI

Käbir tälimçi çagalara beden maşkyny etdirmek, oýun oýnatmak pursatlaryna çagalaryň ahlak duýgularyny, gujur-gaýratyny terbiýelemek üçin uly mümkinçilik berýär. Çagalar türgenleşik

Çap etmäge rugsat edildi 18.08.2014.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Edebi garnitura. Çap listi 6,25.
Hasap-neşir listi 4,227. Neşir № 90. Sany 100.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.

34. Ханин Ю. А. Психология общения в спорте. – М.: ФиС, 1980.

35. Платонов К. К. Проблемы способностей. – М.: Наука, 1972.

36. Фомин Н. А. Филин В. П. Возрастные основы физического воспитания. – М.: ФиС, 1972.

## Goşmaça

1. Научные основы применения физических упражнений лицами пожилого возраста. Под ред. И. М. Саркизова-Серезини. – М.: Медгиз, 1963.

2. 100 уроков для групп здоровья. Под ред. Н. Т. Осипова и др. – М.: ФиС, 1968.

3. Сборник научно-методических работ по физическому воспитанию студентов. – М.: МГУ, 1974-1976.

4. Физическое воспитание и спорт. – М.: МГУ, 1976.

5. Физическая культура и научная организация труда (сборник научных работ). – М.: 1978, 1984.

6. Программа для внеклассной физкультурно-оздоровительной и спортивной работы (для общеобразовательных школ Туркменистана). Ашг. Мин. образования, 1999.

7.

## MAZMUNY

Giriş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
Ussatlygyň açary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
Mugallymçylyk ulgamynda döwrebap tälimçi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
Mugallymçylyk ulgamy, tälimçi – çagalar sport topary . . . . . . . . . . . . . 13
Işiň derejeleri barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
Mugallymçylyk ussatlygynyň ölçegleri we tälimçiniň işiniň netijeliligini ösdürmegiň şertleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24
Tälimçiniň işine talaplar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
Tälimçiniň mugallymçylyk işine bildirilýän talaplar . . . . . . . . . . . . . . . 33
Tälimçiniň borçlary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 45
Terbiýeçilik işinde tälimçiniň tutýan orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50
Tälimçiniň şahsy häsiýetleri we abraýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52
Tälimçiniň işiniň täsirliligi we netijeliligi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52
Tälimçiniň ussatlygynyň kemala gelmeginiň başlangyç şertleri . . . . . . 55
Mugallymçylyk ukybynyň görnüşleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
Ukybyň kemala gelmegi we öwezini dolmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
Mugallymyň döredijiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 64
Tälimçiniň döredijiliginiň esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
Terbiýeleýiş döwri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76
Edep bermek dowamatynyň häsiýetleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Terbiýeleýiş meselelerine köpçülikleýin çemeleşmek. . . . . . . . . . . . . . 79
Tomus dynç alyş meýdançalarynda çagalar bilen işlemek . . . . . . . . . . . 79
Jemgyýetçilik işjeňligini güýçlendirmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 80
Okuw-türgenleşik wagtyndaky terbiýeçilik işleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . 81
Köpçülikleýin terbiýäni döredijilikli guramak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
Okuw-öwreniş işleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83
Tälimçiniň öz-özüni terbiýeleýän we ruhubelent ýaşlary ösdürip ýetişdirmegi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 84
Ýaş türgenleriň öz-özüni terbiýelemegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 86
Terbiýelemesi kyn çagalar bilen iş geçirmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
Duýgular we terbiýeçilik. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
Mugallymçylyk edebi we düzümi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
Edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95



*Amanbibi Gylyjowa, Amanjahan Kemjäýewa,*
*Mährijemal Mommyýewa*

# TÄLIMÇINIŇ PEDAGOGIKI USSATLYGY

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby*

| | |
|---|---|
| Redaktory | *N. Annaweliýewa* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Nurmuhammedowa* |